# SYÝASATY ÖWRENIŞ

Aşgabat – 2010

**© Ogulmaral Atajanowa. Ýokary okuw mekdepleriniň syýasaty öwreniş hünäriniň talyplary üçin okuw gollanmasy.**

**Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky döwlet gullugy akademiýasynyň ykdysady dolandyryş kafedrasynyň müdiri, professor Ö. Muhammetberdiýewiň ylmy redaksiýasy bilen**

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi**

**© Ogulmaral Atajanowa.**
**©Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti.**

## Giriş

Türkmenistan häzir özüniň Garaşsyz döwlet hökmündäki taryhynyň beýik özgerişlere beslenen döwrüni başdan geçirýär. Bu döwre ýöne ýerden Täze Galkynyşlar eýýamy diýilmeýär. Soňky 3-4 ýylyň içinde Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhammedowyň parasatly we öňden görüjilikli syýasy ýolbaşçylygy astynda jemgiýetçilik durmuşynyň dürli gurşowlarynda amala aşyrylan reformalaryň geriminden çen tutsaň bu taryhy döwri başgaça atlandyrmak mümkin hem däl.

Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan döwlet syýasatynda iň ileri tutulýan ugurlaryň biriniň ýurduň bilim ulgamyny halkara standartlaryna laýyk gelýän derejede ösdürmek meselesidir. Bu ulgamda gysga döwürde amala aşyrylan giň göwrümli reformalar öz miwesini berip başlady. Düýpli özgerişler ýurduň ýokary bilim ulgamynda hem bolup geçýär. Täze okuw jaýlaryň, kafedralaryň, fakultetleriň açylmagy, ýokary mekdeplerde taýýarlanýan hünärleriň sanawynyň artdyrylmagy bu özgerişleriň aýdyň subutnamasydyr.

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwerisiteti Türkmenistanyň iň iri ýokary mekdepleriniň biri bolup bu ýerde ylymlaryň dürli ugurlary boýunça ýokary bilimli hünärmenler taýýarlanylýar. Indi birnäçe ýyl bäri uniwerisitetde syýasatşynasçylyk ugry boýunça hem hünärmenleriň uly bolmadyk topary taýýarlanylyp gelinýär. Bu ugruň okuw meýilnamasy dersleriň uly toplumyny öz içine alýar.

Eliňizdäki gollanma geljekgi syýasatşynasçylar üçin niýetlenen ýörite dersleriň iň esasylarynyň biri bolan „Syýasaty öwreniş“ dersiniň esasy meselelerini öz içine alýar.

Gollanma taýýarlanylanda awtor özüniň bu kursy okatmak boýunça toplan şahsy tejribesine we syýasat hakyndaky ylymlaryň hususanda “Syýasy filosofiýa“ ”Syýasy sosiolgiýa” “Syýasy menejment” we „Syýasy psihologiýa“ ýaly ylymlaryň okuw dersleri hökmünde daşary ýurt okuw jaýlarynda öwrenilişiniň öňdebaryjy tejribesine esaslandy.

Gollanma leksiýalar toplumy görnüşinde taýýalanylyp ol öz göwrüminiň we onda gozgalýan meseleleriň açylşynyň çäkliligi üçin okuw kitaby derejesinde kabul edilmeklige dalaş etmeýär.

Gollanmanyň maksady talyplaryň syýasy ylymlaryň baş ugurlary esasy düşünjeleri, syýasy pikirlariň, garaýyşlaryň we dürli syýasy taglymatlaryň taryhy bilim gysgadan düşnükli dilde tanyşdyrmakdan ybaratdyr.

Syýasaty öwreniş dersi boýunça türkmen dilinde taýýarlanylan kitaplaryň ilkinjileriniň biri hökmünde gollanmanyň dürli hildäki kemçiliklerden halas däldigi düşniklidir. Esasan-da gollanmada ulanylan adalgalaryň türkmençe terjimesiniň o diýen şowly çykan däl bolmagy ahmal.

Awtor gollanmanyň kemçilikleri we ýetmezçilikelri barada aýdylan pikirleriň minnetdarlyk bilen kabul ediljekligi we olaryň jikme-jik öwrenilip geljekgi neşirlerde göz öňünde tutuljaklygy hakynda ynandyrmak isleýärin.

Syýasy gurşaw jemgiýetiň iň çylşyrymly gurşawlaryň biri. Bu gurşawyň çäginde döwlet bilen raýatlaryň, jemgiýeti düzýän dürli sosial gatlaklaryň (esasan, synplaryň) ol ýa-da beýleki gatlaklaryň bähbitlerini araýan jemgiýetçilik-syýasy guramalaryň (esasn, syýasy partiýalaryň) özara gatnaşyklary (esasan, syýasat bilen baglanşykly) bolup geçýär.

“Syýasat” düşünjesi türkmen diline ir aralaşan arap-pars sözleriniň bolup ol asly gelip çykyşy boýunça “zor salmak“, “haýbat atmak”, „agalyk etmek“ ýaly manylary aňladypdyr. Häzirki döwürde ”syýast ” düşünjesi başga öwüşgünde, esasan, döwlet häkimýetiniň dolandyrylyşy bilen baglanşykly meseleler babatynda ulanylýar.

Syýasat jemgiýetiň durmuşynda uly rol oýnaýar. Döwletiň ýöredýän syýasatynyň hili, göwrümi, ugurlarynyň dürlüligi, ol syýasatda haýsy meseleleriň ileri tutulýanlygy jemgiýetde ýaşaýan her bir adamyň ykbalyna täsirini ýetirýär. Syýasat näçe dogry we sowatly ýöredilse, şonça-da ilatyň ýaşaýyş durmuşy gowylaşýar, jemgiýetde asudalyk, agzybirlik höküm sürýär. Hut şoňa görä-de, syýasat bilen baglanşykly meseler adamlary içgin gyzyklandyrýar.

Syýasatyň orny demokratik jemgiýetde has hem artýar. Sebäbi, demokratik döwletiň baş maksady her bir raýatyň aladasyny etmekden, jemgiýetiň strukturasyny düzýän ähli sosial toparlaryň elmydama biri-birlerine laýyk gelip durmaýan bähbitlerini sazlaşdyrmakdan ybarat. Elbetde, bu maksady iş ýüzünde şowly amala aşyrmaklyk üçin döwlet häkimýetinde işleýänleriň-de, syýasy –jemgiýetçilik toparlara ýolbaşçylyk edýänleriň-de ýönekeý raýatlaryň-da syýasy taýdan sowatly bolmaklygy, ýagny syýasy aňynyň we medeniýetiniň derejesiniň ýokary bolmaklygy zerur. Syýasy sowatlylygy pes bolan ýagdaýynda döwleti dolandyrýanlaryň alyp barýan işleriniň hiliniň pese gaçmaklygy, ilatyň dürli gatlaklarynyň döwletiň alyp barýan syýasatyna dogry düşünmezligi mümkin. Eger-de, halkyň döwlete bolan ynamy aşak gaçyp başlasa, halk syýasatdan üzňeleşip başlasa, döwlet bilen raýatlaryň arasynda düşünişmezlik emele gelýär. Bu bolsa jemgiýetde dürli görnüşli nägilelikleriň, gapma-garşylyklaryň, syýasy konfliktleriň döremegine getirip bilýär.

Şu nukdaý nazardan seredilende, ilatyň dürli gatlaklarynyň syýasy sowatlylygynyň derejesini mundan beýläkde ýokarlandyrmak ugrunda yzgiderli alada edilmekligi hakyndaky meseläniň jemgiýet üçin iňňän wajyp meseleleriň birine öwrülmekligi ýöne ýerden däldir. Halkyň syýasy sowatlylygyny, syýasy aňyny we syýasy medeniýetini ýokarlandyrmak babatynda iş alyp barýan ýörüte edaralar ýok. Bu maksada gönükdirilen işler we çäreler okuw jaýlarynda, harby bölümlerde, zähmet kollektiwlerinde esasan dürli jemgyýetçilik guramalary tarapyndan, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri bolan radionyň, telewideniýanyň, gazetdir žurnallaryň üsti bilen amala aşyrylýar. Jemgyýetiň syýasy aňynyň derejesiniň ýokarlandyrylmagy köp derejede syýasaty ýörüte öwrenýän syýasy ylymlaryň we olaryň çäginde alnyp barylýan ylmy derňewleriň geriminiň artdyrylmagy bilen hem baglanşyklydyr. Syýasat ylymlaryndan ýörüteleşdirilen taýýarlygy bolan hünärmenleri – syýasatşynasçylary taýýarlamak meselesi hem islendik jemgyýet üçin iň wajyp ähmiýetli meseleleriň biridir. Syýasat barada adamlaryň müňlerçe ýyl bäri pikir ýöredip gelendigine syýasatyň jemgyýetdäki orny barada gadymy döwürlerden başlap beýik hytaý akyldary Konfusy, gadymy grek akyldarlary we filosoflary Sokrat, Platon we Aristotel orta asyr akyldarlary Makiawelli we Nyzam al Mülk, biraz soňra Şarl Montesýe, Tomas Gobbs we Jon Lokk ýaly akyldarlaryň dürli garaýyşlary we taglymatlary öňe sürendiklerine garamazdan syýasaty öwreniş ylmy iň ýaş ylymlaryň hataryna girýär. Munuň hem özüne ýetesi sebäpleri bar. Ilki döwürlerde syýasat baradaky garaýyşlar filosofiýanyň düzüm bölegi bolupdyr. XIX asyryň II ýarymyndan başlap jemgyýetiň syýasy durmuşy baradaky taglymatlar sosiologiýa ylmynyň çäginde öňe sürlüp başlanýar, hut şol ylmyň çäginde hem syýasy durmuşyň dürli meselelerne degişli ylmy derňewler amala aşyrlyp başlanýar.

Syýasatşynasçylyk ylym hökmünde diňe geçen asyryň 50-nji ýyllarna golaý döwürde ykrar edilip başlanýar.

Hut şol döwürlerden başlap, hem dünýäniň köp ýurtlarnyň ýokary mekdeplerinde syýasat baradaky ylymlaryň giňişleýin öwrenilmegi ýol alyp ugraýar. Häzirki döwürde syýasatşynasçylyk dürli ylmy ugurlary özünde jemleýän toplumlaýyn ulgamy emele getirýän ylma öwrüldi..

Türkmenistanda syýasatşynasçylyk ylmy diňe Garaşsyzlyk döwründe ýörjen-ýörjen bolup başlady. Bu ugurda Garaşsyz Türkmenistanda ilkinji edilen aýgytly ädimleriň biri hökmünde Magtymguly adyndaky Türkmen Döwlet uniwersitetiniň taryh fakultetiniň düzüminde „Syýasatşynasçylyk“ hünäriniň açylyp, ýörüteleşdirilen bilimli hünärmenleriň taýýarlanylyp başlanylmagyny mysal getirmek mümkin.

Nebsimiz agyrsada, belli bir döwür aralygynda, käbir sebäplere görä, „Syýasatşynasçylyk“ hünäri boýunça taýýarlanylýan talyplar üçin işlenilip düzülen we ulanylyp gelnen okuw meýilnamalarynda we maksatnamalarynda syýasat baradaky ylymlaryň häzirki zaman ösüş aýratynlyklary doly derejede az göz öňünde tutulmady.

Bu gollanmada şol kemçilikler belli bir derejede nazara alyndy. Biz başardygymyzça, gollanmada syýasaty öwreniş ylmynyň predmeti, onuň ähmiýeti, öwrenýän meseleleri, düzüm bölekleri, ylym hökmünde ösüş taryhy barada gysgaçarak häsiýetde durup geçmeklige çalyşdyk. Gollanma taýýarlanylanda syýasaty öwreniş ylymlarynyň häzirki zaman ösüşiniň aýratynlyklaryna üns bermeklige synanyşyk edildi.

## I Bölüm. Syýasaty öwreniş özbaşdak ylmy ders hökmünde.

Adamlar syýasata iki esas boýunça akyl ýetirýärler ýagny, adaty garaýyşlaryň üsti bilen we ylmy bilimleriň üsti bilen.

Adaty, bir ulgama salynmadyk, syýasat hakyndaky düşünjeler birnäçe müňýyllyklar bäri ýaşap gelýär. Ol haýsydyr bir görnüşde her bir adama mahsusdyr. Ol düşünjeler dogry hem, ýalan hem bolup biler, şonuň üçünem olar adam üçin syýasat dünýäsinde ugur görkeziji bolup hyzmat edip bilmeýär. Ony diňe syýasy ylmy doly öwrenmeklik üpjün edip bilýär. Syýasy ylym name, ol haçan döredikä we ony öwrenmekligiň nähili usullary we serişdeleri bar?

### § 1. Syýasy ylmyň döremegi.

Syýasat hakyndaky ylym häzirki zamanda jemgyýetçilik, ynsanperwer ylymlaryň iň möhümleriniň biri bolup durýar. Syýasatyň mazmunyna düşünjek bolup edilen synanşyklar gadymy zamanda başlapdyr. Syýasata akyl ýetirmegiň ilkinji taryhy görnüşi onuň dini-mifologik beýany bolup durýar. B.e.ö. II-I müňýyllyklardan saklanyp galan çeşmelerden çen tutsak, ähli gadymy halklarda häkimiýetiň we jemgyýetçilik syýasy gurluşyň hudaýtarapyn gelip çykandygy baradaky rowaýatlar bar. B.e.ö. I müňýyllygyň ortalaryndan başlap, ilkinji syýasy garaýyşlar, soňrak bolsa etiki-filosofiki görnüşde bolan tutuş taglymatlar döräp ugraýarlar. Şeýlelik bilen syýasatyň nazaryýet barlaglarynyň düýbi tutulýar. Bu proses ilki bilen Konfusiniň, Platonyň we Aristoteliň işleri bilen baglanşyklydyr. Olar syýasy ylyma adamyň we döwletiň abadançylygy hakyndaky,iň gowy döwlet gurluşy barasyndaky ylym hökmünde garapdyrlar. Ýöne şeýle-de bolsa ol akyldarlar syýasy ylymy özbaşdak ylym hökmünde

tapawutlandyrmandyrlar, onuñ etikadan we filosofiýadan tapawudyny görkezip bilmändirler.

Antiki döwrüň beýik akyldary Platonyň okuwçysy bolan Aristotel syýasat ylmyny hemme ylymlardan ýokarda goýýar, sebäbi akyldaryñ pikiriçe bu ylym adamlara adalatlylyk we hukuk kanunlary boýunça ýaşamagy öwredýär hem-de öz maksady hökmünde umumy bähbitleri goýyar.

Özüniň syýasy netijeleri boýunça we döwlete häsiýetnama bermeklikde Aristotel örän köp maglumatlary (158 sany polisi - şäher döwletlerini) öwrenipdir. Aristotel ideal döwletiň ýaşamak mümkinçiligini ret edýär, munuň sebäbi Aristoteliñ pikiriçe döwlet hudaý tarapyndan döredilen birleşme däl-de, eýsem tebigy ösüşiň önümidir. Filosof antiki şäher döwletlerini adam birleşmelerniň iň kämil görnüşi hasaplapdyr. Onuň pikiriçe döwletiň esasy maksady - ajaýyp durmuşa ýetmeklik we ähli raýatlaryň bähbidi üçin gulluk etmeklikdir. Platondan tapawutlylykda Aristoteliň döwlet hakyndaky taglymatynda hususy eýeçilige we maşgala uly orun berilýär. Ol döwlet dolandyrylyşynyň görnüşini iki nukdaýnazar boýunça bölüpdir:

1) Döwleti dolandyryjylaryň mukdary boýunça
2) Döwleti dolandyryjylaryň maksady boýunça.

Aristotel döwleti dolandyrmaklygyñ birnäçe “dogry” we “nädogry” görnüşlerini ýüze çykarypdyr. Ol döwleti edara etmekligiñ “monarhiýa”, “aristokratiýa” we “politiýa” görnüşlerini dogry hasaplapdyr. Sebäbi döwleti dolandyrmaklygyñ bu görnüşlerinde hökümdar ähli raýatlaryň bähbitlerini gorapdyr. Döwletiň nädogry görnüşi hökmünde Aristotel, “tiraniýa”, “oligarhiýa” hem-de “demokratiýa” görnüşlerini belläpdir. Sebäbi, şeýle görnüşler akyldaryñ pikrine görä, hökümdarlaryň bähbitlerini gorapdyr.

Syýasy pikiriň ösüşinde Aristoteliň ägirt uly hyzmatlaryny göz öňünde tutup, ony köp halatlarda syýasy ylmyň atasy hasaplaýarlar. Ýöne bu edil beýle däldir, sebäbi

syýasat ylmynyň döreýşi örän uzak taryhy prosesi öz içine alýar hem-de onda hakykat bilen ẏalan paralleldir. Mysal üçin, Aristoteliň gullary öz tebigaty boýunça syýasy jandar däl diýip hasaplamagy nädogrydyr.Aristoteliň syýasy işleri entek aýratyn ylym bolup bölünmeýärdi we etiki-filosofiki pikirler bilen aýrylmaz baglanyşyklydy. Soňrak, ýuwaş-ýuwaşdan syýasy pikir diniň täsirinden we etiki-filosofiki görnüşden saplanyp ugraýar. Mysal üçin: Siseronyň "Respublika hakynda" we "Kanun hakynda" diýen işleri eýýäm hiç hili umumy filosofik we dini garaýyşlary özünde saklamaýardy.

Syýasy ylmy, filosofiýany we etikany biri-birinden has takyk tapawutlandyran alym, XVI asyrda ýaşap geçen, italýan alymy Nikola Makiawellidir. Ol syýasy ylmy dini-etiki ideýalardan arassalady, syyýasy proseslere tebigy hadysa hökmünde garap başlady, döwlet häkimiýetini syýasy barlaglaryñ esasy meselesi edip goýdy. Şunlukda syýasy ylmy döretmekde öñe uly ädim ädildi. Syýasat hakyndaky ylmy özbaşdak ylym hökmünde kesgitlenildi. Emma, şonda-da N. Makiawellini syýasaty öwreniş ylmyny ilkinji döreden hasap etmeýärler.

Syýasy ylmyñ kemala gelmegi, beýleki ylymlaryñ döreýşi ýaly, ññän köp wagty öz içine alýar, belli-belli döwürler bilen bagly bolýar. Syýasy ylym özüniň soňky ösüşlerine T.Gobbsyň, J.Lokkyň, Ș.Manteskýeniň, Ź.Russonyň, J.Medisonyň, K.Marksyň, F.Engelsiň we ş.m Işlerinde eýe bolýar.

## § 2. Syýasaty öwrenișiñ aýratyn ylym hökmünde kemala gelmegi.

Örän giň syýasy barlaglaryň bardygyna garamazdan, XIX asyryň 2-nji ýarymyna çenli syýasaty öwreniș aýratyn ylym hökmünde öwrenilmän, döwlet we syýasy-filosofik taglymat baradaky garaýyş hökmünde öwrenildi. Käbir alymlar

syýasaty öwrenişiñ özbaşdak ylym hökmünde öwrenilmeginiň başlangyjy diýip XIX asyryň 1-nji ýarymynda Germaniýada hukuk mekdebiniň döredilmegini hasaplaýarlar. Käbirleri bolsa, aýratynam amerikan alymlary ony XIX asyryň 2-nji ýarymyna degişli edýärler we 1987- ýylda Kolumbiýa uniwersitetinde syýasy nazaryýet okuw kursy boýunça leksiýa okap başlan, Frensis Leýberiň ady bilen baglanyşdyrýarlar. 1980- ýylda bolsa şol ýerde Džon Berdžessiň ýolbaşçylyk etmeginde syýasy ylmyň ýokary mekdebi döredilýär. Soňky ýyllarda amerikada syýasaty öwreniş ylmy institutlarynyň bütin topary döredilýär. 1903- ýylda syýasy ylymlaryň amerikan assosiasiýasy döredilýär. Häzir onuň agzalarynyň sany 16 müňden-de geçýär.

XIX asyryň ahyrynda XX asyryň başlarynda "Syýasy ylym" adalgasy ýewropada-da ykrar edilýär we ýaýrap ugraýar. 1986-ýylda görnükli italýan syýasatşynasy we sosiology, G. Moska özüniň bir işini "Syýasy ylmyň alamatlary" diýip atlandyrýar.

XX asyryň başlarynda syýasaty öwrenişiñ aýratyn ders hökmünde kemala gelmegi tamamlanýar. Syýasy barlaglaryň ösmegine oňaýly täsir eden zat 1949-ýylda ÝUNESKO-nyň baştutanlygynda döredilen syýasy ylymlaryň halkara assosiasiýasydyr, ol öz işini häzirki gün hem dowam edip gelýär.

Syýasaty öwrenişiñ predmeti baradaky jedeller

Syýasaty öwrenişiñ gös-göni terjimesi- syýasat hakyndaky ylymdyr. Bu babatda alymlaryň arasynda garşylyklar ýok, ýöne syýasaty öwrenişiñ syýasaty nähili giňişleýin öwrenýändigi hakyndaky mesele jedelli bolup durýar. Bu mesele baradaky garaýyşlaryny alymlar dürli-dürli beýan edýarler:

1. Syýasaty öwreniş -syýasat hakyndaky ylymlaryň biridir._Syýasat ylmy jemgyýetde döwleti, partiýalary, häkimiýeti amala aşyrýan ýa-da olara täsir edýän beýleki

institutlary, şeýle hem birnäçe beýleki hadysalary öwrenýär. Syýsaty öwrenişe syýasat hakyndaky ylymlaryň biri hökmünde garaýan bu ugur özüniň täsirini soňky ýyllarda has beterem ýewropada ýitirip ugrady.

2. Syýasaty öwreniş – takyk ylymdyr.

Syýasaty öwreniş – syýasat hakyndaky ýeke täk ylymdyr. Ýöne ol jemgyýetçilik durmuşynyň bu sferasy hakyndaky ähli bilimleri özünde jemleýär, ol diňe takyk, ylmy, empiriki usullary özüne birikdirýär. Syýasy ylmyň düzüminine umumynazary dersler bolan, syýasy filosofiýa, syýasy etika, syýasy taglymatlaryñ taryhy we beýlekiler girmeýärler. Bu garaýyş bihewiorizmiň tarapdarlary tarapyndan öňe sürilýär. Olar syýasaty öwrenişi takyk empiriki, matematik, kibernetik usullara esaslanýan, tebigy ylymlara degişli edýärler. Bihewioristik ugur syýasy bilimleri iki bölege bölýär: 1. Normatiw bilimler, gymmatlyklar we bahalandyrmalar, talaplar we islegler bilen bagly. 2. Faktlara esaslanan gös-göni ylmy bilimler. Bu uguruñ kemçilikli tarapy bilimleriň bu iki görnüşiniň gapma-garşy goýulmagyndadyr we normatiw taglymatlaryñ ylymdan bölünip aýrylmagyndadyr.

3. Syýsaty öwreniş – syýasat baradaky bilimleriň bir bütewi toplumydyr.

Syýasaty öwreniş - syýasat hakyndaky umumy, integral ylymdyr. Ol özüne syýasat we onuň adam we jemgyýet bilen gatnaşygy hakyndaky ylymlary birikdirýär, ýagny , syýasy filosofiýa, syýasy sosiologiýa, syýasy psihologiýa, syýasy institutlaryňtaglymaty şeýle hem döwletiñ we hukugyñ nazaryýeti. Syýasaty öwreniş ýeke-täk, umumy şonuň bilen birlikde hem öz içinde tapawutlanýan ylym hökmünde garaýan syýasy ugur bütin dünýäde giňden ykrar edilýär. Şeýlelikde, syýasaty öwreniş -syýasat, onuň şahsyýet we jemgyýet bilen arabaglanyşygy hakyndaky ýeke täk integral ylym. Bu ylma mundan takyk kesgitleme bermek mümkin däl. Munuň sebäbi “syýasat” adalgasynyñ adatdan daşary köp

manylylygynda we onuň predmeti hakyndaky pikirleriň jedelli bolmagyndadyr. Şu zatlary göz öňüne tutmak bilen käbir awtorlar bu ylma umumy kabul edilen kesgitleme bermekden saklanýarlar.

## § 3. Syýasy ylmyň gurlyşy.

Mazmuny boýunça syýasaty öwreniş ýeke täk ylym bolup, ol öz içinde dürli ugurlara bölünýär, ol özüne syýasatyň dürli taraplaryny, ugurlaryny we onuň jemgyýet bilen gatnaşygyny şöhlelendirýän has takyk dersleri birikdirýär. Nemes alymy P. Noakyň ýazmagyna görä syýasy ylym dört sany esasy dersden düzülýär : syýasy filosofiýa ýa-da syýasy nazaryýet, syýasy institutlar baradaky taglymatlar, syýasy sosiologiýa, halkara syýasat taglymaty. Hemme syýasy ylymlary iki topara bölmek bolýar. Birinji topar, syýasdatyň gös-göni özüni öwrenýän dissiplinalar we onuň dünýä bilen arabaglanyşygyny öwrenýän ylymlar. Birinji topara: syýasy filosofiýa, syýasy institutlar hakyndaky taglymatlar, halkara syýasat teoriýasy, syýasy taryh.

Ikinji topara: syýasy sosiologiýa, syýasy psihologiýa, syýasy geografiýa we ş.m.

Syýasy filosofiýa-syýasaty bütewilik hökmünde öwrenýän, onuň tebigatyny, adam üçin ähmiýetini, şahsyýet bilen şahsyýetiň, jemgyýetiň we döwletiň häkimiýetiniň aragatnaşygyny, we syýasy gurluşyň ideallaryny we normatiw prinsiplerini işlemegi şeýle hem syýasata baha bermegiň umumy kriteriýalaryny öwrenýär. Syýasy filosofiýa ol ýa-da beýleki syýasy hadysalaryň näme üçin bolýandygyna we olaryň nähili bolmalydygyna jogap bermäge synanyşýar. Şeýlelik bilen syýasy filosofiýa syýasy pikirleriň umumy metodologik bazasy hökmünde hyzmat edýär, dürli konsepsiýalaryň mazmunyny kesgitleýär, adamyň, jemgyýetiň we häkimiýetiň aragatnaşygyndaky uniwersal prinsipleri we kanunlary ýüze çykarýar, döwlet häkimiýetiniň çäklerini we prinsiplerini

kesgitleýär we ş. m. Syýasy filosofiýa syýasy ylmyň ýaşamagynyň ilkinji taryhy formasydyr. Filosofik bilimler adamyň dünýägaraýşynyň we jemgyýetiň syýasy medeniýetiniň ýadrosyny düzýär.

Syýasy institutlar baradaky taglymatlar Ilki bilen jemgyýetiň syýasy guramasy teoriýasy, döwlet we hukuk, syýasy partiýalar we beýleki institutlar hakyndaky teoriýalar hökmünde öňe sürülýär. Bu taglymatyň ramkasynda birnäçe otnositel özbaşdak dissiplinalar bar. Mysal üçin: Döwlet we hukuk hakyndaky taglymatlar döwletiň umumy teoriýasyndan başgada ýuridik ylymlaryň birnäçesini özüne birikdirýär. Syýasy barlaglaryň merkezinde durýan syýasy institutlar onda häzirem esasy orny eýeleýär.

Halkara syýasat taglymaty.

Halkara guramalary we birleşmeleri , döwletleriň, partiýalaryň, jemgyýetçilik hereketleriniň daşary syýasy işini, halkara gatnaşyklaryny öwrenýän syýasy barlaglar oblasty. Şeýle hem ol uruş we parahatçylyk problemalaryny, halkara konfliktleriň öňüni almak we sazlamak, täze dünýä tertibini formirlemek problemalaryny öwrenýär.

Syýasy taryh.

Syýasy teoriýalary, garaýyşlary, institutlary we wakalary olaryň hronologik yzygiderliliginde we olaryň özara baglanşygyny öwrenýär. Bütin adamzat taryhy belli bir derejede bolup geçen syýasat. Taryhy bilmezden geljegi öňünden görmek we oňa düşünmek mümkin däl. Şonuň üçin hemme syýasy barlaglar syýasy taryha ýüzlenýärler.

Serhet syýasy ylymlar.

Bu topara syýasatnama bilen beýleki ylymlaryň arasynda ýerleşýän ylymlar degişlidir. Olaryň iň esasylary:

Syýasy sosiologiýa. Syýasat bilen jemgyýetiň, sosial gurluş bilen syýasy institutlaryň we prosesleriň arasyndaky arabaglanyşygy hakyndaky ylym. Bu ylym syýasatnama bilen sosiologiýanyň arasynda ýerleşýär. Ol beýleki syýasat

hakyndaky ylymlaryň içinden ilki bilen öz predmetini öwrenmeklige sosiologik çemeleşmek bilen saýlanýar, syýasatyň jemgyýete garaşlydygyny ýüze çykarjak bolýar.

Syýasy psihologiýa-syýasy özüňi alyp barşyň subýektiw mehanizmlerini, oňa aňyň, emosiýanyň we adamyň erkiniň täsirini öwrenýär. Bu ylym adamyň özüni alyp barşyna indiwidiň daş-töwerek bilen özara täsiriniň prosesi we netijesi hökmünde seredýär.

Syýasy psihologik barlaglar elektoral we beýleki syýasy özüň alyp barşy, syýasy liderligi, syýasy sosiolizasiýany, syýasy konfliktleri we hyzmatdaşlygy öwrenmekde has giňden ulanylýär. Bu ylmyň otnositel özbaşdak ugry Z. Freýdiň, B. Bullitiň, G. Lassueliň, E. Fromyň işlerinde görkezilýän syýasy psihoanalizdir.

Syýasy antropologiýa. Syýasatyň adamyň taýpa-tire hiline: biologik, intellektual, sosial, medeni, dini we ş.m. şeýle hem tersine syýasy gurluşyň şahsyýete täsirini öwrenýär. Bu ylym urug taýpa gurluşly primitiw etniki birleşmelerindäki syýasatyň elementlerini öwrenmäge uly üns bertýär.

Syýasy geografiýa. Syýasy prosesler bilen olaryň giňişlik ýagdaýynyň (Mysal üçin: Okeana ýakynlygymny, güýçli döwletlere ýakynlygyny we ş.m. ) territorial, ykdysady-geografik, klimatik we beýleki faktorlary bilen özara täsirini öwrenýär.

Syýasy astrologiýa.

Kosmosyň, ýyldyzlaryň ýerleşişiniň, Gün aktiwligiginiň, Aýyn fazasynyň syýasy wakalara we syýasy özüňi alyp baryşa täsirini öwrednýär.

Syýasy ylmyň metodlary.

Syýasy ylmyň ulanýan köp dürli metodlaryny onuň predmetini çuň we köptaraplaýyn öwrenmäge ýardam edýär. Olaryň syýasaty öwrenmekde birnäçe ugurlary, usullary bar. Syýasatnama nähili metodlary ulanýarka?

Onuň has köp ulanýan we has wajyp metodlaryny üç topara bölmek bolýar. Birinji-syýasaty öwrenmegiň umumy metodlary, (olara köplenç çemeleşme diýip atlandyrýarlar.) Olar gös-göni öwrenilýän obýekte gönükdirilenligi bilen tapawutlanýar. Bu toparyň esasy çemeleşmeleri: sosiologik, kulturtologik, normatiw gymmatlyk, funksional, bihewioristik, sistemalaýyn, institusional, antropologik, psihologik, deňeşdirme, substansional, antologik, taryhy çemeleşmelerdir.

Umumylogiki we empiriki metodlar.

Birinji toparyň ýokarda hemme ady tutulan we beýleki birnäçe metodlarynyň ulanylmagy syýasy hakykata köptaraplaýyn dürli-dürli häsiýetnama bermäge mümkinçilik berýär. Ýöne syýasaty öwrenmegiiň ikinji topary hem bar. Olar syýasy obýektlere degişli bolman, gös- göni akyl ýetiriş prosesiniň guralyşyna we prosedurasyna degişlidir. Kä halatlarda olary umumylogiki metodlar diýip atlandyrýarlar. Bu akyl ýetiriş serişdeleri syýasata ýörüte häsiýetnama bermeýär hem-de diňe bir syýasatnama ylmyna degişli bolman, eýsem bütin ylma degişli bolup durýar. Bu metodlar toparyna: induksiýa we deduksiýa, analiz we sintez, taryhy we logiki analiziň sazlaşygy, modelirlemek, pikirlenme tejribesi, matematik, kibernetik, prognostik we ş.m. metodlar girýärler. Syýasatnama akyl ýetiriş metodlarynyň üçünji toparyna empirik barlaglar metodlary düzýärler. Syýasy faktlar hakyndaky ilkinji informasiýalary almak. Şeýle metodlara: statistikanyň ulanylmagy, dokumentleriň analizi, amnketa soragy, laboratoriýa tejribeleri, işjeň oýunlar degişlidir. Empiriki metodlar amaly syýasatnamada hem giňden ulanylýar.

## § 4. Syýasy ylmyň usullary we wezipeleri.

Syýasy ylym syýasy häkimiýet meselesini öwrenende birnäçe usullardan peýdalanýar. Onuñ iñ ähmiýetli hem-de has köp ulanylýan usullaryny üç topara bölýärler.

Birinji topara syýasaty öwrenmekligiñ umumy usullary girýar. Olaryñ içinde has ýörgünlisi sosiologik usuldyr. Ol syýasy häkimiýetiñ, syýasy hadysalaryñ, jemgyýete, ykdysady gatnaşyklara baglydygyny beýan edýär. Bu usuly marksizm we beýleki sosiologik taglymatlar giñden peýdalanýar.

Syýasaty öwrenijileriñ köp ulanýan ýene bir usulyna funksional usul diýilýär. Ol syýasy hadysalaryñ bir-birine garşylygyny öwrenýär. Meselem, jemgyýetiñ ykdysady ösüş derejesi bilen onuñ syýasy gurluşynyñ, syýasy partiýalar bilen saýlaw ulgamynyñ we şuña meñzeş başga syýasy hadysalaryñ arasyndaky garşylygy görkeźýär. Funksional usulyñ ösen, baýlaşan häzirki derejesine bihewioristik usul diýilýär. Bu usul syýasy hadysalar seljerilende tebigy bilimleriñ we takyk sosiologiýanyñ usullaryndan peýdalanýar. Belli bir syýasy şertlerde şahsyýetiñ we toparyñ özüni alyp barşyny takyk ylmy barlaglar esasynda öwrenýär.

Tankydy usul hem syýasaty öwrenijileriñ peýdalanýan möhüm usullarynyñ biri bolup durýar. Ol syýasy hadysalary tankydy ýol bilen öwrenmegi, sosiýal- syýasy özgerişleriñ esasy sebäbi bolan garşylyklary açyp görkezmegi talap edýär. Bu usuly marksistler, sosiýal- demokratlar we beýleki ideýa – syýasy akymlaryñ tarapdarlarynyñ birentegi giñden ulanýarlar.

Häzirkizaman syýasy ylymda iññän köp ulanylýan ýene bir usula deñeşdirme usuly diýilýär. Bu bir meñzeş syýasy hadysalary, meselem, syýasy ulgamlary, partiýalary, beýleki syýasy institutlary deñeşdirip, olara mahsus umumy sypatlaryny, özboluşlylygyny ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär, netijede syýasy formany seçip almaga, syýasy meseleleri çözmekligiñ göwnejaý usullaryny tapmaga, beýleki ýurtlaryñ, halklaryñ syýasy tejribesini döredijilikli peýdalanmaga kömek edýär.

Syýasaty öwrenişde ulanylýan umumy usullardan başga usullar hem bar. Mysal üçin, antropologik, psihologik, taryhy we ş.m. usullar bar. Olardan peýdalanýan syýasaty öwrenijiler hem az däl.

Syýasy gatnaşyklary öwrenmekde ulanylýan usullaryñ ikinji topary barada bir-iki agyz söz. Bulara analiz we sintez, induksiýa we deduksiýa, abstract we akul ýetiriş usuly, modelleşdirmek, matematika, kibernetika we ş.m. usullar girýär. Bular hakda aýratyn gürrüñ edip oturmagyñ hajaty ýok, sebäbi olar diñe syýasat ylmynyñ usullary bolman, eýsem ylymlaryñ umumy usullarydyr.

Syýasaty öwreniş ylmynda ulanylýan usullaryñ üçünji topary empiriki-sosiologik usullardyr. Olar takyk sosiologiýadan, kibernetikadan we başga ylymlardan alnan usullardyr. Ozlerem tejribede maglumatlary ýygnamak bilen baglydyr. Bulara statistiki maglumatlaryñ peýdalanylyşy, dürli resminamalaryñ analiz edilişi, anketalar arkaly sorag- jogap geçirilişi, laborotoriýa tejribeleriñ guralyşy we başgalar girýärler. Görnüp durşy ýaly, syýasaty öwreniş bu usullary işjeñ ulanýan hem bolsa, olar onuñ özboluşlylygyny görkezýän usullar däldir.

Syýasaty öwrenişiñ ylym hökmünde aýratynlygy onuñ jemgyýetde oýnaýan roluny we wezipelerini kesgitleýär.

Şol wezipeleriñ ilkinjisine akyl ýetiriş wezipesi diýilýär. Bu wezipe syýasy durmuşdaky gatnaşyklary we kanunalaýyklyklary dogry seljermäge we şu esasda syýasy hadysalaryñ mazmunyna çuññür düşünmäge hem-de syýasy çaklamalar bermäge kömek edýär.

Syýasaty öwrenişiñ ýene bir wezipesine baha beriş wezipesi diýilýär. Munuñ hem ähmiýeti uludyr. Ol syýasy gurluşlara, institutlara, dürli-dürli syýasy wakalara, aýry-aýry şahalara baha berýär. Munuñ özi raýatlara, häkimiýet

organlarynda işleýän şahslara gaty uly täsir, olaryñ öz hereketlerinde eýe bolmaklaryna hemaýat berýär.

Syýasaty öwrenişiñ indiki wezipesine syýasy sosializasiýa wezipesi diýilýär. Bu adamlara syýasy terbiýe bermek bilen baglydyr. Demokratik döwletlerde şu wezipe iññän giñden peýdalanylýar, özem oñat netijeler berýär. Ol hususan-da raýatlary terbiýelemek, ilatyñ syýasy medeniýetini kemala getirmek bilen meşgullanýar. Munuñ ähmiýeti biçak ulydyr. Çünki bu ägirt uly iş adamlara syýasy añ- düşünje bermek bilen çäklenmeýär, eýsem olaryñ syýasy taýdan özüni alyp baryşlaryna hem uly täsir edýär, kanunlary sylamagy öwredýär.

Syýasaty öwreniş ylmy jemgyýetiñ syýasy gurlşyny kämilleşdirmek wezipesini ýerine ýetirýär. Umuman aýdanymyzda , bu ylym jemgyýetiñ syýasy gurluşynyñ , syýasy özgerişleriñ nazaryýet esasy bolup durýar. Könelen syýasy institutlaryñ çalşylmagyny, garşylyklary, dawalary parahatlyk bilen çözmegiñ ýollaryny salgy berýär.

Häzirkizaman syýasaty öwreniş ylmynyñ ylmy garaýyşlary, derejesi, onuñ usullary we wezipeleri çalt depgin bilen ösýär. Şunuñ bilen birlikde onuñ ylmy düşünjeleri-kategoriýalary hem baýlaşýar. Häzirki wagtda syýasaty öwrenişiñ birentek ideýalary, garaýyşlary we düzgünleri syýasy pikiriñ bütin dünýäde gazanan üstünlikleri esasynda umumyadamzat gymmatlyklaryna öwrülip barýar.

## II Bölüm Syýasy taglymatlaryñ ösüşiniñ taryhy.

### § 1. Gadymy Gresiýanyñ we Rimiñ syýasy taglymatlary.

Gadymy Gresiýanyň syýasy pikirleri bir bütewi ulgamlaýyn taglymaty emele getiripdirler. Munuň şeýle

bolmagyna birnäçe ýagdaýlar sebäp bolupdyr. Jemgiýetçilik zähmetiniň bölünmegi diňe bir önümçiligiň ösmegine ýa-da jemgiýetiň gullar we gul eýeleri ýaly synplara bölünmegine getirmän, eýsem adamlaryň belli bir toparlaryna hojalyk işlerinden çetleşip, diňe akyl zähmeti bilen meşgullanmaga, jemgiýetçilik gurluşygy hakyndaky taglymatlary döretmäge mümkinçilik berdi. Mundan başgada, jemgiýetçilik durmuşynyň ýola goýulşynyň seýrek duş gelýän görnüşi bolan polisler (ummasyz köp ilaty bolmadyk , şäher ýakalaryndaky obalary hem öz içine alýan şäher- döwletdir) syýasy taglymatlaryň işjeň ösmegine ýardam berýärdi. Şeýle döwletde syýasat bilen meşgullanmak ähli erkin raýatlaryň hukugyna we borçlaryna öwrülipdi. Olar halk maslahatlarynda ses bermek arkaly döwlet işleriniň çözgütlerine gatnaşyp bilýärdiler. Polislerde gullaryň we gul eýeleriniň arasynda mydama ýiti göreş gidipdir. Ýurduň içinde agalyk edýän toparlaryň ylalaşykly bile ýaşamaklygynyň öňdebaryjy (medeniýetleşen) ugurlaryny we serişdelerini gözlemek, agtarmak iň zerur meseleleriň birine öwrülipdir.

Platon ( b.e.ö. 427-347ý.) Afinada «Akademiýa» diýlip atlandyrylan mekdebiň düýbüni tutýar. Platon gadymy dünýäniň iň meşhur akyldarlarynyň biri bolupdyr. Ol öz syýasy ideýalaryny «Döwlet», «Syýasatçy», «Kanunlar» atly işlerinde beýan edipdir. Platon obýektiw ideolizmiň tarapdarydyr. Platonyň pikiriçe özbaşdak dini ideýalarynyň üýtgemeýän, baky dünýäsi dowam edýär, daş- töweregimizi gurşap alan dünýä bolsa onuň ýoýulan nusgasydyr. Platon jemgiýete baky ideýalaryň aýnasy diýip düşünipdir, hem-de ol jemgiýetiň adamlardan we olary gurşap alan dünýä dahylsyz, özbaşdak ýaşaýandygyny, dowam edýändigini nygtapdyr. Jemgyýetiň ýaşamagynyň we ösmeginiň iň wajyp formasy hökmünde ol döwleti belläpdir. Ol «Döwlet» atly eserinde ajaýyp döwletiň nusgasyny suratlandyrypdyr. Bu döwlet üç gatlakdan ybarat bolupdyr: Hökümdar- filosoflardan, sakçy –

esgerlerden, zähmetkeş senetçilerden we daýhanlardan ybarat bolupdyr. Bu gatlaklaryň iýerarhiýasy (aşakdan ýokarlygyna gidýän yzygiderlilik) ynsan ruhunyň 3 sany başlangyjyna gabat gelýär. Olar şulardan ybaratdyr: pähim- paýhaslylyk, gaýduwsyzlyk we işeňňirlik**.** Her gatlak öz işleri bilen meşgul bolýar, akyldarlar- filosoflar ýurdy adalatly dolandyrýarlar, sebäbi diňe olaryň hakyky ylyma, bilime ygtyýarlary bar; goragçy sakçy – esgerler jemgiýeti goraýarlar; senetçiler we daýhanlar bolsa durmuşyň maddy serişdelerini döredýärler. Platonyň taglymatynda sakçy esgerler durmuşda maşgala döretmekden hem-de dürli eýeçilikden mahrum edilipdir. Platon: „Päkligiň ahlaklylygyň ýokary derejesi hakyky ylym, bilim bolup, ol hem diňe ajaýyp, gowy gurnalan döwletde emele gelip biler“ diýip belleýär. Akyldar kämil aristokratiýany, ýagny akyldar-filosflaryň häkimiýetine iň ajaýyp, kämil döwlet hökmünde garapdyr. Döwlet gurluşynyň beýleki dört sany görnüşi bolan, timokratiýany (harbylaryň hökümdarlyk etmegi), oligarhiýany (baýlaryň hökümdarlyk etmegi), demokratiýany (halk häkimýeti**),** tiraniýany (çäklendirilmedik hökümdarlyk) ol döwletiň kämil däl görnüşlerine degişli edipdir. Platonyň ilkinji bolup syýasatyň, döwletiň we sosial öwrilşikleriň (zähmetiň bölünmegi, dürli gatlaklaryň emele gelmegi) özara baglanşygynyň bardygyny görkezip bilendigini bellemek wajypdyr.

Aristotel (b. e. ö. 384-322ý. ) Platonyň okuwçysy bolupdyr. Onuň taglymaty Platonyňka garanyňda hakykata has ýakyndyr, sebäbi ol 158 sany grek polisleriniň ýaşaýyş we işleýş tejribesini umumylaşdyryp, jemläpdir hem-de öz netijelerini «Syýasat» atly eserinde beýan edipdir. Aristotel hemme taraplaýyn kämil (ideal) döwletiň emele gelmejekdigini belläp geçipdir. Ol döwletiň hudaý tarapyn döredilmän eýsem, onuň jemgyýetiň tebigy ösüşiniň netijesidigini aýdypdyr. Akyldar-filosof döwletiň esasy maksadynyň onuň öz raýatlary üçin «Iň gowy durmuşy» gurnamakdan ybarat

bolmalydygy hakyndaky pikiri öñe sürüpdir. Aristoteliň pikiriçe, döwlet adamalryň aragatnaşygyna bolan tebigy gyzyklanmasy netijesinde döreýär. Aragatnaşygyň ilkinji formasy bolsa maşgala durmuşydyr. Birnäçe maşgaladan oba ýa-da urug peýda bolupdyr. Soňra bolsa bir näçe obanyň birleşmegi bilen döwlet, adamzadyň jemgyýetçilik ýaşaýyşy emele gelipdir. Döwletiň bütewiligi hakyndaky pikir Aristotelde Platonyňka garanyňda tapawutlydyr. Aristoteliň syýasy taglymatynda hususy eýeçilik maşgalada öz ornuny tapýar. Aristotel döwlete adalatlylygyň, kanunylygyň, onuň erkin raýatlarynyň ählisiniň bähbitleriniň goralýan ýeri hökmünde garapdyr. Ýöne ol „..bar bolan döwlet formalarynyň ählisi mynasyp adamlara eşretli, maddy gymmatlyklary deň derejede adalatly paýlap bilmeýär“ diýip belleýär. Aristotel döwlet gurluşynyň formalaryny iki ugur boýunça kesgitläpdir:

1) Häkimlik edýänleriň mukdary;
2) Häkimligiň maksatlary;

Aristotel monarhiýany, aristokratiýany we politiýany döwletiň dogry formalary hasaplapdyr. Sebäbi akyldaryň pikiriçe bu döwletlerde hökümdarlar öz raýatlarynyň ählisiniň bähbitlerini gorapdyrlar. Akyldar döwlet formalarynyň nädogry görnüşlerinde, ýagny, tiraniýada, oligarhiýada we demokratiýada hökümdarlary öz betnebis bähbitlerine gulluk etmekde aýyplaýar. Döwlet gurluşynyň iň oňat formasy hökmünde Aristotel politiýany belläp geçipdir (politiýa emläge we bilime senzleri (çäklendirilen hukuk) bolan köpçiligiň häkimligidir).Politiýa garyşyk düzgün baradaky ideýalary aýdyň şöhlelendirýän döwlet gurluşynyň takyk formasydyr. Ol aristokratiýanyň (ýagşy zada hökümdarlar), oligarhiýanyň (baýlyk), demokratiýanyň (azatlyk, erkinlik) iň oňat häsiýetlerini özünde jemleýär. Biziň dilimiz bilen aýdanymyzda politiýa – aralyk synplaryň bähbitlerine ýardam beriji häkimlikdir.

Rim akyldarlaryň arasynda döwlet işgäri, filosof Mark Tuliý Siseronyň ( b. e. ö.106-43 ý.) ideýalary, garaýyşlary aýratyn üns berilmege mynasypdyr. Ol özüniň «Döwlet barada», « Kanunlar barada» atly eserlerinde rim döwletini kämilleşdirmekligiň tilsimlerini kesgitlemäge çalyşypdyr. Siseronyň aýtmagyna görä, döwlet köp adamalryň birleşmesi bolup, adamlaryň arasyndaky gatnaşyklary, olaryň hukuk meselelerinde we beýleki bähbitlerinde umumylygy hem-de raýdaşlygy ýola goýýandyr. Olaryň raýdaşlygy ylalaşykly ynsan tebigatyna mahsus bolan häsiýetlerine, pähim paýhaslylyga, adalatlylyga esaslanýar, daýanýar. Pähim paýhaslylyk, adalatlylyk tebigy hukukdyr, iň ýokary we hak kanunydyr. Siseronyň dolandyrýanlar ( hökümdarlar ) bilen dolandyrylýanlaryň (raýatlar) arasyndaky gatnaşyklara hukuk prinsiplerini girizmegi we ony ýola goýmagy uly sylag-hormata eýedir. Ol «Kanunyň hereketleri diňe bir belli – belli adamlara däl-de eýsem hemmelere öz täsirini deň ýetirmelidiir » diýip belleýär. Şeýlelik bilen ol hukuk döwleti hakyndaky taglymatlaryň esaslarynyň düýbüni tutujydyr. Döwlet gurluşynyň iň oňat görnüşi hökmünde Siseron döwletiň «garyşyk» formasyny ykrar edipdir. Onuñ pikirine görä döwletiñ garyşyk formasy patyşa häkimýetiniň (öz raýatlary barada monarhyň aladalary), aristokratiýanyň (hökümdarlaryň parasatlylygy) we demokratiýanyň (halkyň azatlygy, erkinligi) iň gowy taraplaryny özünde jemleýär.

## § 2. Syýasat jemgyýetçilik pikirleriň taryhynda

Syỷasy taglymatñ emele gelmegi antiki döwürlerde başlanypdyr.Soñra ol däbi Makiawelli, Gobbs, Lokk, Monteskỷe, Mill, Gegel, Marks, Lenin, Weber we beỷleki birnäçe akyldarlar dowam etdiripdirler.Meşhur orta asyr akyldary Bernard Şartrskiniñ “Biz- äpetleriñ egnine münen

kçijik adamlar.Äpetler bizi depesine götereni üçin, biz olardan has uzaklary görýäris, biziñ görejimiz hem olaryñkydan ýiti" diýip belleýär.

Șonuñ üçin kimde-kim häzirkizaman syýasy taglymatlar bilen tanyșmak islese,ol tanyșlygy hökman syýasy akyldatlaryñ nusgawy eserlerinden bașlamalydyrlar.Ykrar edilen akyldarlaryñ geçen ýoluny gaýtalap,olaryñ pikirlerini yzarlap,biz syýasy taglymatlaryñ, nusgawy akyldarlaryñ okuwçylaryna öwrülýäris.Eger-de bize haýsydyr bir akyldaryñ pikiri,dünýägaraýșy düșnükli bolsa,onda syýasata bolan çemeleșmede käbir çäklendirmeler,kynçylyklar ýeñilip geçilýär.Bu adaty ýagdaýdyr. Islendik ugur boýunça hakyky hünärmenler özleriniñ hünärini hut șeýle ýol bilen özleșdirýärler.Olar ussatlaryñ göreldesine eýerip, ökde agaç ussasy, dilçi, lukman, matematik ýa-da fizik bolup ýetișýärler.Syýasy ylymda ökde hünärmen derejesine ýetmeklik dünýä syýasy pikiriniñ wekilleriniñ ișleri bilen doly tanyșmaklygy talap edýär.

Nazary ișler bilen okap tanyșmaklyk we olara akyl ýetirmeklik syýasy garaýyșlaryñ döreýiș we kemala geliș ýagdaýlaryna düșünmeklige mümkünçilik berýär.Șeýle hem ol garaýyșlara doly akyl ýetirip, biri-biri bilen deñeșdirip,olara baha berip bilmeklik,diñe bir biziñ syýasy bilimlerimizi ýokarlandyrman, eýsem, syýasy garaýyșlarymyzy hem kemala getirýär.Șeýlelik bilen biz üstünde syýasy iși gurnap boljak esasa eýe bolýarys.

Jemgiýetçilik pikiriniň döreýiş we ösüş taryhyny daşary ýurt alymlary bäş sany esasy döwürlere bölýärler. Bu döwürleriň hersi özleriniň aýratynlyklary bilen tapawulanýarlar.

**<u>Birinji döwür:</u>** Gadymy Gündogaryň syýasy taglymatlary (Müsür, Eýran, Hindistan, Hytaý, Wawilon, Assiriýa). Şol gadymy döwürde syýasy pikir aýratyn bilim

pudagy bolman, rowaýatlar görnüşinde beýan edilipdir. Häkimýetiň hudaýtarapyn döränligi hakyndaky düşünje agalyk edipdir. Şol döwürüň görnükli akyldary Hammurapi, Zaratuştra, Konfutsiý, Mo-Szu, Şan-Ýan, Şen Bu-haý we ş.m bolupdyrlar.

**Ikinji döwür:** Gadymy Gresiýanyň we Rimiň syýasy taglymatlary, bu döwür Gomer, Pifagor, Geraklit, Demokrit, Sokrat, Platon, Aristotel, Lukresiý, Siseron ýaly akyldarlaryň atlary bilen baglanşyklydyr. Bu döwürde ýuwaş-ýuwaşdan syýasy pikirleriň rowaýatlardan, miflerden bölünip, syýasy filosofiýanyň özbaşdak pudagy hökmünde emele gelmegi başlanýar. Döwletiň gurluşyny onuň görnüşlerini seljermek işleri başlanýar, döwleti dolandyrmagyň kämil, iň gowy görnüşleri bellenilýär. Aýratynam şol döwürde syýasy pikirleriň ösüşine goşant goşanlar gadymy grek akyldary Platon (427-347 B.e.ö) bilen Aristoteldir (384-322 b.e.ö).

Mysal üçin: Döwlet gurluşynyň görnüşlerini tapawutlandyrmakda edilen ilkinji synanyşyk Platona degişlidir, ol onuň iki görnişini ýagny, kämil we kämil däl döwleti tapawutlandyrypdyr. Akyldaryň pikiriçe şeýle tapawutlandyrma esas beren zat adamlaryň özüni alyp barşyna täsir edýän içki hereketlendirijidir, ýagny adamlary herekete getirýän güýç onuň maddy aladalary bolsa , eger-de ol diňe özüniň şahsy aladalary bilen ýaşaýan bolsa, onda beýle döwlet kämil däl döwletdir. Egerde, adamy hereketlendiriji güýç pikiriň kämilligi, edermenlik bolsa onda bu döwlet kämildir. Akyldar döwletiň kämil görnüşi diňe gadymyýetde haçanda adamlary hudaýlaryň dolandyran döwründe bolupdyr diýip hasaplapdyr. Döwlet gurluşynyň kämil däl görnüşleriniň aşakdakylarynyň içinden (**timokratiýa** – şöhratparazlaryň häkimýeti, **aristokratiýa** – meşhur gowy adamlaryň häkimýeti, **demokratiýa** – halkyň häkimýeti, **tiraniýa** – juda ýekeligiň häkimýeti). Platon aristokratiýa we monarhiýa ýakyn döwlet gurluşyny goldapdyr. Akyldaryň ýazmagyna görä hökümdarlar,

diňe bir baýlygyň eýesi bolman eýsem olar tebigat tarapdan gowy dolandyrmak ukyby berilen, gowy bilimli bolmalydyrlar. Jemgyýetiň işini dolandyrmak ylmynda Aristotel özüniň beýik mugallymyndan has öňe gidipdir. Ol ilkinji bolup "Syýasat" düşinjesini söz dolanşygyna girizip bildi, hem-de syýasata " ylymlaryň we sungatlaryň içinde iň esasydyr" diýip baha berdi. Sebäbi Aristotel "syýasatyň maksady – hemmelriň abadançylygny gazanmakdyr" diýip hasaplaýar. Aristotel döwletiň mazmunyny onuň döremeginiň sebäplerini has çuňňur we giňişleýin düşündiripdir, syýasy häkimiýetiñ üç şaha bölüñmegi hakyndaky pikiri öňe sürüpdir.Gadymy dünýäde bar bolan (150-den gowyrak) döwletleriň konstitusion-hukuk düzgünlerini öwrenip, Aristotel döwletiň üç sany dogry (monariýa, aristokratiýa we politiýa) we üç sany nädogry (tiraniýa, oligarhiýa, demokratiýa) görnüşlerini ýüze çykarypdyr. Aristotel hem Platon ýaly demokratiýa oňaýsyz garapdyr. Ol "Demokratiýa köpçüligiň öz bähbidi üçin azlygyň üstinden agalygydyr" diýip baha beripdir. Döwlet dolandyrylyşynyň iň gowy görnüşi hökmünde ol politiýany belläpdir. Aristoteliň pikiriçe politiýa şertlerinde köpçülik umumy bähbitleri göz öňüne tutup döwleti dolandyrýar. Bu bolsa onuň pikiriçe diňe jemgyýetde syýasy häkimýet orta gatlagyň elinde jemlenen ýagdaýynda mümkin bolýar.

**Üçünji döwür:** Orta asyrlar şertlerinde syýasy pikir esasnam dini işgärleriň we akyldarlaryň kömegi bilen ösüpdir. Irki orta asyrlarda giňden belli bolan Awgustin Blažennyý (354-430ý.) Demirgazyk Afrikada dini işgär bolmak bilen ol on ýylyň dowamynda hakyky hristianlar bilen hristian taglymatynyň ýeretikleriniň arasyndaky ideýa göreşine ýolbaşçylyk edipdir. Ol öz taglymatynyň esasy düzgünlerini öz işlerinde beýan edipdir onuň işleriniň esasy aýratynlygy – fatalizm bolupdyr. Fatalizm – bu ýeriň üstinde bolup geçýän hemme zatlaryň hudaýtarapyn öňünden kesgitlenedigi hakyndaky taglymatdyr.

Häkimýetiň ylahylyk taglymatyna ýene bir uly goşant goşan akyldar Foma Akwinskidir (1225-1274ý.) Foma Akwinskini hristiançylygyň iň bir öňde baryjy akymy bolan katolisizimyň düýbüni tutujy hasaplaýarlar. Hristian buthanasynyň katolik we prawoslaw akymlaryna bölünmegi 1054-1204 ýyllar aralygynda bolup geçdi. XVI asyrda katolisizmden protestanizm bölünýär.

1874 ýyldan başlap Foma Akwinskiniň taglymaty ýörite Rim papasy (Lew 13) tarapyndan "Katolisizmiň ýeketäk hakyky filosofiýasy" diýlip yglan edildi.

Döwletiň we syýasy häkimiýetiň gelip çykyşynyň teokratiki (dini) taglymatyny esaslandyrmakda prowoslaw, buddizm, yslam, iudaizm we beýleki dini taglymatlar uly rol oýnaýarlar.

**Dördünji döwür:** Syýasy pikiriň taryhynyň bu döwri ýewropada Galkynyş we Magaryfçylyk eýýämy bilen baglydyr. Şu döwürde syýasy taglymatyň ynsanperwer prinsiplerini ösdürmekde, ony teologiýadan (dinden) azat etmekde uly işler edildi. Adamyň hukuklarynyň we azatlyklarynyň döwlet kanunlarynyň, jegyýetçilik durmuşynyň demokratiki gurluşynyň problemalaryny analiz etmeklik işjeňleşdi, şeýle hem syýasy institutlaryň döreýşi we işleýşini öwrenilip başlanyldy.

Ozalky bar bolan dini pikirlere ilkinji urgyny uran görnükli Italian akyldary **Nikola Makiawellidir** (1469-1527 ý). Ol özüniň ("Hökümdar", "Titi Liwiniň birinji dekadasy hakynda oýlanmalar" we beýleki) işlerinde syýasata bolan dini garaýyşlardan ýüz öwüripdir.

T.Gobbsyň (1588-1669ý) "Raýat hakyndaky nazaryýetiň filosofiki başlangyçlary" , "Lewiafan" , J.lokkyň (1632-1704ý) "Döwleti dolandyrmak hakynda iki traktat", Ş.L.Monteskýeniň (1689-1755ý) "Kanunlaryň ruhy hakynda", Ž.Ž.Russonyň (1712-1778ý) "Jemgyýetçilik şertnamasy hakynda" diýen eserinde täze döwrüň şertlerinde leberal syýasy doktrina

döreýär. Syýasy häkimýetiň üç şaha bölünmeginiň zerurlygy eseslandyrylýar. Adamyň hukuklarynyň we azatlyklarynyň, hukuk döwletiniň we raýat jemgyýetiniň teoretiki esaslarynyň hökmandygy öňe sürülýär. Ş.Monteskiýeniň, Ž.Ž.Russonyň syýasy nazaryýetleri amerikan akyldary we syỷasy işgäri T.Jeforsonyň (1743-1826ý) dünýägaraýşynda aýgytlty rol oýnady. T.Jeforson – Amerikan demokratiýasynyñ görnükli teoretigi we praktigi, ABŞ-nyň garaşsyzlyk Deklorasiýasyny (1776) işläp düzenleriň iň görnüklisi, ABŞ-nyň üçünji prezidenti.

Soňra bu ideýalar ABŞ-nyň konstitusiýasynda (1787) we Fransiýada Beýik Fransuz bržuaz rewalusiýasy ýeňip üstün çykanyndan soň Milli Uçreditel ýygnak tarapyndan 1789-njy ýylyň awgust aýynda kabul edilen "Adamyň we raýatyň hukuklarynyň Deklorasiýasynda" doly şöhlelendirildi. Şol deklorasiýanyň ähli 17 maddasy hem adamyň eldegirmesiz tebigy hukuklaryndan gelip çykýar. 1791-nji ýylda deklorasiýa kanuny güýjüne girýär we 1791-njy ýylyň sentýabrynda Uçreditel ýygnak tarapyndan kabul edilen Fransiýanyň konstitusiýasyna dolulygyna girizilýär.

Ondan soňra ol deklorasiýanyň düýpli düzgünleri dünýäniň köp dokumentleriniň düzümine girýär. Mysal üçin: BMG-niň adam hukuklarynyň ähli umumy deklorasiýasyna (1948), Aýallaryň syýasy hukuklary hakyndaky konwensiýasyna (1952), jynsy kemsitmeleriň ähli görnüşlerini ýok etmeklik boýunça Halkara konwensiýasyna (1965), çaganyň hukuklary hakyndaky konwensiýa (1989), umuman alanyňda 1945-nji ýylda BMG-niň döredileni bäri onuň 60-dan gowurak dokumentlerine girizildi.

Syýasy pikiriň ösmeginde nemes alymlary I.Kantyň (1724-1804ý) "Hukuk hakyndaky taglymatyň metofiziki başlangyçlary", Gegeliň (1770-1831) "Hukugyň filosofiýasy" diýen işleri uly ähmiýete eýedir. I.Kantyň bitiren hyzmaty, onuň J.Lokkyň hukuk döwlet ideýasyna ilkinji bolup teoretiki

esaslandyrma bermegidir. Gegel hem öz gezeginde döwlet we raýat jegyýetiniň sosial ykdysady we syýasy sferalarynyň başlangyjyny ýola goýupdyr.

**Bäşinji döwür :** Bu döwür örän uly özbaşdak döwür, muňa XIX asyr tutuşlygyna hemde XX asyryň başlary degişlidir. Bu döwür özüniň birnäçe aýratynlyklary bilen tapawutlanýar. Bu döwürde Liberalizm doktrina hökmünde kemala gelýär we ilkinji bolup Beýik Britaniýanyň Liberal partiýasy (1832) buržuaziýanyň iň ilkinji we iň köpçülikleýin partiýasy tarapyndan durmuşa geçirilýär. Şular bilen bir wagtda işçiler hereketiniň guramaçylygy ösýär we Marksistik taglymatyň esasynda öz syýasy partiýalary – Kommunistler Soýuzy (1847-1852) we I, II-nji Internasionalyň birnäçe seksiýalary döreýär. Şeýle hem şol döwürde häzirki güne çenli özüniň ähmiýetini ýitirmedik birnäçe ajaýyp taglymatlar döreýär. Mysal üçin: görnükli nemes akyldary **Maks Weber** (1864-1920ý) syýasaty öwrenişde häzirem ulanylýan syýasy häkimýetiň we Liderligiň üç görnüşini ilkinji bolup esaslandyrýar.Syýasy taglymatlaryň taryhyny rus syýasy pikirlerinden aýry doly göz öňüne getirip bolmaz.Slawýanlarda döwletliligiň kemala gelmegi uzak döwri öz içine alýar. Syýasy hukuk meselelerine uly ähmiýet berilýän iň irki çeşmeleriň biri mitropolit **Ilarionyň** “Kanun we abadançylyk hakynda söz” diýen işidir. Soňra ol ideýalar “Ýyllaryň powesti” (1113), “Nowgorod ýyl ýazgylary” (1136), “Rus hakykatyna” we “Igoryň polky hakynda söz” (XI-XIII asyr) diýen ýyl ýazgylarynda soňky ösüşlere eýe bolýar.XIV-XVI asyrlarda Russiýada merkezleşdirlen döwletiň syýasy idealogiýasy döräp ugraýar, onda Russiýanyň dünýä syýasatyndaky roluna uly orun berilýär.XVIII asyryň birinji ýarymynyň iň görnükli akyldarlary F.Prakopiwiç (1682-1736), W.N.Tattisew (1686-1750ý),

I. Posaşkow (1652-1726ý). Russiýada feodalizimiň ýykylyp kapitalistik gatnaşyklaryň kemala gelýän döwründe

magaryfçylyk idealogiýasy ösüp başlaýar. Ýöne şeýlede bolsa jemgyýeti demokratiýalaşdyrmakda uly ädimler edilmeýär. Muňa A.N.Radişewiň ykbaly şaýatlyk edýär, ýagny ol “Peterburgdan Moskwa syýahat” atly kitabynda Russiýadaky monarhiki gurluşy tankytlaýar we konstitutiýany döredilmegi ugrunda çykyş edýär, şeýlelikde ol Sibire sürgün edilýär. Radişewiň pikirleri dekabristleriň syýasy garaýyşlaryna uly täsir edýär XIX asyryň başlarynda  Russiýada jemgyýetçilik gatnaşyklary, döwlet dolandyrşyna degişli liberal reformalaryň birnäçe proýektleri döredilýär. Döwlet dolandyrlyşynyň iň gowy reformasy 1809 ýylda ýörite  Aleksandr  I -niň tabşyrygy bilen M.M.Speranski tarapyndan işlenilip düzülýär. M.Speranski bu proýektde häkimýetiň bölünmek ideýasyny, monarhiýany çäklendirmek, krepostnoýçylygy ýatyrmak ýaly ideýalary öňe sürýär. Ýöne 1812-nji ýylda uruş başlaýar, şeýlelikde ol ideýalar durmuşa geçirilmeýär. Şeýle hem rus syýasy pikirini ösdürmekde N.M.Karamzin,  P.Ý.Çadaýew, N.Ý.Danilewskiý, B.S.Solowýow, H.Çernyşewskiý, A.Gersen, M.Bakunin, P.Lawrow, Mihaýlowskiý, W.I.Lenin, G.W.Plehanow, N.Berdýaýew,  I.Ilin, P.Sorokin  we  ş. m. birnäçe  akyldarlar goşant goşdular.

## II Bölüm. Jemgyýetiň syýasy ulgamy.

### § 1.  Jemgyýetiñ syýasy ulgamy: düşünjesi we  onuñ wezipesi.

Adamzat jemgyýeti dürli faktorlaryñ täsir etmegi bilen mydama üýtgäp durýar. Jemgyýetiñ kämilleşdigiçe adamlaryñ arasyndaky gatnaşyklar çylşyrymlaşyp, jemgyýetiñ islegleri artyp, ol islegleri kanagatlandyrmak üçin edilýän işler hem köpelýär. Mundan başga-da häzirkizaman döwletleriniñ durnukly ýaşamagy üçin tebigy, energetiki, halkara şertler hem

üýtgeýär. Şonuñ üçin jemgyýetiñ mydama üýtgäp duran içki we daşky gurşawa nähili öwrenişýändigine düşünmeklik üçin jemgyýetiñ ýaşaýşa ukybyny we durnuklylygyny üpjin edýän uýgunlaşma mehanizmini ýüze çykarmaly.

Jemgyýetiñ üýtgeýän şertlere uýgunlaşmak we indiwidiñ artýan isleglerini duýup bilmek ukybyny köp derejede syýasy ulgam amala aşyrýar. Syýasy institutlaryñ we guramalaryñ, şeýle hem adamlar tarapyndan syýasy wezipeleriñ ýerine ýetirilmegi bilen, syýasy ulgam jemgyýetçilik durmuşynyñ dürli ugurlaryna maksadalaýyk syýasy täsirini ýetirýär. Syýasy ulgamyñ mehanizmleriniñ sosiýal gatnaşyklaryna yzygiderli täsiri syýasy ulgamyñ häkimiýetiñ jemgyýetdäki resurslary we gymmatlyklary paýlamak, ilaty özüñi alyp barmaklygyñ belli bir ülñülerine we düzgünlerine boýun etmek ukybyna esaslanýar. Syýasy ulgam jemgyýetdäki syýasy gatnaşyklaryñ hemme görnüşlerini özüne birikdirýär. “Syýasy ulgam ” düşünjesi döwletiñ we jemgyýetiñ, döwlete degişli bolmadyk dürli subýektleriñ özara gatnaşygyny häsiýetlendirmek üçin ulanylýar.

“Syýasy ulgam” adalgasy syýasat ylmyna XX asyryñ 50-60-njy ýyllarynda girizilýär. Şol wagta çenli syýasy gatnaşyklar häsiýetlendiriljek bolanda “dolandyryşyñ görnüşi”, “dolandyryşyñ ulgamy” diýen düşünjeler ulanylypdyr. Ýöne şol düşünjeler bilen işlän alymlar adatça döwlet organlaryna syýasy gatnaşyklaryñ esasy subýekti hökmünde garap, syýasaty diñe şolara degişli edipdirler. Belli bir döwre çenli syýasy ulgamyñ şeýle düşündirilişi hemmeleri kanagatlandyrýardy, sebäbi ol belli bir derejede hakykatdy. Ýöne raýat jemgyýetiniñ ösmegi, öz hukuklary, azatlyklary bolan özbaşdak şahsyýetleriñ döremek prosesi raýatyñ diñe boýun egmän, eýsem syýasata täsir edip,syýasy guramalar döredip bilýändigini görkezdi. Şeýlelikde döwlet häkimiýetiñ ýeke täk eýesi bolmaklygyny bes etdi, häkimiýet gatnaşyklary bolsa has çylşyrymly häsiýete eýe boldy. Sebäbi indi oña döwlete degişli

bolmadyk guramalar hem gatnaşyp başladylar. Bular hem öñki bar bolan syýasatyñ düşünjelerine täzeden garalmagyny talap etdi. Syýasat ylmyna ulgamlaýyn çemeleşmekliginiñ girizilmeginiñ ýene-de bir sebäbi, daşky gurşawyñ bozulan ýagdaýynda jemgyýetde durnuklylygy we çydamlylygy üpjin edip biljek uniwersal kanunalaýyklyklaryñ we mehanizmleriñ gözlenmegidir.

"Ulgam " düşünjesini jemgyýeti öwrenş ylmyna girizen Tomas Parsonsdyr. Ol jemgyýeti özara gatnaşykda we biri-birine bagly bolan dört sany ulgamçanyñ (podsistemalar) birligi hökmünde düşündirýär. Olar ykdysady, syýasy, sosiýal we ruhy ulgamçalardyr. Bu ulgamçalaryñ hersi belli bir wezipäni ýerine ýetirýär hem-de ählisi birleşip jemgyýetçilik durmüşynyñ işini üpjin edýärler. Syýasat ylmynda ulgamlaýyn çemeleşmekligiñ düýbini tutan alym Dewid Iston hasaplanylýar. D.Istonyñ kesgitlemesine görä syýasat gymmatlyklaryñ erkin paýlanylmagydyr. Ol wezipe syýasy ulgam arkaly amala aşyrylýar, şonuñ üçin oña resurslary we gymmatlyklary paýlamaklykdaky özara gatnaşyklaryñ jemi hökmünde garap bolar.

## § 2. Syýasy ulgamyñ gurlyşy

Jemgyýetiñ syýasy ulgamy biri-biine bagly bolan ulgamçalardan düzülýär. Ol ulgamçalaryñ sany dürli alymlaryñ işlerinde dürli-dürli berilýär.Ýöne şeýle-de bolsa her elementiñ ýerine ýetirýän wezipesi boýunça seredeniñde institusiona, normatiw, kommunikatiw, medeni, funksional ulgamçalary tapawutlandyrmak bolýar.

Institusional ulgamça- muña döwlet, syýasy partiýalar, sosiýal-ykdysady we jemgyýetçilik guramalar hem-de olaryñ arasyndaky gatnaşyklar degişlidir. Bularyemmesi birleşip jemgyýetiñ syýasy guramasyny emele getirýärler. Bu ulgamçada merkezi orun döwlete degişlidir. Döwlet öz elinde

resurslaryñ we gymmatlyklaryñ köpüsini jemlemek bilen jemgyýetçilik durmuşynyñ dürli taraplaryna özüniñ täsirini ýetirýär.

Normatiw ulgamça- bu hukuk, syýasy, ahlak düzgünlerinden we gymmatlyklaryndan, däp-dessurlardan durýar. Şolaryñ kömegi bilen syýasy ulgam institutlaryñ işine, raýatlaryñ özüni alyp barşyna täsir edýär.

Funksional ulgamça-syýasy işiñ usulyny, häkimiýeti amala aşyrmagyñ usullaryny özüne birikdirýär. Ol syýasy düzgüniñ esasyny düzýär.

Kommunikatiw ulgamça-ulgamyñ içindäki syýasy gatnaşyklaryñ hem formalaryny özüne birikdirýär. Mysal üçin: döwletiñ institutlarynyñ we syýasy partiýalaryñ arasyndaky gatnaşyklary şeýle hem birnäçe syýasy ulgamlaryñ arasyndaky gatnaşyklary görkezmek bolýar.

Syýasy ulgamlar we syýasy düzgünler hakyndky meseleler syýasat ylmynda gowy, birsyhly öwrenilen meselelere degişlidir. Bu mesele A.I. Demanyñ we A.A. Fedoseýewiñ 1995-nji ýylda çap edilen “Syýasaty öwrenişiñ esaslary” atly okuw kitabynda şeýle hem W.P. Pugaçýowyñ “Syýasy ylmyñ esaslary” diýen okuw kitabynda we beýleki birnäçe awtorlaryñ işlerinde örän giñden açylyp beýan edilipdir.

Syýasy ulgam hakyndaky taglymat 1950-nji ýylyñ ortalarynda döreýär, şol döwürde syýasat hem adamlaryñ we döwletleriñ durmuşynda has uly rol oýnap başlaýar, şeýlelikde syýasy ulgam düşünjesiniñ döremegine-de kesgitli ylmy şertler döreýär.

Syýasy ulgamlar hakyndaky taglymatyñ kemala gelmeginde ulgamlaýyn usul örän uly rol oýnaýar, ýagny ulgamlaýyn usul diýlende, islendik ulgamyñ alamatlarynyñ jemlenmesini añladýar. Ol alamatlar özara berk baglanşyklydyrlar, olaryñ biriniñ üýtgemegi bütin bütewiligi üýtgedýär. Syýasy ulgamyñ örän köp dürli kesgitlemesi bar,

sebäbi häkimiýete we syýasata kesgitleme bermekde örän köp dürli çemeleşmeler bar.Syýasy ulgamyñ jemgyýetde fiziki mejbur etmekligiñ kanunlaşdyrylmagy hökmünde kabul edilmegi ol kesgitlemeleriñ hemmesine degişlidir.

Syýasy ulgam özöniñ mazmuny boýunça syýasy gymmatlyklaryñ we institutlaryñ jemidir, şeýle hem ol häkimiýeti köpçülikleýin peýdalanmagy we jemgyýetde raýatlaryñ gatnaşygyny ýola goýýar. Syýasy ulgamlary tapawutlandyrmakda iñ esasy bölüm döwletdir. Syýasy ulgamyñ hemme beýleki düzüm bölekleri (partiýalar, jemgyýetçilik guramalar we ş.m.) jemgyýetiñ syýasy ulgamynyñ ösüşiniñ belli bir döwründe döräp, özüne degişli wezipeleri ýerine ýetirip, ýitip gidip bilýär.

## § 3. Syýasy ulgamyñ görnüşleri

Syýasy ulgamlary toparlara bölmekligiñ birnäçe görnüşleri bar. Olaryñ iñ giñden ýaýrany syýasy ulgamy onuñ görnüşi boýunça bölmekdir, ýagny – gul eýeçilik, feodal, kapitalistik, sosialistik ulgamlar. Syýasy ulgamyñ häsiýeti boýunça totalitar, awtoritar we demokratik syýasy ulgamlary tapawutlandyrýarlar.

Totalitar ulgam syýasy ulgamyñ belli bir tipi hökmünde, syýasy we jemgyýetçilik gurluşynyñ ýörüte formasy hökmünde esasan XX asyrda peýda boldy. Emma ol ideýa hökmünde baryp gadym eýamlarda-da dowam edipdir.

Biziñ döwrümizde bu adalga 1925-nji ýylda italýan faşizminiñ ýolbaşçysy B. Mussolini öz hereketini (faşizm) häsiýetlendirmek üçin ilkinji gezek ulanypdyr.

Totalitarizm – munuñ özi zorluk serişdelerini birsyhly ulanmak arkaly ilatyñ üstünden ähliumumy gözegçiligi amala aşyrýan syýasy düzgündir. Emma Totalitarism adalgasynyñ manysy “syýäsy düzgün ” adalgasyndan has giñdir. Çünki bu adalga diñe bir syýasy häkimiýetiñ emele

gelmegine ýardam edýän alamatlary öz içine almak bilen çäklenmän eýsem tutuşlaýyn jemgyýetiň tipini-de häsiýetlendirýär.

Şeýlelikde, totalitarizmiň esasy häsiýetli sypaty jemgyýetiň we şahsyýetiň üstünden häkimiýetiň ähliumumy gözegçiligi amala aşyrýanlygyndan,bütin jemgyýetçilik ulgamyň köpçülikleýin maksatlara we resmi aňyýete tabyn edilýänliginden ybaratdyr. Totalitarizm-munuň özi diňe bir syýasy düzgün bolmak bilen çäklenmän, eýsem syýasy we jemgyýetçilik ulgamynyň belli bir tipi hem bolup durýar.

Totalitar gurluşyň emele gelmeginiň logiki sebäbi şuňa syrygýar. Köpçülikleýin makstlary amala aşyrmak üçin sosiýal we ykdysady meýilleşdirilmegiň zerurlygy üýze çykýar. Bu bolsa, öz nobatynda şol meýilnamalaryň ýerine ýetirilmegini üpjün etmäge ukyply , güýçli, absolýut häkimiýetiň döredilmegini, köpçülikleýin goldaw edilmegini talap edýär.

Totalitar döwletde şahsyýet azatlygyna ýol berilmeýär, çünki şeýle azatlygyň bolmagy düzgüniň dowam etmegine howp salýar. Şuňa göräde,umumy maksada, ahyrky maksada ýetmegiň hatyrasy üçin islenen serişdeleri (zorlugy-da) ulanmaga ýol berilýär.

Mundan başga-da totalitarizm diňe öz taglymatyny absolýut hakykat hasap edýär, beýleki ideýalary we garaýyşlary bolsa azaşmalar ýa-da bilgeşleýin öňe sürülýän ylma ýat bolan galplaşdyrmalar hasap edýär. Jemgyýetiň industrial ösüş döwri totalitarizmiň emele gelmeginiň esasy we umumy şertidir. Onuň emele gelmeginiň ene bir subýektiw şerti şahsyýetiň kapitalizm döwründe psihiki taýdan kanagatsyzlyga sezewar bolýanlygydyr. Sosiýal –ykdysady krizisler mahalynda ilatyň horlanýan, gedaýçylyk derejesine ýetirilen gatlaklarynyň totalitarizme ýykgyn etmesi juda güýçlenýär. Totalitarizmiň döremegi üçin zerur şertler emele gelýär. Totalitar ulgamda ýolbaşçylygyň adminstratiw-buýryk beriş usuly höküm sürýär.

Awtoritar syýsay ulgamlar- totalitarizmiñ alternatiw tipleriniñ biridir. Ol özüniñ häsiýetli sypatlary boýunça totlitarizm bilen demokratiýanyñ aralygynda durýar. Onuñ totalitarizm bilen umumylygy häkimiýetiñ kanuny çäklendirilmedik bolmagydyr. Onuñ demokratiýa bilen umumylygy jemgyýetçilik durmuşynyñ döwlet tarapyndan gözegçilik astyna alynmaýan özbaşdak gurşawlarynyñ bar bolmagydyr.

Awtoritarizmiñ esasy sypatlary: häkimiýet bir adamyñ ýa-da bir topar adamyñ elinde jemlenen, halk köpçüligi bolsa häkimiýetden mahrum edilen; häkimiýetiñ hukuklary çäklendirilmeýär, ol taýatlaryñ gözegçiliginden halasdyr, kanunlar häkimiýet tarapyndan islendik mazmunda çykarylyp bilinýär; häkimiýetiñ arka daýanjy güýç ulanmakdyr; häkimiýetiñ we syýasatyñ monopoliýalaşdyrylmagy; garaşsyz kanuny syýasy hereketlere ýol bermezligi; jemgyýetiñ ýokary gatlaklaryny demokratik esasynda däl-de, halkdan biygtyýar bellemek.

Demokratiýa düşünjesi (demos- halk we kratos- häkimiýet diýen manylary berýän gadymy grek sözlerinden) syýasaty öwreniş ylmynyñ iñ ýörgünki adalgalarynyñ biridir. Demokratiýanyñ şertleri barada gürrüñ edilende, ilkinji nobatda, jemgyýetde bazar ykdysadyýetiniñ ýöredilmeginiñ zerurlygy göz öñünde tutulýar. Demokratiýanyñ ölçeglreri hakynda aýdylanda bolsa, ilki bilen raýatlaryñ syýasy meseleleri çözmeklige deñ hukukly gatnaşmaklygy üçin kanuny şertleriñ bolmaklygy zerur hasap edilýär.

Demokratiýanyñ mehanizmlerine saýlawlaryñ erkinligi, ýagny her bir raýatyñ öz islegine görä ses bermäge bolan hukugy, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniñ (radionyñ, telewideniýäniñ, gazýetleriñ we ẑurnallaryñ ) erkinligi we köppartiýalylyk degişlidir.

Demokratik jemgyýetde köpçülikleýin habar beriş serişdelerine aýratyn orun degişlidir. Döwlete garaşsyz,

özbaşdak, erkin hereket edýän habar beriş serişdeleri halky jemgyýetçilik durmuşynyñ ähli taraplary, şol sanda häkimiýetiñ işleýşi dogrusyndaky maglumatlary we dürli garaýyşlary (hatda tankydy garaýyşlary-da) halka ýetirip, adamlaryñ dünýägaraýşyna öz täsirini ýetirýär. Netijede, adamlaryñ añynda jemgyýet barada, esasan-da, häkimiýet barada giñişleýin garaýyşlar emele gelýär. Şol sebäpli-de köpçülikleýin habar beriş serişdelerine kähalatlarda dördünji häkimiýet hem diýilýär.

## III Bölüm. Döwlet syýasy ulgamyñ esasy institutydyr

### § 1. Döwletiñ manysy we onuñ ýerine ýetirýän işi (funksiýasy)

Döwlet syýasy ulgamyñ iñ esasy institutydyr. Onuñ ähmiýetliliginiñ derejesi sosiýal hadysalara aýgytlaýjy täsir edip bilýän häkimiýetiñ we baýlyklaryñ döwletiñ elinde jemlenilişi bilen kesgitlenilýär. Döwlet döräli bäri syýasy pikiriñ taryhynda ol hakynda dürli-dürli pikirler bar, sebäbi jemgyýetçilik ösüşüniñ dürli döwürlerinde döwletiñ özboluşlylygy hem-de onuñ ýerine ýetirýän wezipeleri hakyndaky meseleler ýüze çykyp durýar. Döwletiñ sosiýal institute hökmünde döremekligi adamlaryñ durmuşynyñ çylşyrymlaşmaklygyny, toparlaryñ we indiwidleriñ bähbitleriniñ bir- birinden tapawutlanmak prosesini ýüze çykarýar. Döwlet- bu kesgitli teritoriýanyñ çäginde kesgitli bähbitleriñ (umumyadamzat, synpy, dini, milli we ş.m.) amala aşmagyna täsir edýän syýasy häkimiýetdir. Döwletiň üsti bilen öňi bilen häkimiýeti, jemgyýeti dolandyrmak amala aşyrylýar. Häzirki zaman döwleti, halkyň erkini aňlatmak bilen, iş ýüzünde syýasy ulgamyñ hemme beýleki institutlarynyň arabaglanşygyny amala aşyrýan syýasy merkez derejesine

/statusyna/ eýe boldy. Döwletiñ ýerine ýetirýän işi (funksiýasy)—bu döwletiñ öz öñünde duran meseleleri çözmek işiniñ esasy ugurlarydyr. Işiñ dowamlylygyna baglylykda döwletiñ ýerine ýetirýän işi mydamalyk (döwletiñ ösüşüniñ hemme döwürlerinde amala aşyrylýar) we wagtlaýyn (adatdan daşary häsiýete eýe bolan anyk meseleler çözülenden soñ öz işini tamamlaýar); özüniñ ähmiýeti boýunça –esasy we esasy däl funksiýalar; jemgyýetçilik durmuşynyñ haýsy gurşawynda ýerine ýetirilýändigine baglylykda , döwletiñ ýerine ýetirýän işi- içki we daşky görnüşlere bölünýär.

Häzirkizaman Türkmenistan döwletiniñ içerki funksiýalaryna şu aşakdakylary degişli edip bolar:

- adamyñ we raýatyñ hukuklaryny we azatlyklaryny goramak, hukuk tertibini üpjün etmek funksiýasy;
- ykdysady funksiýasy;
- salgyt ýygnamak funksiýasy;
- sosial goraglylyk funksiýasy;
- ekologik funksiýasy;
- medeni funksiýasy;

Häzirkizaman Türkmenistan döwletiniñ daşarky funksiýalaryna şu aşakdakylary degişli etmek mümkin:

- ýurdy goramak funksiýasy;
- dünýä tertibini goldamak funksiýasy;
- beýleki döwletler bilen hyzmatdaşlyk funksiýasy;

Döwletiň borjuna jemgyýetiň bütewiligini berkitmek, belli bir düzgüniň saklanylmagyny üpjin etmek girýär. Ol düzgüni üpjin etmek üçin döwlet öz işinde ynandyrmak, terbiýelemek hem-de mejbur etmek usullaryny ulanýar. Beýleki syýasy we jemgyýetçilik guramalaryndan tapawutlykda diňe döwletiň garamagynda zorluk apparaty-goşuň, jemgyýetçilik tertibini saklamak we howpsyzlyk guramalary bar. Döwlet syýasy we jemgyýetçilik durmuşynyň dürli meselelerine degişli onuň bütin territoriýasynda hereket edýän kanunlary çykarýar, döwletletiň kadaly ýaşamagyny we işlemegini üpjin edýän

salgytlary ýygnaýar. Häzirki zaman döwleti häkimiýet funksiýalary bilen bir hatarda umumy siwilizasion funksiýalara köp ünüs berýär. Olaryň içinde öňi bilen döwlet gurluşygyny guramak, sosiýal-howply dawalaryň öňüni almak we soňyna çykmak, bütin ýurt üçin umumy bolan ykdysady, maliýe ,ylmy, medeni we beýleki gurşawlar üçin häsiýetli bolan syýasatlary durmuşa geçirmek, beýleki ýurtlar bilen özara peýdaly aragatnaşyklary ýola goýmak, olar bilen demokratik güýçleriň frontuny berkitmeklik iň esasy funksiýalar bolup durýar.

Döwletiň iň möhüm häsiýetnamasy özygtyýarlykdyr. Döwlet özygtyýarlygy bolsa ýurduň häkimiýetiniň her - hili içerki we daşarky häkimiýetlerden ýokardalygyny, bütewiligini, garaşsyzlygyny aňladýar. Döwlet özygtyýarlylygy mynasybýetli ol öz işini özbaşdak amala aşyryp bilýär.

## § 2. Döwletiñ görnüşleri (formasy)

Teritoriýa, ilat, häkimiýet hemme döwletlere mahsus bolan mazmun häsiýetnamasyny añladýar. Ýöne döwletler özüniñ içki gurlyşynyñ aýratynlyklary böýunça bir-birinden tapawutlanýar. Ol tapawut bolsa döwletiñ görnüşini kesgitleýär. Islendik her bir döwletiň öz görnüşi (formasy), ýagny döwlet häkimiýetine laýyk gelýän guramalary bolýar.

Döwletiñ görnüşi (formasy)- bu döwletiñ dolandyryş formasyny, döwletiñ gurnalşynyñ formasyny we syýasy düzgünleri (reẑimleri) öz içine alýan syýasy häkimiýeti amala aşyrmaklygyñ usulydyr.

Jemgyýetdäki syýasy durmuş , döwlet institutlarynyñ durnuklylygy belli bir derejede döwletiñ görnüşine (formasyndan) baglydyr.

Döwletiñ görnüşiniñ (formasynyñ ) alamatlary bolup şu aşakdakylar çykyş edýärler:

- dolandyryşyñ görnüşi - döwlet häkimiýetiniñ ýokary guramalarynyñ döreýşiniñ we gurnalyşynyñ tertibini, ol guramalaryñ bir-biri bilen hem-de ilat bilen özara gatnaşygyny häsiýetlendirýär. Dolandyryşyñ görnüşiniñ aýratynlyklaryna baglylykda döwletler monarhiýa we respublika bölünýärler;

- döwletiñ gurlyş formasy- bu döwletiñ territorial gurluşyny, bütewi döwlet bilen onuñ territorial birlikleriniñ özara gatnaşygyny şohlelendirýär. Döwletiñ gurlyş formasy boýunça döwletler unitar, federatiw we konfederatiw görnüşlere bölünýär;

- syýasy düzgün (reẑim) - bu döwlet häkimiýetini amala aşyrmaklygyñ usullarynyñ, serişdeleriniñ ugurlarynyñ ulgamyny añladýar. Şu ýagdaýlaryñ aýratynlygyna baglylykda demokratik, awtoritar we totalitar syýasy düzgünler ýüze çykarylýar.

## § 3. Döwlet dolandyrylyşynyñ görnüşleri (formasy)

Döwlet dolandyrylyşynyñ görnüşi (formasy)- bu iñ ýokary döwlet häkimiýetiniñ gurnalyşyny, onuñ organlarynyñ döreýşiniñ tertibini we olaryñ ilat bilen özara gatnaşygyny hasiýetlendirýän döwletiñ alamatydyr.

Iñ ýokary döwlet häkimiýetine döwletiñ baştutany ( monarh ýa-da prezident), kanun çykaryjy gurama we hökümet degişli edilýär. Döwletiñ baştutanynyñ ýagdaýynyna görä döwleti dolandyrmaklygyñ görnüşi monarhiýa we respublika görnüşlerine bölünýär.

Monarhiýa (monarchia diýen grek sözünden gelip çykyp,"ýekehäkimiýetlik" diýmekligi añladýar )- döwleti dolandyrmaklygyñ bu görnüşi ýokary häkimiýetiñ bir adama - korola, patyşa, knýaza degişli bolmagy we häkimiýetiñ nesilden- nesle geçmekligi bilen häsiýetlendirilýär.

Gadym döwürlerde döwletiň iň ýaýran görnüşi monarhiýa bolupdyr. Dolandyryşyň monarhik görnüşiniñ şu aşakdaky görnüşlerini tapawutlandyrmak bolýar:

-absolýut monarhiýa, munda döwlet baştutany hemme zada hökümini ýöredip bilýär. Edara etmeklik monarh tarapyndan bellenilip, onuň islegi berjaý edilýär. Dolandyryşyñ beýle görnüşi öň köp döwletlerde gabat gelýärdi, häzirki wagtda bu dolandyryş seýrek duş gelýär;

-konstitusion monarhiýa , monarhiýanyñ bu görnüşinde monarh diňe patyşalyk edýär, ýöne dolandyrmaýar. Dolandyrmak işini parlament we hökümet ýerine ýetirýär.

Ençeme ýurtlarda, mysal üçin Angliýada, Şwesiýada, Belgiýada, Gollandiýada, Ispaniýada, we ş.m. biziň günlerimize çenli çäklendirilen monarhiýa durmuşy saklanyp gelýär. Ýöne bu ýurtlarda monarhlaryň häkimiýeti eýýäm konsititusiýa we parlament tarapyndan çäklendirilendir, şonuñ üçin monarha diňe hökümet ýolbaşçysyny bellemek we parlament tarapyndan işlenen kanunlary formal taýdan tassyklamak hukugy berlendir.

Häzirki zamanda döwleti dolandyrmaklygyň respublikan (respublika diýen latyn sözünden gelipip çykyp, döwlet, jemgyýetçilik işi diýmekligi añladýar) görnüşi giň ýaýrandyr. Dolandyrmagyň bu görnüşinde bolsa kanun çykaryjy häkimiýeti saýlawly parlament amala aşyrýar, ýerine yýetiriji häkimiýeti bolsa parlament tarapyndan tassyklanan hökümet ýerine ýetýär. Döwlet häkimiýetiň respublikan formasy parlament, prezident, garyşyk respublikalary görnüşlerine bölünýär. Olaryň bir-birinden tapawudy prezidenti saýlamaklygyň usuly we onuň ygtyýarlygynyň möçberi bilen tapawutlanýar. Parlament respublikasynda döwletiň baştutany parlament tarapyndan saýlanýar hem-de şol parlamente özüniñ işi barada hasabat bermäge borçlanýar. Bu ýagdaýda prezidente berilýän hukuklar çäklidir we ol hukuklar diňe

parlamentiň razyçylygy bilen, onuň bilen ylalaşyp durmuşa geçirilýär. Prezidentiň şeýle ýagdaýy Italiýanyň , Hindistanyň we ş.m. döwletleriň konstitusiýalarynda berkidilendir. Parlament respublikalarynda häkimiýetiň ýokary organy parlamentdit. Ol adatça, düzgün boýunça saýlanýar kähalatda bolsa bölekleýin bellenýär. Uly ýurtlarda parlament iki palataly, kiçi ýurtlarda ol köp halatda bir palataly bolýar. Mysal üçin Angliýada, Fransiýada, Italiýada parlamet iki palataly, Fransiýada bolsa bir palatalydyr. Parlamente giň hukuklar berlendir. Ol wagtal-wagtal öz işi barada hökümetiň hasabatyny talap edýär, möhüm syýasy çärelere sanksiýa berýär, kanunlary we beýleki kadaly aktlary kabul edýär, ol resminamalaryň proýektleri bolsa öňünden parlamentiň palatalarynda seredilýär. Parlament hökümetiň işine ynam bildirmän hem bilýär, eger-de şeýle ýagdaý ýüze çykan halatynda hökümet iş başyndan aýrylmaly bolýar. Parlamentiň syýasy ugry onuň syýasy partiýalardan durýanlygy, onuň düzümindäki partiýalaryň köpüsiniň daşary we içeri düzümi kesgitleýändigi bilen baglydyr. Parlamentiň syýasatyna lobbiler (häkimiýet wekillerine gizlen täsir etmek ulgamy) hem täsir edip bilýär. Lobbiler zor salmagyň dürli-dürli usullaryny we serişdelerini ulanýarlar, hat-da parlamenti satyn almaga çenli ulanyp, olardan degerli kanunlaryň kabul edilmegini, hökümet sargytlarynyň ýerleşdirilmegini gazanýarlar. Lobbizm ABŞ-da we Ýewropa ýurtlarynyň köpüsinde çuňňur kök urupdyr Lobbistler-ýokary hak tölenýän gizlin peýdakeşler, bähbitçiler, uly banklaryň, monopoliýalaryň peýdasy üçin aýry-aýry kanunlaryň kabul edilmegini, özlerine “amatly adamlaryň” utuşly wezipelere bellenilmegini gazanýarlar.

Prezident respublikasynda döwletiň baştutany , ýagny president parlament tarapyndan saýlanman, saýlawçylar kollegiýasy tarapyndan ýada gös-göni halk tarapyndan saýlanýar. Döwleti dolandyrmaklygyň bu görnüşinde prezidente giň we köpdürli ygtyýarlyklar berilýär. Prezident

respublikasynda hökümet prezidentiň özi terapyndan düzülýär. Ol hökümiýet bolsa parlamentiň öňünde däl-de gönüden-göni prezidente hasabat berýär. Prezident respublikasynda parlament prezident hökümetine ynam bildirmezlik bilen ony iş başyndan aýryp bilmeýär, onuñ tersine prezident belli bir şertlerde parlamenti goýberip bilýär. Prezident respublikasynyň bir mysaly ABŞ-dyr. Amerikanyň prezidenti ABŞ-nyñ içeri we daşary syýasatynyň esasy ugurlaryny kesgitleýär, ýurdy dolandyrýar. Ýerine ýetiriji häkimiýetiň ähli kararlary prezidentiň ygtyýarlygyndadyr.

Respublikanyñ garyşyk görnüşine parlament we prezident respublikalarynyñ alamatlarynyñ utgaşmagy, ýagny hökümetiñ prezidentiñ hem parlamentiñ öňündäki jogapkärçiligi häsiýetlidir . Respublikadanyñ garyşyk görnüşinde prezident gös-göni halk tarapyndan saýlanýar şeýle hem prezident hökümeti düzýär we onuň işine gözegçilik edýär. Garyşyk respublikada prezident parlamenti dargadyp bilýär. Garyşyk respublikada parlamentiñ hukuklary çäklendirilendir.

## § 4. Döwletiñ gurlyşynyñ görnüşleri

Döwletiñ gurlyşynyñ görnüşi- bu döwletiñ içki gurlyşyny, onuñ syýasy we territorial bölünişiniñ usulyny häsiýetlendirýän, bütin döwletiñ we onuñ düzüm bölekleriniñ organlarynyñ özara gatnaşygynyñ kesgitlenilişini şertlendirýän döwletiñ görnüşiniñ alamatydyr.

Döwletiñ gurlyşynyñ bu düşünjesi bilen merkezde we ýerlerde häkimiýetiñ bölünilişi häsiýetlendirilýär.Şu nukdaýnazardan ugur almak bilen döwletiñ gurlyşynyñ unitary, federatiw we konfederatiw görnüşlerini tapawutlandyrýarlar.

Unitar döwlet. Unitar döwlet- bu ýönekeý, bir bütewi döwlet bolup,onuñ düzüm bölekleri adminstratiw- teritoriýal

birlikleri emele getirýärler. Şeýle hem ol birliklerde döwlet özbaşdaklygynyñ alamatlary ýokdyr.Unitar döwletde ýokary organlaryñ we kanun çykarmaklygyñ ýeketäk ulgamy bardyr. Ol özbaşdak bolmadyk administratiw-territorýal birliklerden düzülendir. Unitar döwletiñ bir konstitusiýasy we raýatlygy bardyr. Unitar döwlete mysal edip, Türkmenistan, Polşa, Wengriýa, Bolgariýa,Italiýa ýaly döwletleri görkezmek bolar.

Federasiýa-döwlet gurluşynyň çylşyrymly görnüşi bolup, ol belli bir derejede döwlet özbaşdaklygyndan hem-de döwletliligiñ beýleki käbir alamatlaryndan peýdalanýan birlikleriñ bir döwleti, döwlet birleşmesini emele getirmegidir. Federasýada iñ ýokary federal organlar we federal kanunçylyk bilen bir hatarda federasiýanyñ subýektleriniñ hem ýokaty organlary we kanunçylygy bardyr. Federasiýalar onuñ subýektleriniň hem merkeziň arasyndaky gatnşyklaryñ esasynda gurulýar. Federasiýalara mysal edip, ABŞ, Awstriýa, Argentina, Braziliýa, Kanada, Malaziýa, Meksika, Rusýa, GFR ýaly döwletleri görkezmek bolar.

Konfederasiýa- özbaşdak döwletleriň wagtlýyn birleşmesi bolup, syýasy, ykdysady, harby we ş.m. özara maksatlary amala aşyrmaklyk üçin döredilýär. Konfederasiýanyň her bir agzasy, döwlet özbaşdaklygyny saklap, beýleki döwletler bilen meýletin birleşip, merkeze çäklendirilen ygtyýarlykda,ýagny köplenç ýagdaýda goranyşda, daşary syýasatda, trasportda we aragatnaşykda boýun bolýar. Konfederasiýnyñ özbaşdaklygy şeýle hem merkezi döwlet aparaty we bir bütewi kanun çykaryjy ulgamy ýokdyr.Konfederasiýanyñ mysaly hökmünde , 1776-1787-njy ýyllarda ABŞ, 1848-nji ýyla çenli Şwesariýa, Germaniýa 1815-1867-nji ýyllarda we ş.m. görkezmek bolar.

## § 5. Syýasy düzginler: düşünjsi we alamatlary

Syýasy düzgin- bu syýasy häkimiýeti amala aşyrmaklygyñ usullaryñ we serişdeleriniñ ulgamydyr. Döwletde bolup geçýän hemme üýtgeşiklikler ilki bilen onuñ düzgüninde şöhlelenýär, ol bolsa öz gezeginde döwleti dolandyrmaklygyñ we döwletiñ gurnalyşynyñ formalaryna täsir edýär.

"Syýasy düzgin " we "Syýasy ulgam " düşünjeleri özaralarynda berk baglanşyklydyr. Eger-de bularyñ birinjisi jemgyýetiñ syýasy durmuşyna we syýasy häkimiýeti amala aşyrmaklyga gatnaşýan institutlaryñ toplumyny grkezýän bolsa, olaryñ ikinjisi- şol häkimiýetiñ nähili amala aşyrylýandygyny, ol institutlaryñ nähili hereket edýändigini (demokratik ýa-da demokratik däl) görkezýär. Syýasy düzgünler dürli-dürlidir.Ylymda dünýäniñ ýurtlarynda gabat gelýän syýasy düzgünleri dört sany görnüşe bölmeklik kabul edilen. Syýasy düzgünler totalitar, awtoritar, liberal we demokratik ýaly görnüşlere bölünýär.Syýasy düzgün düşünjesi häkimiýetiñ esasy ugamlaryny añltmakda esasy bolup durýar. Jemgyýetiñ syýasy gurlyşyna hut syýasy düzgünlere görä baha berilýär. Syýasy düzgün ol ýa-da beýleki ýurtda belli bir döwürde we onuñ taryhy ösüşinde bar bolan syýasy klimaty döredýär.

"Syýasy düzgin " düşünjsi özüne şu aşakdaky alamatlary birikdirýär:

- syýasy häkimiýeti kemala geirmekligiñ mehanizmlerine halkyñ gatnaşygynyñ derejsi, şeýle hem şol mehanizmleriñ usullarynyñ bolmagy;
- adamyñ we raýatyñ hukuklarynyñ we borçlarynyñ döwlet hukuklary bilen gatnaşygy;
- şahsyýetiñ hukuklarynyñ we azatlyklarynyñ kepillendirilmegi;
- jemgyýetde häkimiýeti amala aşyrmaklygyñ hakyky mehanizmleriniñ häsiýetnamasy;

- köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniñ ýagdaýy, jemgyýetdäki we döwlet apparatyndaky aç-açanlyk;
- döwlete degişli bolmadyk guramalaryñ jemgyýetiñ syýasy ulgamyndaky orny we roly;
- häkimiýetiñ kanun çykaryjy we ýerine ýetiriji şahalarynyñ arasyndaky gatnaşyk;
- raýatlar bilen wezipeli adamlaryñ gatnaşygynyñ hukuk sazlaýjysynyñ häsiýetnamasy;
- syýsay özüñi alyp baryşyñ tipi;
- syýsay liderligiñ häsiýeti;
- syýasy çözgütler kabul edilende azlyklaryñ bähbitleriniñ göz öñüne tutulmagy;
- syýasy häkimiýet amala aşyrylanda kesgitli usullaryñ (ynandyrmak, mejbur etmek we ş. m.) agdyklyk etmegi;
- jemgyýetçilik durmuşynyñ ähli gurşawlarynda kanunyñ esasy bolmagy;
- jemgyýetiñ we häkimiýetiñ özara gatnaşygynyñ prinsipleri;
- goşunyñ, polisiýanyñ ,döwlet howpsyzlyk organlarynyñ we ş.m. jemgyýetdäki syýasy we hukuk ýagdaýy;
- syýasy plýuralizmiñ derejesi;

Şu ýokarda bellenilen alamatlar umumylykda "syýasy düzgün" düşünjesiniñ mazmunyny düzýär.

Totalitar düzgün. "Totalitar" diýen söz (totalis- bütin diýen manyny añladýan latyn sözünden) syýasat ylmynda giñden ulanylýar. Totalitar düzgüniñ esasy aýratynlygy häkimiýetiñ jemgyýetiñ üstünden doly, tutuşlaýyn gözegçilik edýänligidir. Şeýle düzgün ýöredýän ýurtda häkimiýet jemgyýetçilik durmuşyny tutuşlygyna öz göz astynda saklaýar. Häkimiýet diñe bir ykdysadyýeti, medeniýeti we maglumatlary öz gözegçiliginde saklaman, eýsem, adamlaryñ şahsy durmuşyna hem aralaşyp, olary erkin ýaşamakdan, özbaşdak pikir ýöretmekden we hereket etmekden mahrum edýär.

Awtoritar düzgün. Bu düzgün hem kop babatda totalitar düzgün bilen meñzeşdir. Onuñ esasy üýtgeşikligi syýasy häkimiýetiñ jemgyýetiñ durmuşyna gatyşmaklygy, ony gözegçilik astynda saklamaklygy, totalitar düzgün bilen deñeşdirilende, birneme gowşagrakdyr.

Liberal düzgün. Bu düzgüni belli bir derejede geçiş häsiýetli düzgün hökmünde hasiýetlendirmek mümkin. Ol, köplenç gysga döwürde dowam edip, köne düzgüniñ we täze emele geljek düzgüniñ häsiýetli aýratynlyklaryny özünde jemleýär. Häkimiýetiñ jemgyýetiñ durmuşyna goşulmaklygy aradan aýrylyp başlanýar. Raýatlara syýasata goşulmaklyga mümkinçilik berlip,olar syýasat barada öz pikirlerini we garaýyşlaryny beýan etmeklige başlaýarlar. Adam hukuklarynyñ çägi giñelip başlaýar.

Demokratik düzgün. Demokratiýa asyl manysynda halk häkimiýeti diýmekdir.Ol özüniñ düýp mazmuny we häsiýetli alamatlary boýunça diktaturanyñ gös-göni gapma-garşysydyr. Beýle diýildigi olaryñ ikisi haýsy-da bolsa bir ýurtda bir wagtyñ özünde bilelikde dowam edip bilmezler diýildigidir. Haýsy bir ýurtda häkimiýet diktatura formasynda dowam edýän bolsa şol ýurtda hakyky demokratiýanyñ bolmagy mümkin däldir. Munuñ tersine, haýsy bir ýurtda hakyky demokratik prinsipler amala aşyrylýan bolsa şol ýurtda diktatura bolup bilmez.

Demokratiýanyñ esasy häsiýetli alamatlary: halk döwlet häkimiýetiniñ ýeke-täk gözbaşy hökmünde ykrar edilýär; döwletiñ özygtyýarlylygyny halk amala aşyrýar; halk döwlet häkimiýetiniñ hemme organlaryna gözegçiligi amala aşyrýar; raýatlaryñ kanun öñünde deñ hukuklylygy üpjin edilýär; şahsyýet azatlygy we raýatlyk hukuklary üpjin edilýär; döwletiñ esasy organlary saýlawly bolýar we ş.m.. Demokratik döwletde halk öz häkimiýetini iki ýol bilen amala aşyrýar. Olaryñ birinjisi gös-göni demokratiýa formasynda. Munda halk öz erk-isleglarini ýygnaklarda, gös-göni president

saýlawlarynda ýa-da möhüm meseleler boýunça geçirilýän sala salyşyklarda (referendumlarda) aç-açan beýan edýär. Olaryñ ikinjisi wekilçilikli demokratiýa formasynda. Munda halk öz erk-islegini özüniñ saýlan wekilleriniñ, deputatlaryñ üsti bilen amala aşyrýar. Syýasy durmuş demokratik düzgün esasynda yöredilen halatynda, häkimiýet bilen halkyñ gatnaşygy deñ esaslarda alnyp barylýar. Häkimiýet halk tarapyndan saýlanylýar. Halk häkimiýetiñ işine baha berip, gerek boln halatynda, oña öz öñ saýlan wekillerini başgalara çalşyp bilýär. Häkimiýet jemgyýetçilik durmuşyna diñe kanun esasda gatyşyp bilýär.

## § 6. Hukuk döwleti

Hukuk döwleti hakyndaky taglymat ir wagtlarda döräpdir. Ol antik döwrüñ akyldarlarynyň işlerinde aňladylypdyr. Ýöne hukuk döwleti ideýasy hakyky durmuşda özüne ýoly örän kynçylyk bilen açdy. Ol uzak wagtlap köp ýurtlarda ykrar edilmedi. Sowet Soýuzynda hukuk ylmynda hukuk döwleti hakyndaky ideýa işlenilmändir, çünki SSSR-de döwlet häkimiýeti hukuga dälde añyýete (ideologiýa) daýanýardy. Hukuk döwletiniň esasy prinsipi jemgyýetçilik ýaşaýşynyň hemme gurşawlarynda kanunyň ýokary tutulmagydyr. Bu düzgün döwletiň hemme organlarynyň, wezipeli adamlaryň we raýatlaryñ kanun bilen bagly bolmagy, şahsyýetiň azatlygynyň, hukugynyň, namysynyň we mertebesiniň mizemezligi, onuň döwlet tarapyndan goralmagy we kepillendirilmegi, kanun esasynda döwletiň we şahsyýetiň ikitaraplaýyn jogapkärçiligi, kanunlaryň we beýleki normatiw hukuk aktlarynyň durmuşa geçirilmegine netijeli gözegçilik, döwletde häkimiýetiň bölünmegi, hemme raýatlaryñ kanun öňünde deň hukuklylygy ýaly talaplarda durmuşa geçirilýär. Demokratik institutlaryň mundan beýläkde ösmegi üçin häkimiýetiň kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we sud häkimiýetlerine bölünmeginiň uly

ähmiýeti bardyr. Häkimiýeti bölmeklik ideýasy Beýik Fransuz rewolýusiýasynyň kanunçylyk aktlarynda we ABŞ-nyň konstitusiýasynda aýratyn bir konstitusion prinsipleriniň biri boldy. Nemes filosofy I. Kant öz işinde döwletiň möhüm alamaty hökmünde kanunyň ýokary durýandygyny görkezmek bilen, ol kanun çykaryjy häkimiýetiň bolmagyny oňyn hasaplapdyr. Häkimiýetiň bölünmek prinsipiniň mazmuny kanun çykaryjy häkimiýete kanunlary, beýleki normatiw hukuk aktlaryny taýýarlamak we kabul etmek we ş.m. hukuklaryň berilmeginden ybaratdyr. Ýerine ýetiriji häkimiýet adatça kanun çykaryjy organlar tarapyndan düzülýär, hem-de kanun çykaryjy organlaryň gözegçiliginde bolmak bilen, oňa hasabat bermýär. Ýerine ýetiriji häkimiýet kanun esasynda we kanunyň çäginde hereket edýär.

**Iş ýüzünde ýerine ýetiriji häkimiýet özbaşdakdyr we jemgyýetiň syýasy ulgamynda möhüm rol oýnaýar hem-de onuñ esasy instituty bolup durýar.**

**Sud (kazyýet) häkimiýeti kanunyň çykaryjy we ýerine ýetiriji häkimiýetlere garaşly däldir. Kazyýet kanunyň goragynda durýar. Ony her hili bozulmalardan goraýar. Şol wezipäni çözmek bilen hem kanuny goldaýar.**

Häkimiýetiñ her bir şahasy kanun boýunça özüne degişli ygtyýarlyklaryñ çäginde hereket edip, biri-birine garaşsyz bolmaly. Şeýle bölünişik şertlerinde hereket edýän häkimiýet bir elde jemlenip bilmeýär. Häkimiýetde özboluşly deñagramlylyk emele gelýär. Häzirkizaman dünýäsiniñ köp döwletlerinde häkimiýet bölünişigi ýörelgesi esasy ýörelge hökmünde ulanylýar. Hukuk döwletiniň esasy alamatlary şu aşakdakylardyr:

- raýat jemgyýetiniň ösüş aýratynlygy;
- hojalyk işiniň asuda şertlerde ýöredilmegi, döwletiň işiniň, şahsy azatlygyñ we hukuk goranşynyň çäklendirilmegi;
- hemme raýatlaryň deň hukuklylygy, döwlet kanunlarynyñ hemme adamlar üçin deň bolmagy;

- halkyň özbaşdaklygy;
- döwletiň kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetlerine bölünmegi;

Şular bilen birlikde hukuk döwleti şahsyýetiň absolýut azatlygyny kepillendirmeýär. Her kimiň azatlygy beýleki biriniň azatlylygyny bozan ýagdaýynda tamamlanýar.

## IV Bölüm. Syýasatdaky maksatlar we serişdeler

### § 1. Syýasarda maksatlaryň we serişdeleriň gatnaşygy

Syýasat öz düýp manysy boýunça maksada esaslandyrylan işdir. Bu onün haýsy hem bolsa bir maksat üçin döräp, şol maksat üçün hem amala aşyrylýandygyny aňladýar. Maksat, serişde we netije syýasy işiň ýa-da haysydyr bir başga işiň hem esasy düzüm bölekleridir. Maksat - adam añynda işlenen ideýal netijedir, şol maksada ýetmeklik üçin iş amala aşyrylýar. Ol syýasy işde gurnaýjy we herekede getiriji (motiwleýji) wezipäni ýerine ýetirýär.

Syýasatyň maksatlary öz içinde biri-birine garşylykly we dürli-dürlidir. Sosial ulgamda umumy maksat dürli synplardan düzülýän jemgyýeti bütewileşdirmek (integrirlemek), raýatlaryñ biri- birniñkä ters gelýän hususy bähbitlerini bütin jemgyýetiň maksatlary bilen birikdirmekdir. Hususy we umumy maksatlaryň sazlaşygynyň kepili hökmünde döwlet gulluk edýär.

Platon syýasatyň iň ýokary maksadyny ýüze çykarypdyr. Özüniň “Syýasatçy” diýen eserinde ol şeýle ýazýar: “Bu şa sungaty akylly, batyr adamlaryň ahlagyny , bir pikirlilik we dosluk bilen gös-göni birikdirýär. Şeýlelik bilen ajaýyp, iň owadan mata döreýär”. Syýasatyň serişdelerini, maksatlaryny durmuşa geçirmekde, ideal pikirleri hakyky herekete öwürmekde ulanylýan gurallar düzülýär. Syýasatyň “serişdesi” we “usuly” diýen düşünjeler bir-birine ýakyn

düşünjelerdir. Serişde – bu syýasatyň subýektleriniň obýektlere täsir etmekligindäki anyk faktorlardyr, ýagny wagyz-nesihat kompaniýalary, ýaragly hereketler, elektoral göreş we ş.m.

Syýasatyň usullary - adatça serişdäniň täsir ediş usulyny häsiýetlendirýär. Bu usullara lki bilen zorlukly we zorluksyz , mejbur etmek we ynandyrmak ýaly usullar degişlidir.

Syýasatyň netijesine we onuň nähili derejede ahlaklylygyna maksadyň we serişdäniň täsiri baradaky meseleler gadymy döwürlerden bäri jedelli bolup gelýär. Bu meselä bolan birnäçe garaýyşlaryň içinden esasy üç sanysyny ýüze çykarmak bolar:

1. Syýasayň ahlak häsiýeti onuň maksady bilen kesgitlenilýär.
2. Syýasatyň ahlakly bolmagyna uly täsir edýän ulanylýan serişdelerdir.
3. Syýasatyñ maksady ýaly serişdesi hem bir-biri bilen deň ölçegli bolmalydyrlar.

Syýasat ylmynda “maksady dominirleýji” çemeleşmäniň belli tarapdarlary

N. Makiawelli (nazaryýetçi hökmünde) we W.I Lenin (tejribeçi hökmünde) bolupdyr. Olar gowy maksatlara ýetmek üçin syýasatda ahlaksyz serişdeleriň ulanylmagyny goldaýarlar.Ýöne şonda-da “maksat serişdäni aklaýar” diýen tezis iýezuitlerde has aýdyñ nazary esaslandyrma we tejribede amala aşyrylmagyna duçar bolupdyr. 1534-nji ýylda Parižde döredilen iýezuit ördeni häzir hem bar. Bu öz dininiň ykrar edilmegi üçin hemme serişdeleri peýdalanýan söweşjeň gurama. Bu orden berk merkezleşdirilen we polat tertipde gurnalandyr.

Köp asyrlaryň dowamynda jemgyýetçilik pikirinde ahlakly, bähbitli maksatlara ýetmek üçin ahlaksyz serişdeleriň ulanylmagy ( mysal üçin ýalan) bolup biler diýen pikirler bar. 1980-nji ýylda Berlin akademiýasy tarapyndan gurnalan

konkurusda Frederik Kastilon ýeňiji bolýar. Ýagny ol “halk üçin ony aldamaklyk, düşnüksizlige ýa-da ony nädogry azaşdyrmalara salmaklyk peýdalymy?” diýen soraga “halkyň ahlak we medeni derejesini göz öňüne tutup, onuň aldanylmagy ýa-da düşünüksizlikde galdyrylmagy niýetlere, maksatlara degişlilikde bir şert bilen, ýagny dogrudanam ol halkyň bagtynyň sebäbi bolýan bolsa häkimetiň hereketi ahlaklydyr” diýip jogap beripdir. Dünýäde häzirki zaman syýasatynda ýalan, maglumatlaryñ gizlenilmegi giňden ýaýrandyr we köp adamlar tarapyndan syýasy garşylygyň mümkin bolan serişdesi hasaplanylýar. Ýöne şonda-da umuman ylym we jemgyýetçilik pikri häzirki günde muňa otrisiatel baha berýärler.

Syýasat ylmynda “serişde dominirleýji” çemeleşme ilkinji nobatda syýasatyň zorluksyzlygynyň ideologlary tarapyndan öňe sürülýär. Bu hereketiň iň görnüklileriniň biri, Hindistanyñ milli azat edijilik göreşiniň lideri Mahatma Gandi (1869-1948), ol “Jemgiýetiň ösüşiniň derejesi ilki bilen adamlaryň ahlak kämilligi bilen kesgitlenilýär” diýip hasaplapdyr. Ahlaklylyk ilki bilen syýasatda ulanylýan serişdeleriň üsti bilen hakykata öwrülýär. Syýasatdaky serişdäniň özi adamyň ahlak erkini aňladýar. Serişdäniň maksadyň üstünden artykmaçlyklary bar hem-de ol adam ölçegleri bilen syýasatyň esasy ahlak çäkleri bolup durýar.

Maksatlaryň we serişdeleriň gatnaşygynyň üçünji “ylalaşykly” çemeleşigi syýasatda maksadyň hem, serişdäniň hem ahlak ähmetini göz öňünde tutup, olaryň biriniň artykmaçlyk etmeginden daşda durýar. Syýasatda bu alamatlaryñ hersi özüniň örän wajyp rolyny oýnaýar. Her bir syýasat maksatdan başlaýar. Maksat hemme hereketleri we olaryň netijelerini bir ýeke-täk ulgama birikdirýär, syýasy täsiriň obýektlerini, garşydaşlary we soýuzdaşlary öňünden kesgitleýär.

Maksat bilen serişdäniň (şeýle hem serişdäni ulanmaklygyñ usullarynyñ) arasynda özara täsir bar. Bir

tarapdan maksat we ony amala aşyrmagyň şertleri köp halatlarda ulanyljak serişdeleri öňünden kesgitleýärler, başga bir tarapdan serişde-gazanylan netijä gös-göni täsir etmek bilen maksadyň hakykydygyny ýa-da utopikidigini, onuň üýtgedilmegini ýa-da maksatdan boýun gaçyrylmagyny kesgitleýär. Syýasatda maksadyň we serişdäniň biledigine onuň ahlak nukdaýnazaryndan has ynandyryjy beýanyny N.A. Berdýaew berýär. Ol “maksat ýatdan çykyp uzaklara gidýär, serişde bolsa gös-göni hakykat bolyp galýar” diýip belleýär. Kommunistik hereketiň tejribesi syýasatda maksat bilen serişdäniň özara gatnaşygyna şeýle çemeleşmäniň, dogrydgyny tassyklaýar.

Ahlaksyz hereketleriň syýasata negatiw täsirine seretmezden, kähalatlarda olardan düýpli boýun towlamak has ýaramaz netijelere getirýär. Syýasatyň maksatlarynyň we serişdeleriniň arasyndaky garşylyklar hakykatdyr. Ol garşylyklary maksatdan boýun towlamak bilen mydama çözüp bolmaýar. Şeýle garşylyklary syýasatyň maksatlarynyň serişdeleriniň ahlak deňölçegliligi bilen çözüp bolýar. Olaryň biri käbir beýlekisinden has ähmiýetlidir. Mysal üçin: beýleki adamlary halas etmek üçin janyňdan geçmek, garyp adamlar üçin öz girdeýjiň belli bir bölegini geçeninden has ahlakly işdir. Platon we Makiawelli ýaly geçmişiň hemme akyldarlary syýasatda halas bolmak üçin ýalanyň ulanylmagyny kesgitli goldamandyrlar , mysal üçin, görnükli filosof-gumanist Imanuel Kant umuman hemme aldawa otrisatel garamak bilen, syýasatda hakykata garanyňda ýalanyň ahlakly bolýan ýagdaýlardan daşda durmaklygy maslahat berýär.

Häzirki zaman ylmyna haýsy serişdeleriň durmuşyň ähli ýagdaýlary üçin ahlaklydygyny we täsirlidigini kesgitlemek entek başardanok, ýöne ol käbir syýasy maksatlara ýetmek üçin serişdeleriň ulanylmagynyň çäklerini kesgitleýär. Mysal üçin, häzirkizaman demokratik döwletlerinde syýasy terroryň ulanylmagy ýa-da toparyň bäbitlerine ýetmek üçin,

hatda gowy maksatlara ýetmek üçin hem ýaragly gozgalaňlaryň jemgyýetiň öňünde ahlaksyzdygy, jenaýatçylyklydygy ylym taýdan subut edilen, taryhy taýdan hem tassyklanandyr. Şonuň ýaly hem, halkara dawwaly meseleleri çözmek üçin ýadro ýa-da köpçülikleýin gyryş ýaraglaryny ulanmak ahlaksyzlykdyr.

Bu zatlar syýasy maksatlary amala aşyrmakda hemme serişdeleri peýdalanmaklygyñ bolmaýandygyna şaýatlyk edýär. Esasanam zorlukly serişdeler ahlak bilen bir ýere sygmaýar.

## § 2. Syýasatdaky zorluk gatnaşyklary we zorluksyzlyk

Syýasaty gadymdan bäri zorluk bilen baglanyşdyrylýar. Öň bellenilişi ýaly , syýasatyñ wajyp tapawutly alamaty onuñ guramaçylykly zorlugy ulanmagydyr. Öz territoriýasynda kanuny syýasy zorlugy diňe döwlet amala aşyryp bilýär, ýöne ony syýasatyň beýleki subýektleri (partiýalar, terrorçy guramalar, toparlar ýa-da aýratyn şahsyýetler) hem ulanyp biler.

Zorluk_– adamy we beýleki janly jandarlary ýok etmäge gönükdirilen, öňünden aňlanan hereketdir. Zorluk fiziki, ykdysady, psihologik we ş.m. bolup bilýär. Syýasata degişlilikdäki zorluk barada gürrüň edilende adatça fiziki zorluk göz öňüne tutulýar.

Syýasy zorluk- zorlugyň beýleki görnüşlerinden diňe bir fiziki mejbur etmek we adamy azatlykdan, ýaşaýyşyndan mahrum edip bilmegi bilen tapawutlanman, eýsem onuñ ulanylşynyň guramaçylyklylygy, giňligi, ulgamlaýynlygy we täsirliligi bilen hem tapawutlanýar.

Zorluk – bütin adamzat taryhynyň aýrylmaz bölegidir. Syýasy we jemgyýetçilik pikrinde taryhda zorlugyň roly barada dürli-dürli we gös-göni garşylykly pikirler bar. Ýewgeniý Dýuring zorluga jemgyýetçilik ösüşiniň aýgytlaýjy roluny

degişli edýär. Marksizm hem zorluga şoňa ýakynrak baha berýär. Ol zorluga syýasy jemgyýetiň aýrylmaz alamaty hökmünde seredýär.

Zorluksyz hereketleriň tarapdarlary her dürli zorlugyň syýasy roluna negatiw baha berýärler.

Umuman zorluk diňe bir ahlaksyzlyk bolman, ol jemgyýeti ýykyjy hadysadyr. Ýöne şonda-da entek adamzada zorluksyz ýaşamak başardanok.

Döwletlriň içinde we olaryň arasyndaky gatnaşyklardaky sosiýal zorluga hem-de olary amala aşyrmaklygyň formalaryna, ölçeglerine baha bermekde esasy faktor bolan syýasy gurluşyň häsiýeti (awtoritar, totalitar we demokratik) täsir edýär.

XX asyryň ahyrynda ýadro we köpçülikleýin gyryş ýaraglarynyň beýleki görnüşleriniň ýaýramagy bilen sosiýal zorlugyň diňe bir ynsanperwerliksiz manysy ýitileşmän, eýsem ony geljekde çäklendirmek üçin gowy şertler hem döredi. Bu ynsanperwer (gumanizm) ideýalarynyň ýaýradylmagy bilen baglanşykly, häzirkizaman dünýäde parahatçylygy, azatlygy, demokratiýany, adam hukuklaryny we ş.m. yaýratmak, şeýle hem gös-göni zorluga daýanýan awtoritar we totalitar düzgünleriň köpüsiniň ýykylmagy bilen baglanşyklydyr.

Köp asyrlaryň dowamynda adamzadyň iň gowy akyllary zorlugyň jemgyýetçilik we syýasy durmuşda düýbünden ýok bolmagy barada alada edýär. Zorluk etmezlik hakyndaky ideýalar çuň gadymyýetde dini pikirde - buddizmde, induizmde, konfusiançylykda, iudaizmde, hristiýançylykda we musulmançylykda peýda bolupdyr.

Zorluksyzlyk taglymatyna uly goşant goşanlar rus ýazyjylary we filosoflary, aýratyn hem L.N.Tolstoý şeýle hem F.M. Dostoýewskiý. Amerikada zorluksyzlyk ideýasynyň görnükli wekili belli ýazyjy we filosof Genri Toro (1817-1862).

Zorluksyzlyk taglymatynyñ ösüşiniň we ony hakyky syýasata ornaşdyrylmagynyň esasy döwri Mahatma Gandiniň ady bilen baglanşyklydyr.

Syýasatdaky zorluksyzlyk taglymatynyñ asyl manysy dawalary (konflikt) çözmekde we dawaly meseleleri sazlamakda ynsanperwerligiñ we ahlagyň esasynda hereket edip, güýç ulanmazlykdadyr.

## V Bölüm. Syýasy partiýalar we partiýa ulgamlary

### §1. Partiýalaryň döreýşi. Syýasy partiýalryň alamatlary

Syýasy sahnada dürli syýasy güýçler hereket edýärler, olaryň käbiri öz bähbitleri ugrunda açyk göreşýärler, käbiri bolsa gizlin hereket edýärler. Syýasy sahnada hereket edýän syýasy güýçleriň has täsirlisi partiýalardyr.

Toparlaýyn we indiwidual bähbitleri öňe sürmeklikde hem-de wekilçilik nukdaýnazaryndan syýasy partiýalar raýat jemgyýetiniň esasy alamaty bolup çykyş edýärler. Syýasy güýçler raýat jemgyýetinde döräp, onuň toparlarynyň bähbitlerini añladyp, döwlet bilen raýat jemgyýetiniň arasynda birikdiriji köpri bolup hyzmat edýär.

Häzirki zaman düşünjesinde syýasy partiýalar XIX asyryň II-nji ýarymynda döreýärler. Partiýa adalgasynyñ özi bolsa (Part-haýsydyr bir zadyň bölegi syýasy) partiýalaryň döremeginden öňem ulanylypdyr.

Alym M. Weber taryhy prosesde partiýalaryň syýasy institut hökmünde döremegini üç döwre bölüpdir:

1. Partiýalaryň aristokratik toparlar hökmünde ýaşamagy.
2. Partiýalaryñ syýasy klublar hökmünde ýaşamagy.
3. Häzirki zaman köpçülikleýin partiýalar.

XVII asyrda Angliýada korolewa Ýelizoweta Týudoryň ölüminden soň, onuñ özünden soň gös-göni mirasdary

bolmanlygy sebäpli tagt ugrundaky jedeller başlanýar. Şol jedelleriň netijesinde bolsa dürli-dürli syýasy güýçler döräp başlaýär.

Ýakow I Stýuart (1603-1625) we Karl I Stýuart (1625-1649) tagt ugrynda özara göreş alyp barypdyrlar. Olar öz häkimiýetleriniñ "hudaý tarapyndan" berlendigi hakyndaky pikire daýanypdyrlar hem-de ol häkimýeti hiç kimiň çäklendirip bilmejekdigine ynanypdyrlar. Ýöne iňlis jemgyýetinde beýle pikire hemmeler uýmandyrlar. 1628-nji ýyldan tä 1640-njy ýyllar aralygynda Beýik Britaniýada parlament ýuwaş-ýuwaşdan ýaşamagyny bes edýär. Netijede iki sany partiýa döreýär. Olaryň biri korol häkimýetini gorap çykyş edýän-"kowalerler" partiýasy, olar Angliýanyñ häzirki konserwator partiýasynyñ düýbini tutujylardyr, ikinji partiýa bolsa "togalak kelleliler" partiýasy, olar Angliýanyň häzirki liberal partiýasynyň düýbüni tutujylar bolup durýarlar. Togalak kelleliler partiýasy parlament dolandyryş formasyny goldapdyrlar we buržuaziýanyň hem-de täze dörän baýlaryñ bähbitlerini gorap çykyş edipdirler.

Dürli toparlaryň bähbitleriniň biri-birinden tapawutlanmagy netijesinde partiýalaryň ilki başdaky umumymilli bähbitleri, toparlaryň bähbitlerini goraýan mehenizm bilen çalşylýar. Partiýalaryñ emele gelşi hakynda M. Weber tarapyndan ýüze çykarylan üç döwrüñ üçüsi hem diňe iňlis partiýalary- "wigiler" (liberal) we "toriler" (konserwatiw) geçdiler. Beýleki ýurtlardaky syýasy partiýalaryň taryhy birneme gysga. Mysal üçin, ABŞ-nyň Demokratik partiýasy XIX asyryň 1-nji ýarymynda, ýagny 1828-nji ýylda resmileşdirilýär.

Ol partiýa ilki dörände günorta plantatorlaryň we söwda, bank toparlarynyň bähbitlerini gorapdyr. Demokratik partiýa ABŞ-yň 3-nji prezidenti T. Jefferson ýolbaşçylyk edipdir. Demokratik partiýa özüniñ ideologik ugry boýunça nusgawy liberal partiýa bolupdyr, ýagny olar häkimýetiñ raýatlaryň

durmuşyna gatnaşygyny çäklendirmeli diýen nukdaý nazardan ugur alýarlar.

Ýöne XX asyryň ortalaryna çenli partiýanyň filosofiýasy üýtgedi. Eýýäm Ruzweltiň (1933-1945ý.), L. Džonsonyň (1963-1969ý.) döwürlerinde demokratlar jemgyýetçilik durmuşynda döwletiň raýat jemgyýetiniň işine gatyşmagynyň çäklerini giňeltdi, döwletiň ugrukdyryjy wezipesini şeýle hem döwletiň sosial dawalaryñ öňüni almaklyk, jemgyýetdäki bähbitleriň deñagramlylygyny saklamak ukubyny güýçlendirdiler.

ABŞ-yň ikinji partiýasy – respublikan partiýa 1854-nji ýylda prezident A.Linkolynyň (1861-1865ý.) gönüden-göni gatnaşmagynda döredildi. Ol ilki dörände ýurduň kapitalistik ösüşiniň tarapdarlaryny birikdirdi we demirgazygyň senagat buržuaziýasynyň bähbitlerini öňe sürdi. Bu partiýanyň ideologik doktrinasy döwletiň raýat jemgyýetiniň işine goşulmagynyñ çäklendirilmekligini, salgytlaryñ azaldylmagyny talap etmekden durýar.

Häzirki zamanda Amerikanyň iki partiýasy hem mümkin boldugyça adamlaryň giň köpçüliginiň bähbitlerini beýan etmäge çalyşýarlar.

Syýasy partiýanyň ilkinji alamaty, ýagny umumy bähbitleri öňe sürýän her bir topara partiýa diýip bolmaýar.

Amerikan alymlary Dj. Lapalambara we M. Weýner özleriniñ "Syýasy partiýalar we syýasy ösüşler" diýlip atlandyrylýan işinde, syýasy partiýalary beýleki syýasy guramalardan, hereketlerden tapawutlandyrýan birnäçe alamatlary ýüze çykarypdyrlar. Olar syýasy partiýlaryň dört alamatyny tapawutlandyrdylar:

- partiýa – adamlaryň uzak wagtlap birleşýän guramasydyr. Bu garamanyň uzak möhletliligi ony fraksiýadan, kiçi birleşmelerden tapawutlandyrmaga mümkinçilik berýär;
- onuñ häkimiýet bilen yzygiderli aragatnaşygy üpjün edýän guramalarynyň bolmagy;

- partiýanyň esasy maksady häkimiýeti ele almakdyr;
- halk tarapyndan goldanylmagy.

## § 2. Patiýalanyň görnüşleri we olaryň ýerine ýetirýän işi

Syýasy partiýalar örän köpdürli, şonuň üçin olary tipleşdirmek şertleýindir. Syýasy partiýalaryñ häzirki zamanda umumy kabul edilen we has şowly klassifikasiýasy M. Dýuwerže degişlidir. Ol partiýalary onuñ içki durmuşynyň gurluşyna we düzümine esaslanyp bölüpdir. M. Dýuwerže kadrlar hem-de köpçülikleýin partiýalary ýüze çykarypdyr. M. Dýuwerženiñ kadrlar partiýasy enmek saýlaw hukugy çäklendirilmänkä döräpdir. Ýapyk syýasy giňişlikde kadrlar partiýasy häkimlik ediji synplaryň, ilki bilen buržuaziýanyň syýasy bähbitlerini goraýan serişde bolupdyr. Olaryň maksady saýlawlarda ýeňmek, şonuň üçin olar öz agzalarynyñ sanyny köpeltmäge çalyşman, eýsem saýlawçylara täsir edip biljek elitalary birleşdirmäge synanşypdyrlar. Kadrlar partiýasynyň esasy düzüm bölekleri komitetlerdir. Olar territorial prinsipler boýunça döredilýär we agzalarynyň sany köp bolmaýar. Komitetleriň esasy wezipesi saýlawdan öňki kompaniýalary gurnamak we geçirmek. Komitetleriň agzalary häkimýet organlaryna saýlawlar üçin dalaşgärleri saýlaýarlar we olar hakyndaky jemgyýetçilik pikirini öwrenýärler. Komitetleriň işi saýlawlardan öň has işjeñleşýär, saýlawlardan soňra bolsa olaryñ işi gowşaýar. Komitetler awtonom ýagdaýynda, olar bir-biri bilen örän gowşak gatnaşykda bolýarlar. Komitetleriñ ähli işleri wezipä hödürlenilýän dalaşgäriñ daşynda jemlenýär, şeýle prinsiplerde gurnalan partiýalarda agzalyk tölegleri yzygiderli töleýän agzalyk guramalary ýok. Hut şu boldsa Dýuweržä olary “kadr partiýalary” diýip atlandyrmaga esas berýär.

Köpçülikleýin partiýalar ähliumumy saýlaw hukugynyň girizilmegi bilen döreýär. Bu partiýalar köpçülikleýin häsiýete eýe bolan, täze tipli partiýalardyr. Köpçülikleýin partiýalaryň ilkinji guramalary territorial we önümçilik prinsipi boýunça guralýar. Ýöne komitetlerden tapawutlykda olar täze agzalar üçin açyk bolýarlar. Ondan başgada köpçülikleýin partiýalaryň ilkinji guramalary öz agzalarynyñ sanyny köpeltmäge çalyşýarlar. Bu hem partiýanyň tölegleriñ hasabynda ýaşaýanlygyna şaýatlyk edýär. M.Dýuwerže köpçülikleýin partiýalaryň üç görnüşini ýüze çykarypdyr: sosialistik, kommunistik, faşistik. Günbatar jemgyýetiniň ykdysady, medeni, sosial gurşawlarynda üýtgeşmeleriň netijesinde amerikan syýasaty öwrenijisi Dž. Sortory Dýuweržiniň klasifikasyýasynyñ üstini ýene bir täze partiýa bolan- saýlawçylar partiýasy bilen doldurýar. Saýlawçylar partiýasy hiç hili ideologiýa bilen bagly bolmadyk, umumy milli bähbitleri goramaga çalyşýar. Şeýle partiýalara ýewropanyň sosial demokratik we ABŞ-nyň respublikan partiýasy degişlidir. Dýuweržiniň klasifikasyndan başgada Sortorynyň klasifikasiýasy bar. Ol partiýalary “Dolandyryjy” we “oppazision” partiýalara bölýär. Dolandyryjy partiýa – bu saýlawda üstün çykan we öz hökümetini döreden partiýadyr. Oppazision partiýa – saýlawlaryň netijesinde häkimýet wezipelerini amala aşyrmak mümkinçiliginden mahrum bolan partiýa ýa-da partiýalar birleşmesidir.

## § 3. Partiýa ulgamlarynyñ görnüşleri.

Bize belli bolşy ýaly syýasy partiýalar dürli gatlaklaryň we synplaryň bähbitlerini goramak üçin döreýärler. Partiýalaryň mukdary jemgyýetdäki sosial, ykdysady, medeni gatlaklaryň derejesine baglydyr, ýagny ol gatlaklaryñ sany näçe ýokary bolsa, şonça-da ol jemgyýet köppartiýalydyr. Şeýlelikde her partiýa bir sosial toparyň bähbitlerini goraýar.

Syýasy partiýalaryň we olaryň arasyndaky gatnaşyklaryň jemi partiýalaryñ ulgamyny emele getirýär. Partiýa ulgamlaryny mukdar we hil çäkleri boýunça tapawutlandyryp, bir partiýaly, iki we köp partiýaly ulgamlara bölýärler. Bir partiýaly ulgamda döwlet häkimýetinde ýeke-täk partiýa bar, adatca seyle ulgam totalitar ya-da awtoritar düzgünli jemgyýetlere hasiyetlidir. Iki partiyaly ulgamda partiyalaryn sany birnace, yone olaryn iksi has tasirli bolyar. Bu ulgam durnukly hokumeti doretmage mumkincilik beryar. Seyle hokumet jemgiyetde cunnur owrulisikler gecirmage ukyplydyr. Iki partiyaly ulgamyñ nusgawy mysaly hokuminde Beýik Britaniýany gorkezmek bolar. Yurtda hakimiet basyna leyboristik we konserwatiw partiyalar gezeklesip gecyar.

Kop partiyaly ulgamda yurdun syyasy durmusynda kop ya-da iki partiya işjeñ rol oynayar. Partiyalaryn koplugi sosial bahbitlerin cylsyrymlydygyny gorkezyar. Seyle ulgam mydama ylalaşygyn (kompromis) gozleginde bolyar, ýagny bu ýerde partiyalaryn hic birinin artyk syyasy hakimiyeti yok. Kop partiuyaly ulgamlara günbatar yurtlary giryar. Olarda ykdysady, milli, dini we ideologiya ayratynlyklary partiyalaryn koplugini doredyar. Mysal ucin: Italiyada- 14 partiya, Gollandiyada-12 partiýa, Swessiyada-30 partiýa, Daniyada-30 partiýa, Norwegiyada-bas we ondan-da kop partiyalar bar.

Partiya ulgamlary partiyalaryn syyasy agramy boyunca tapawutlandyrylyar. Syyasy partiyalaryn jemgyýetdäki orny, olaryn dowlete we jemgiyete tasiri birmenzes daldir. Jemgiyete we hakimiyete yetiryan syyasy tasirinin möçberi partiya ulgamynyñ icki gatnasyklarynyn hasiyetini kesgitleyar. Partiyalaryn syyasy tasiri uc alamatdan ybaratdyr:

- partiyanyn agzalarynyn sany;
- ona ses beren saylawcylaryn sany;
- partiyanyn saylawda alan deputat ýerleriniñ sany;

Syyasy “agramy” boyunca partiyalaryn dört sany tipi bar:

1. Maẑoritar partya- yagny mandatlaryn absolyut koplugini gazanan we oz syasy maksatnamasyny amala aşyrmaga hukuk gazanan partiya.

2. Mazoritar cagyrlyşly partiya, yagny hakimiýet basyndaky partiya calyssa

maẑoritar çagyrlyşly partiiya saylawda yenmage ukyply.

3. Dominirleji partiya, yagny deputat yerlerinin otnositel koplugini gazanan

partiya.

4. Minoritar partiya, yagny mandatlaryn az sanyny gazanan partiya.

Partiyalaryn jemgiyetcilik durmusundaky roluna we ornuna dusunmeklik ucin onun ýerine ýetirýän wezipelerini cykarmak hokman. Hazirki zaman sertlerinde syyasatnamacylar tarapyndan partiyanyn su asakdaky görnüşlerini tapawutlandyrýarlar:

1. Raýatlaryñ sosiýal syyasy anynyn doremegi we olaryñ bahbitlerinin birligi netijesinde birikmekligi.

2. Jemgiyetin yasayan syyasy we sosial-ykdysady yagdayyny kopculige dusundirmek.

3. Hakimyet ugrundaky gorese gatnasmak we dowletin isinin maksatnamasyny

duzmek.

4. Parlamentde partiýa birleşmesiniñ doredilmegi. Ol partiya bilen hakimyet organlarynyn arasyndaky araçy hokmunde bolýar.

5. Beyleki partiyalar bilen gatnasmagyn formalaryny we düzgünlerini islap duzmek.

6. Dowlet organlaryna oppozisiya doretmek.

7. Dowlet apparaty, kärdeşler arkalaşyklary, jemgiyetcilik guramalary ucin kadrlary tayyarlamak we one surmek.

8. Yaslary işjeñ syyasy, sosial- yksdysady islere cekmek.

Häzirki zamanda syýasy partiýalar jemgyýetiñ syýasy ulgamynda uly rol oýnaýarlar.

## VI Bölüm. Demokratik syýasy ulgamlarda saýlawlar

### § 1. Saýlaw hukugy düşünjesi

Sala salyşyklar we erkin saýlawlar syýasy ulgamyñ iň ýokary institutlary bolup çykyş edýärler. Bu institular özleriniñ hukuk özenleri ýaly birnäçe ýüzýyllyklaryň dowamynda döreýärler. Halk hukugy baradaky jemgyýetiň ylalaşygynyñ esasyny ilkinji bolup, T.Gobbs özüniň "Raýat barada" we "Lewiafan" diýen işlerinde beýan edipdir (1651 ý). T. Gobbsyñ garaýyşlary fransuz syýasy akyldary Ź.Ź.Russo tarapyndan hem öñe sürülipdir. XX asyrda häkimiýet organlarynyň saýlawly bolmagy jemgyýetiň durmuşynda tebigy hadysa hökmünde garaldy. "Ỳöne bu gün ähli saýlaw ulgamlaryny erkin demokratik saýlawlara degişli edip bolmaýar .Raýat jemgyýeti we döwlet ulgamy deň agramlaşan parlamentar döwletleri demokratik saýlawlar diňe bir simwoliki häsiýete eýe däldir" diýip ABŞ-nyň BMG-daky öňki ilçisi Dźin Krikpatrik belleýär. Demokratik saýlawlar döwürleýin bolmaly. Saýlaw sözüniň özi juda gadymydyr. Ilkinji gezek bu adalga gadymy Spartada ulanylypdyr. Bu ýerde umumyşäher saýlawlarynda belli adamlardan we uruglardan häkimiýet, häkimiýetiň iň ýokary organy saýlanylypdyr. Saýlawlar ses bermek, ýagny , gygyrmak arkaly geçirilipdir. Kime gaty gygyrsalar şol hem saýlanypdyr. Häzirki wagtda saýlawlar geçirilende gutydan (urna) peýdalanmaklyk beýleki bir grek şäheri bolan Afinada döräpdir. Eklessiýanyň (halk ýygnagy) gatnaşyjylary kanunlar kabul edilende, saýlawlarda, uruş yglan edilende ak ýa-da gara daşlary guta atypdyrlar. Gara daş garşylygyň, ak daş bolsa razylygyň alamaty bolupdyr.

Ses bermek hukugy – bu şahsyýetiñ iň esasy hukugydyr. Onsuz raýatlaryň syýasy durmuşdaky hemme beýleki hukuklary güýçsüzdir. Demokratik döwletleriň konstitusiýalarynda umumy halk saýlaw hukugy berkidilendir. Bu hemme adamlaryň saýlamaga hukuklary bar diýmeklikdir. Diňe kazyýet tarapyndan ykrar edilen psihiki näsag adamlar we tussaglykdaky adamlar saýlamaga we saýlanmaga bolan hukukdan mahrumdyrlar. Türkmenistanda 18 ýaşa ýeten raýatlara saýlaw hukugy berilýär. Saýlaw hukugy raýatlaryň döwlet organlaryna saýlamaga we saýlanmaga bolan hukugydyr. Saýlaw hukugy işjeñ ( aktiw) we işjeñ däl (passiw) bolup bilýär. Isjeñ saýlaw hukugy bolanda raýatlar saýlap we deputatlary saýlawlara gatnaşmaklyga çagyryp bilýär. Işjeñ däl saýlaw hukugy bolanda raýatyň özi saýlanýar ýa-da parlamentde ýa-da beýleki bir wekilçilikli guramalarda orun eýeleýärler.

Kimiň saýlaw hukugyndan peýdalanyp bilýändigi baradaky sowal hem wajypdyr. Şu ýönekeýje we düşünikli prinsipler döwletleriň demokratik döwletleriň esasy maksatlaryna öwrüldi. Ỳöne onda-da saýlaw dürli bahanalar bilen kanun tarapyndan çäklendirilipdir. Şeýle bahanalara salgytlar (senz) diýilýär. Saýlaw senźi – bu saýlawça we saýlanýana bildirilýän goşmaça talaplar. Olaryñ iñ giňden ýaýrany raýatlyk senzi, ýaş senzi ýaşaýyş möhletiniň senzi, olardan az ýaýranlary bolsa emläk, bilim we jyns senzleridir.

Ỳaş senzi- bu saýlamak ýa-da saýlanmak hukugynyñ belli bir ýaşdan berilmegidir. Raýat senzi -bu saýlawa gatnaşýanyñ şol döwletiň raýaty bolmaklygynyñ hökmanylygynyñ talap edilmegidir. Ỳaşaýyş dowamlylyk senzi-bu saýlawa we saýlanmaga hukugy diňe belli möhletiň dowamynda şol döwletde ýaşaýan raýatlara berilmegidir. Şu senzleriñ ählisi ähliumumylyk prinsipini we saýlawçylaryň sanyny çäklendirýär.

Saýlaw hukuklarynyň birnäçe prinsipleri bar. Olaryň biri deňlik prinsipidir. Bu prinsip özüne iň bolmanda iki sany şerti alýar. Birinjiden, her bir saýlawçyda sesleriň deň köplügi bolmaly. Köp ýagdaýlarda bir ses bolýar. Ikinjiden hemme saýlawçylar deň şertlerde ses berýärler. Bu prinsip jemgyýetiň ähli gatlaklarynyň ses agramlaryny deňleşdirýär.

Saýlawlaryň syry – bu prinsip raýatlara saýlawlaryň erkinligini kepil geçýär. Munda saýlawçy saýlaw kagyzlaryna erkin bellik edip, öz islän adamlaryny saýlap bilýärler. Gizlin saýlawlaryň ýerine ýetirilişine ýörite adamlar gözegçilik edýärler.

## § 2. Saýlaw ulgamynyň görnüşleri

Syýasy nazaryýet saýlaw ulgamyny üns bilen öwrenýär we onuň artyk we kem taraplaryny gözleýär. Saýlaw ulgamynyň iki sany esasy topary bar. Olar – mażoritar we proporsional wekilçilik ulgamy.

Mażoritar ulgam-öz adyny bu ulgam fransuz sözünden alypdyr (mażoritar-köpçülik). Şonuň bilen baglanyşykda her okrugdan bir deputat saýlanýar. Elbetde bu wezipä birnäçe kandidat (dalaşgär) bir bada dalaş edip biler. Saýlawlar-da iň köp ses alan dalaşgär bolsa, ýeňiji diýilip hasap ediler. Şunda köpçilik diýen düşünlje kesgitlenen bolmalydyr. Sesleriň absolýut köpligi bolanda berilen sesleriň 50%+ 1% bolýar. Otnositel köplügi bolanda bolsa, beýleki dalaşgärleriňkä garanda sesleriň köplügidir.

Saýlawlaryň mażoritar ulgamy ýönekeý we az wagtyň sarp edilmegini talap edýär.

Elbetde sesleriň absolýut köplügini gazanmaklygyň kynlygy düşnükli zat. Haçanda dalaşgärleriň hiç biri sesleriň absolýut köplügini gazanyp bilmese, saýlaw ulgamy bolsa, şony talap edýän ýagdaýynda näme etmeli diýen sorag ýüze çykýar. Çykalga bar: iň köp ses alan dalaşgärleriň ikisiniň

arasynda täzeden saýlawlaryň ikinji tapgyryny geçirýärler. Şol dalaşgärleriň haýsysy sesleriň otnositel köplügini gazansa, şony ýeňiji diýip yglan edýärler.

Elbetde Maźoritar ulgamyn hem özüne ýetik kemçilikleri bar. Şolaryň hem iň esasysy saýlawda ýeňilen dalaşgäre ses beren saýlawçylar öz gyzyklanmalaryny, pikirlerini öňe sürmek mümkinçiliklrinden mahrum bolýarlar. Şol bir wagtda-da bu ulgam saýlaw edaralarynda bir syýasy pozisiýada bolan saýlawçylaryň köpçiligini döretmäge mümkinçilik berýär. Şolar hem öz gezeginde durnukly syýasy hökümeti döredýärler.

Proporsional ulgamy.

Bu ulgam maźoritar ulgamdan çylşyrymlyrak görünýär. Proporsional ulgam diňe jemgiýetde birnäçe partiýa çykyş edýän wagtynda mümkindir. Her bir partiýa öz dalaşgärleriniň sanawyny (olary belli tertipde goýup) düzýär. Saýlawçy saýlawlara gelip belli adama dälde partiýa ses berýär. Şol wagt hem saýlaw kwotosy emele gelýär. Bu diýildigi parlamentde bir ýeri almak üçin gerek bolan sesleriň belli bir sanawy, köpçüligidir. Şol ýa-da beýleki partiýanyň näçe ýer alandygyny bilmek, sanamak üçin, ol ýa-da beýleki partiýa berlen sesleriň sanawyny alyp, ony saýlap şol kwota bölmeli. Alnan san parlamentdäki berlen partiýanyň gazanan orny görkezýär. Proporsional ulgamyň hem birnäçe ýetmezçilikleri, kemçilikleri bar. Ỳönekeý raýat üçin ol diýseň çylşyrymly kyn görünýär. Saýlawlaryň özleriniň hem belli bir adam üçin däl-de, partiýa üçin bolmagy hem saýlawlary “gizlin ” görnüşe getirýär.

Garyşyk saýlaw ulgamy. Garyşyk saýlaw ulgamynda bir saýlaw ulgamynyň alamatlary beýlekileriňki bilen gabat gelýär. Meselem: deputatlaryň bir bölegi partiýalardan, beýleki bir bölegi bolsa maźoritar ulgam boýunça saýlanyp bilýär. Şeýle ýagdaýlarda saýlawçy dalaşgäre iki gezek ses berýär. Bir ses öz okrugynyň adyndan çykyş edip, şol okrugyň ýaşaýyjysy hökmünde, ikinji gezek bolsa, bütin ýurduň

elektrotynyň wekili hökmünde, ol ýa-da beýleki partiýa ses berýär.

## § 3. Saýlaw prosesiniň esasy döwürleri

Saýlawlar-häzirki zaman syýasatyň iň wajyp alamatydyr. Olar raýatlaryň syýasy islegini kesgitli düzgünleriň üsti bilen häkimiýet we dolandyryş edaralaryny kemala getirmekligiň usulydyr. Saýlawlar dürli demokartik guramalarda: partiýalarda, kärdeşler arkalaşyklarynda, meýletin assosiasiýalarda, aksioner jemgyyetinde we ş.m. giňden ulanylýar. Biziň meselämizde gürrün esasan döwlet derejesindäki saýlawlar bara barýar.

Saýlaw prosesi kesgitli hukuk normalary we düzgünleri boýunça amala aşyrylýar, olar düzgünler bolsa konstitusiýada hem-de saýlaw kanunynlarynda berkidilýär. Saýlaw ulgamynyň esasy sazlaýjysy saýlaw ulgamy bolup durýar, ol saýlawlary gurnamaklygyň umumy prinsiplerini kesgitleýär. Bilşimiz ýaly saýlaw ulgamlarynyň iki esasy görnüşleri bar: mażoritar we proporsional.

Saýlawlary bellemek döwründe ses bermekligiň senesi bellenilýär.

Saýlaw ülüşleri. Bu ýörite territorial birlikler, döwletiň wekilçilikli edaralaryna we ýerli öz-özüňi dolandyryşa deputatlary saýlamak üçin raýatlary birleşdirýär. Olar ýörite döredilip hem bilinýär, ýöne kämahallar saýlaw ülüşleri hökmünde federasiýanyň subýektleriniň territoriýalary, ýa-da administratiw territorial bölünşigiň birlikleri hyzmat edip bilerler. Territoriýalary saýlaw ülüşlerine bolmak tertibi möhüm syýasy ähmiýete eýedir, sebäbi saýlawyň netijeleri oňa bagly bolup biler. Saýlaw ülüşlerinde saýlanylýanlaryň sanyna baglylykda saýlaw ülüşleri bir mandatly we köp mandatly görnüşlere bölünýärler. Saýlawçylaryň sesleriniň deňagramly ýaýradylmagyny üpjin etmek üçin bir mandatly saýlaw ülüşleri

ýaşaýyjylary deňeçerräk sanlylaryndan döredilýär. Köp mandatly saýlaw ülüşlerinde mandatlaryň sany deň bolsa, olar hem ýaşaýyjylarynyň sany boýunça deň bolmalydyr. Eger-de mandatlaryň sany dürli bolsa-da ol ülüşiň ilatynyň sanyna gabat gelmelidir.

Saýlaw edaralary. Bu edaralaryñ öñünde tutuş saýlaw proseslerine guramaçylykly ýolbaşçylyk etmeklik wezipesi goýulýar. Ol wezipelere şu aşakdakylar degişli:

- saýlaw ulgamy döwletiň syýasy-territorial gurluşynyň düzümine esaslanýar;
- ülüş edaralary saýlaw ülüşlerinde hereket edýärler;
- ýerlerdäki edaralar saýlaw ýerlerinde ses bermekligiň umumy ýeri boýunça saýlawçylary birleşdirýän territorial birlikdir;

Saýlaw ýerleri edaralary adatça saýlawlary bellige almagyny üpjin edýärler, ses bermekligi goraýarlar hem-de saýlaw ýerleri boýunça onuň netijelerini kesgitleýärler.

Wagt yzygiderligi we çözülýän meseleleriň aýratynlygyna baglylykda saýlaw prosesi birnäçe tapgyrlara döwürlere bölünýär: a)taýarlyk dowry, bu- syýasy meýdany häsiýetlendirýär, ýagny onda saýlawlar, şeýle hem saýlawyň geçirilmegine mümkinçilik döredýän guramaçylykly çäreler "ösüp ýetirşýär";

b) dalaşgäriñ öňe sürülmegi, olaryň hasaba alynmagy bilen tamamlanýar;

ç) wagyz- nesihat kompaniýasy; d) ses bermek we saýlawlaryň netijesini jemlemek. Soňky üç döwür saýlaw prosesini göni häsiýetlendirýär. Emma taýýarlyk döwri hem onuň ähli döwülrerine uly täsir edýär.

Saýlaw hemişe takyk jemgyýetçilik-syýasy gurşawda amala aşyrylýar, hut şonuñ özi hem onuň demokratik häsiýetini kesgitleýär. Bu gurşaw birnäçe ýagdaýlary öz içine alýar, onuň syýasy prosese bolan täsirini şöhlelendirýär.

Saýlawlar häzirkizamanda demokratiýany amala aşyrmaklygyñ esasy guralydyr.

# VII Bölüm. Syýasy medeniýet we syýasy aň

## § 1. Syýasy medeniýet düşünjesi we onuň mazmuny

Syýasy medeniýet raýatlaryň syýasy bilimleriniň, olaryñ syýasata berýän bahalarynyň we hereketleriniň derejesidir we häsiýesitidir, şonuň ýaly-da syýasy gatnaşyklary düzgünleşdirýän sosial gymmatlyklaryň, däp-dessurlaryñ mazmuny we jemidir. Bu kesgitleme syýasy medeniýet ýaly üýtgeşik sosial hadysanyň çylşyrymlygyny şöhlelendirip, şu aşakdaky alamatlary öz içine alýar:

- tutuş syýasat hakyndaky şol sanda hem syýasatyñ dürli gurşawlaryndaky bilimleriň belli bir derejede barlygy;
- syýasy hadysalara, partiýalara, hereketlere we aýry-aýry şahsyýetlere özbaşdak baha bermegi başarmaklyk;
- raýatyñ syýasy işe gatnaşmaga hem-de öz pikirini we erk- islegiňi aňlatmaga bolan ukyby;
- syýasy hereketlere oýnaşykly, dury akyl bilen baha bermegi başarmasklyk;

Ilkinji bolup «Syýasy medeniýet» adalgasyny XVIII asyrda nemes magaryfçysy I.Gerder (1744-1803ý.) peýdalanýar. Elbetde ol syýasy medeniýet diýen taglymatyñ syýasy ylmyna we tejribesine şeýle täsir eder diýip pikir hem edip bilen däldir.

Syýasy medeniýet umumy ykrar edilen düzgünleri öz içine alyp syýasy tejribäni kadalaşdyrmak, jemgyýetiň agzalarynyñ syýasy özüni alyp barmaklaryny sazlaşdyrmak ýaly gymmatlyklaryň jemini düzýär. Ol özünde diňe syýasy ideýalary, gymmatlyklary we syýasy gurluşy jemlemän, eýsem syýasy durmuşa täsir ediji faktor bolup durýar.

Syýasy medeniýet- çylşyrymly we köptaraplaýyn hadysadyr, şonuñ üçin hem ol baradaky kesgitlemeler,pikirler hem köpdürlidir. Häzirki wagtda “Syýasy medeniýet” diýlip añladylýan düşünje antiki döwrüñ akyldarlarynyñ hem ünsüni özüne çekipdir. Ýöne başda belleýimiz ýaly ilkinji gezek syýasy medeniýet düşünjesini ylmy aýlanşyga girizen XVIII asyryñ fransuz filosofy I. Gerder hasaplanylýar. Soñra bu düşünje ewropa we rus awtorlarynyñ syýasy-sosiologiki we medeni barlaglarynda duş gelýär. Mysal üçin günbatar awtorlary: M.Weber, O. Şpengler we başgalar, rus awtorlary: N.Ýa. Danilewskiý, W.O. Klýuçewskiý, P.A. Sorokin, N.A. Berdýaýew we başgalar. Syýasy medeniýet hakyndaky ilkinji taglymatlar XX asyryñ 50-60-njy ýyllarda döreýär. Bu taglymaty özbaşdak barlag pudagy hökmünde G.Almond bilen onuñ pikirdeşi S.Werbe öwrenýärler. Bu taglymat ABŞ-da döräp, soñra beýleki döwletlerde-de meşhurlyga eýe bolýar we syýasy prosesleri hem-de hadysalary öwrenmeklikde esasy gurallaryñ birine öwrülýär. Syýasy medeniýet- bu adamyñ syýasata gatnaşmagyny üpjin edýän we onuñ syýasatdaky işini amala aşyrýan serişdeleriñ, ýollaryñ hem-de adamyñ özüni alyp barşynyñ görnüşleriniñ jemidir. Syýasy medeniýet şahsyýet bilen syýasy häkimiýetiñ özara hereketiniñ çeşmesi bolup hyzmat edýär.Onuñ esasy ugry adamlary syýasy ulgamdan we syýasy işden daşlaşdyrmak däl-de eýsem oña golaýlaşdyrmakdyr. Syýasy medeniýet- bu syýasy institutlaryñ kemala gelmegine we ösmegine ähmiýetli täsir edýän, syýasy prosesleri we ilatyñ syýasy terbiýesini ugrukdyrýan hem-de ähmiýetleşdirýän jemgyýetçilik añynyñ we umumy medeniýetiniñ alamatlarynyñ jemidir. Her bir kesgitli jemgyýete özboluşly syýasy medeniýet gabat gelýär, syýasy medeniýetiñ bu özboluşlylygy häzirkizaman syýasy taglymatlar tarapyndan kabul edilen kesgitlemeleriñ köpdürliliginde ýüze çykýar. Belli syýasatşynaslar G.Almond we S. Werbe syýasy

medeniýetiñ mazmunyny şeýle kesgitleýärler: "Milletiñ syýasy medeniýeti şol milletiñ wekilleriniñ syýasy obýektleriniñ arasyndaky düzgünleriñ aýratyn görnüşidir".

Ylmy edbiýatlarda "Syýasy medeniýet " düşünjesiniñ giñ we dar manyda ulanylýandygyny bellemek zerurdyr. Giñ manyda syýasy medeniýete jemgyýetçilik -syýasy institutlar we syýasy wakalar bilen bagly bolan, ol ýa-da beýleki döwletiñ ruhy medeniýetini, syýasy düzgüleri, syýasy tejribäniñ hereket edýän düzgünlerini (normalary), añyýetleri, dürli jemgyýetçilik-syýasy institutlaryñ we ş.m. arasyndaky özara gatnaşyklary hakyndaky taglymatlary,umuman syýasy gatnaşyklary degişli edýärler. Syýasy medeniýet özüniñ dar manysynda syýasy tejribäniñ,bilimleriñ, düzgünleriñ, garaýyşlaryñ, taglymatlaryñ, syýasy sybýektleriñ özüni alyp barşynyñ we işleýşiniñ nusgalarynyñ ulgamy, syýasy hadysalara baha bermeklikde raýatlaryñ sowatlylygy we kämilligi, syýasy etikanyñ, terbiýäniñ, adamlaryñ hereketleriniñ görnüşleridir. Syýasy medeniýet häkimiýetiñ we raýatyñ arasyndaky gatnaşyklara degişli bolan özüñi alyp barmaklygyñ düzgünleriniñ hem-de gymmatlyklarynyñ, dürli taraplarynyñ jemidir. Şeýlelikde, syýasy medeniýete su aşakdakylar degişlidirler:

- syýasaty, wakalary bilmek,olar bilen gyzyklanmak;
- syýasy hadysalara baha bermeklik, syýasy häkimiýeti nähili amala aşyrmalydygyna degişli garaýyşlar;
- watana bolan söýgi, duşmana bolan ýigrenç;
- jemgyýetde syýasy özüñi alyp barmaklygyñ nusgalaryny ykrar etmek.

Syýasy medeniýetiñ gurluşy- bu syýasy bilimleriñ, syýasy añyñ, syýasy ynandyrmalaryñ we gymmatlyklaryñ , şeýle hem syýäsy hereketleriñ jemidir. Adamlar tarapyndan alynýan syýasy bilimler syýasy añy kemala getirýär, tejribede barlanan bilimler ynançlara, syýasy gymmatlyklaryñ kesgitli

ulgamyna öwrülýär, olardan peýdalanyp adam syýasy iṣde bilimlerini amala aṣyrýar. Syýasy medeniýet- bu jemgyýetiñ ruhy medeniýetiniñ düzüm bölegidir, ol onuñ beýleki sferalary bilen hem aýrylmaz baglanṣyklydyr. Ṣeýlelikde, syýasy medeniýet hukuk medeniýeti, ahlaklylyk, añyýet bilen hem baglanṣyklydyr. Syýasy medeniýete ýurdyñ, aýratyn synpyñ,sosiýal toparyñ, ṣahsyýetiñ syýasy durmuṣynyñ häsiýetnamasy hökmünde seretmek bolar. Syýasy medeniýet özünñ düzüm bölekleri hökmünde birnäçe onýyllyklaryñ dowamynda we nesilleriñ ömründe kemala gelen däp-dessurlary, syýasy tejribäniñ hereket edýän düzgünlerini, añyýetleri, dürli jemgyýetçilik- syýasy institutlaryñ arasyndaky özara gatnaṣyklar hakyndaky taglymatlary özünde jemleýär.

## § 2. Syýasy medeniýetiň alamatlary we görnüşleri

Syýasy medeniýetiñ gurlyṣy köpderejeli häsiýete eýedir.Oña sýyasy bähbitler,syýasat hakyndaky bilimler, ynandyrmalar,gymmatlyklar, syýasy hadysalara baha bermeklik,syýasy añ, pikirlenme häsiýeti, jemgyýetde ykrar edilen syýasy düzgünler, simwollar, däp-dessurlar, syýasy iṣiñ usullary we endikleri, ukyp we tejribä degiṣli bolup durýarlar. Umuman, syýasy medeniýetiñ gurlyṣynda üç alamat ýüze çykarylýar: akyl ýetiriṣ, ahlakly baha beriṣ , özüñi alyp baryṣ. Akyl ýetiriṣ alamaty-syýasy bilimler,syýasy bilimlilik,syýasy añ, syýasy pikirlenmäniñ usullary degiṣlidir. Syýasy medeniýetiñ akyl ýetiriṣ alamaty raýatlaryñ konstitusiýa we döwletiñ beýleki kanunlaryna, iri syýasy partiýalaryñ hem-de beýleki jemgyýetçilik-syýasy dyrmuṣa , jemgyýeti, döwleti dolandyrmaklyga, halkara durmuṣynyñ syýasy wakalaryna düṣünmekligi,akyl ýetirmekligi añladýar.

Gymmatlyklaryň, ideýalaryň, nyşanlaryň, däpleriň we düzgünleriñ jemgyýetde umumy ykrar edilen maksatlaryñ

daşynda jebis bolmagyna we raýatlaryň ylalaşygynyň we durnuklylygynyň bolmagyna ýardam edýär. (ABŞ- nyň syýasy medeniýetini watansöýjilik, amerikanyň konstitusiýasyna we baýdagyna bolan hormat ýaly gymmatlyklarsyz göz öňüne getirmek örän kyn). Amerikan syýasatçysy G.Almond we S.Werba «Raýat medeniýeti» diýlip atlandyrylan işde Angliýa, Italiýa, GFR, ABŞ we Meksika ýaly döwletleriň syýasy ulgamynyň alamatlary hem-de olaryň ýerine ýetirýän işiniň görnüşlerini deňeşdirip, syýasy medeniýetiň üç görnüşini tapawutlandyrypdyrlar:

- Patriarhal syýasy medeniýet, medeniýetiň bu görnüşini ýerli gymmatlyklardan ugur almaklyk bilen häsiýetlendirilýär, ýagny haýsydyr bir taýpanyň, toparyň gymmatlyklary, ýerli watansöýjilik, milletçilik. Indiwid esasy syýasy medeniýetliligi az kabul edýär, ýagny özüniň syýasy roluny ýerine ýetirmeýär, meselem saýlawçy hökmünde;

- Boýun egiji syýasy medeniýet, syýasy medeniýetiň bu görnüşinde indiwid passiw bolýar we onuň syýasy ulgama bolan gatnaşygy çetleşen bolýar. Syýasy taýdan aňly düşünjeli bolsa- da däplere, dessurlara uýýar. Häkimýete boýun bolýar, ondan dürli gowulyklara, abadançylyklara garaşýar, häkimýetiň güýjünden gorkýar.

- Gatnaşmak syýasy medeniýeti, medeniýetiň bu görnüşi syýasy işjeňlik bilen tapawutlanýar. Şeýle medeniýetli raýatlar syýasy ulgama täsir etmegi başarýarlar (saýlawlarda, ýygnanşyklarada we ş.m).

Emma syýasy medeniýetiň şu üç görnüşi hiç biri tejribede ýeke- täk görnüşünde duşmaýar, olar arkalaşykly hereket edýärler we biri birini gysyp çykarmaýarlar.

Syýasy medeniýetiň özüňi alyp baryş alamatyny şu aşakdakylar düzýärler: Döwlet resminamalarynyň taslamalaryny ara alyp maslahatlaşmaga raýatlaryň gatnaşmagy, jemgyýetiň syýasy durmuşyna gatnaşmaklygyň görnüşi we derejesi,döwlet institutlary we jemgyýetçilik

guramalary bilen özara hereketiñ görnüşi we derejesi, syýasy partiýalara we jemgyýetçilik-syýasy guramalara agzalyk we ş.m.

Syýasy medeniýetiñ ahlakly-baha beriş alamatyna syýasy obýektler hakyndaky kesgitli pikirler degişlidir.Bu ýerde syýasy duýgylar, düzgünler, ideallar, takyk maksatlar esasy rol oýnaýarlar.

Syýasy medeniýetiñ esasy alamatlarynyñ biri syýasy simwollardyr. Syýasy simwol- bu esasy syýasy ideallaryñ şertleýin belgisi,olary propaganda etmekligiñ we berkitmekligiñ esasy serişdesi. Ýagny döwletiñ gerbi, syýasy partiýalaryñ alamatlary, milli baýdaklaryñ reñkleri, ordenler we ş.m. şeýle manyny añladýarlar. Her bir milli döwlet öz simwollaryny döredýär we hormatlaýar. Simwollar birleşdiriji roly oýnaýarlar , wagyz-nesihat etmekligiñ serişdesi hökmünde hyzmat edýär, syýasy taraplary añlatmaklykda peýdalanylýar. Mili döwletleriñ dörän wagtyndan bäri syýasy liderler milli simwollary: baýdak, gimn, gerb, konstitusiýa, baýramçylyklar, resmi saparlar we ş.m. döredipdirler hem-de ünsi çekmek üçin, raýatlary birikdirmek, ol ýa-da beýleki hereketleri höweslendirmek üçin ulanypdyrlar.

Syýasy medeniýetiñ ösüş prosesinde onuñ wezipeleri kemala gelýär we ösýär. Syýasy medeniýet aşakdaky esasy wezipeleri ýerine ýetirýär:

Akyl ýetiriş wezipesi- raýatlaryñ hökmany jemgyýetçilik-syýasy bilimleriniñ bolmagy.

Kommunikatiw wezipesi-syýasy bilimleriñ, gymmatlyklarynyñ, endikleriniñ nesilden-nesle geçirilmegi.

Normatiw-gymmatlyk wezipesi- indiwidlere, toparlara umuman jemgyýete kesgitli düzgünleri, ölçegleri, gymmatlyklary berýär.

Terbiýeleýiş wezipesi- raýatlarda syýasy añy we işe bolan endikleri kemala getirýär.

Birnäçe syýasatçylaryñ pikirine görä, şahsyýetiñ syýasy añyna we terbiýesine medeniýetiñ factory bolan bilim uly täsir edýär. Dogrydan hem sowatsyz adamlar syýasata hiç-hili gatnaşyp bilmezler. Tersine özleriniñ bilimsizligi, sowatsyzlygy sebäpli,olar syýasy täsiriñ obýekti bolarlar. Bilimsiz, sowatsyz adam islendik hereketde hem subýekt dälde obýekt bolýandyr.

Syýasy sosiallaşmak-bu adamyñ syýasy añynyñ we özüni alyp barşynyñ kemala geliş we ösüş prosesidir. Syýasy sosiallaşmaklygyñ häzirkizaman görnüşlerine täze zamanyñ akyldarlarynyñ pikirleri güýçli täsir edipdir. Umuman, adamyñ syýasy gatnaşyklara goşulmaklygyny iki görnüşe, ýagny iki modele syrykdyrmak bolar.

Birinji model- "boýun egmek"- bu Toms Gobbsyñ taglymatynda has kämildir. T.Gobbsyñ pikirine görä, adamyñ tebigatynyñ iñ ilkinji häsiýetnamasy onuñ mydama, häkimiýete ymtylmagy, adamyñ akylsyzlygy,egoistligi we onuñ öz isleglerine erk edip bilmeýänligidir, şonuñ üçin hem onuñ ýeke-täk häkimiýete boýun egdirilmegi, "hemmeleriñ garşysyna urşüñ" öñüni almaklygyñ ýeketäk çykalgasydyr.

Ikinji model- "bähbit"- bu A. Smitiñ, G.Spenseriñ, Ý.Godwiniñ atlary bilen baglanşyklydyr. Ýagny bähbit syýasaty herekete getirýän sosiýal-syýasy mehanizmdir.Şunlykda, adam öz bähbidi bar bolan işi edýär. Şonuñ üçin, birnäçe şahsy bähbitleriñ gabatlaşmagy bilen sosiýal we syýasy tertibiñ döremegi mümkindir. Jemgyýetiñ ösüşi boýun egdirmek ýoly bilen amala aşyrylman, eýsem indiwidiñ umumy işlerde özüniñ bähbidine düşünmekligi arkaly amala aşýar. Bu modeli öwreniji häzirkizaman alymlary:" Adamyñ bähbidi ony syýasatyñ işjeñ subýektine öwürýär,şeýlelikde syýasy proses öñe hereket edýär"diýip belleýärler. Liberal, neokonserwatiw syýasatçylar kollektiwligiñ dürli görnüşlerine, häkimiýetiñ

merkezleşdirilmegine we oña adamyñ boýun egdirilmegine nägilelik bilen garaýarlar.

Birnäçe alymlar syýasy sosiallaşmaklyga “syýasy goldaw”, gowy tertip-düzginiñ kemala gelmegi,syýasy ulgamda bar bolan syýasy maksatlary we gymmatlyklary raýatlaryñ meýletin kabul etmekligi diýip baha berýärler. Şeýlelikde, D.Istonyñ we J.Dennisiñ pikirine görä, syýasy sosiallaşmak- bu şahsyýetiñ öz syýasy uguryny kabul edýän ösüş prosesidir. Bu garaýyş birnäçe sowet jemgyýeyi öwrenijileri we syýasaty öwrenijileri tarapyndan hem goldanylýar (E.Ýa.Batalow, Ýe.B. Şestopal, W. A. Şegorsew)

Barlaglaryñ netijesine görä, çaganyñ syýasy dünýäsi eýýäm mekdebe çenli bolan döwürde kemala gelýär, 12-13 ýaşlary aralygynda çagada has kämil ösüşler bolup geçýär.Çaganyñ syýasy “meni” 18 ýaşlarynda kemala gelýär, şahsyýetiñ syýasy partiýalar we hereketler bilen gatnaşyklary 20-30 ýaşa çenli berkeýär, ondan sonar ol ösüş has hem kämilleşýär ýa-da ýuwaş-ýuwaşdan pese gaçýar.

Egerde syýasy sosiallaşmak adamy syýasy añynyñ we syýasy özüni alyp barşynyñ, ösüşiniñ prosesi bolýan bolsa, onda ol prosesiñ birnäçe döwürleri öz içine alýandygy öz-özündenem düşnüklidir. Ikinji döwürde indiwid sosiýal-syýasy bilimleriñ kesgitli toplumyny kabul edýär hem-de öwrenýär.Soñra bu bilimler jemgyýetçilik-syýasy tejribe netijesinde durmuşa ykyplylyk barlagyny geçýär we dogrylygy ýa-da ýalandygy bilen adamyñ ynamyna girýär.

Syýasy göz ýetirmeleriñ we öz tejribäñi seljermegiñ esasynda şahsyýetiñ syýasy ugry kemala gelýär. Ol dine bir syýasata bolan gatnaşygy kesgitlemän, eýsem ondaky hereket edýän güýçlere, ilki bilen dolandyryjy partiýa we hökümete bolan gatnaşygyny hem şöhlelendirýär. Syýasy ugur köp derejede adamyñ syýasy özüni alyp barşyny kesgitleýär. Şahsyýetiñ syýasy sosiallaşmagynyñ yzygiderligi şu ýokarda

seredişimiz ýaly bolup durýar. Indi bolsa şu prosese nähili faktorlaryñ täsir edýändigine seredip geçeliñ.

Birinjiden, bütewi jemgyýetiñ ahlak we ideýa-syýasy täsiri (syýasy ulgam, sosiýal-synpy gurlyş, syýasy medeniýet,köpçülikleýin habar beriş serişdeleri, medeniýet we sungat we ş.m.).

Ikinjiden,Indiwidiñ biopsihologik aýratynlyklary (häsiýeti,intelekti,erki we ş.m.).

Üçünjiden, şahsyýetiñ sosiýal tejribesi näçe baý boldygyça şonçada onuñ syýasy ugryny üýtgetmekligi çylşyrymly bolup geçýär. Käbir halatlarda ol düýbinden üýtgemän galýar.

Dördünjiden, şahsyýetiñ sosiýal derejesi.

Egerde köp wagtyñ dowamynda şahsyýetiñ pozitiw derejesi üýtgemän galsa, onda şahsyýetiñ syýasy añynyñ berkemegi bolup geçýär, şeýle hem şahsyýetde özüñi alyp barmaklygyñ saýlap alan ýolunyñ dogrylygyna ynam berkeýär. Egerde şahsyýetiñ syýasy ugry onuñ sosiýal derejesi bilen garşydaş bolsa, onda onuñ syýasy ugrynyñ düýpgöter üýtgemegi hem mümkündir. Syýasy ugry üýtgetmek şahsyýetiñ syýasy sosiallaşmagynyñ irki döwründe has täsirlidir, sebäbi ol döwürde şahsyýetiñ syýasy bilimleri we gözýetimi doly kämil däl.

Syýasy sosiallaşmak prosesinde şahsyýetde syýasy añyñ we syýasy özüñi alyp barmaklygyñ kesgitli görnüşleri kemala gelýär.

## § 3. Syýasy añ

Syýasy añ-bu umumy düşünje bolup,syýasy durmuşyñ subýektiw tarapyny hasiýetlendirýär. Syýasy añ-bu jemgyýetiñ ösüšiniñ kesgitli döwründe sosiýal subýektiñ (synpyñ,toparyñ,gatlagyñ,šahsyýetiñ) gymmatlyk ugryna gabat

gelýän, syýasy bähbitleriñ, garaýyšlaryñ, gatnašyklaryñ, hadysalara baha bermekligiñ, ugur almalaryñ,taraplaryñ, duýgylaryñ jemidir. Syýasy añyñ esasyny syýasy bilimler düzýär. Şonuñ üçin onuñ akyl ýetiriş wezipesi mydama ilkinjidir. Ýöne añ –bu diñe bir bilim bolman, eýsem nukdaýnazardyr, garaýyşdyr, gatnaşykdyr. Bütewi añyñ iki sany düzüm böleginiñ: ideologiýanyñ we psihologiýanyñ bolşy ýaly,syýasy añ hem syýasy ideologiýadan we syýasy psihologiýadan düzülýär.

Syýasy añ- adamyñ belli bir topara degişli bolan añynyñ esasynda emele gelýär, şeýle hem şoña görä-de belli bir özüne degişli bolan syýasy pozisiýany saýlap almagy esasynda emele gelýär. şyýasy añyñ açyk we ýapyk görnüşleri bar. Syýasy añ birnäçe wezipeleri ýerine ýetirýär, olar şu aşakdakylardyr:

Syýasy añyñ köpçülikleýin wezipesi- adamyñ we jemgyýetiñ islegini amala aşyrýar.

Syýasy añyñ ideologik wezipesi- belli bir toparyñ ýa-da jemgyýetiñ bähbidini goramagy talap edýär.

Syýasy añyñ kommunikatiw wezipesi- subýektler bilen häkimiýetiñ institutlarynyñ özara gatnaşygyny üpjin edýär.

Syýasy añyñ terbiýeçilik wezipesi- adamyñ syýasy işjeñligini mümkin boldugyça jemgyýetiñ, milletiñ, döwletiñ taglymatyna laýyk gelmegine tarap ugrukdyrmak.

Öñem belläp geçişimiz ýaly, jemgyýetiñ ösüşi şol jemgyýetdäki ähli raýarlaryñ syýasy añyna we syýasy medeniýetine bagly bolup dyrýar. Adamlar syýasy işe garaýyşlary boýunça şu aşakdaky görnüslere bölünýärler:

Işjeñ adamlar- bular özleriniñ syýasata gatnaşmaklaryna położitel seredýärler, has dogry syýasy maglumatlary bilmäge çalyşýarlar, özlariniñ daşyna pikirdeş adamlary ýygnaýarlar.

Ygtyýarlykly synçylar- bular özleriniñ syýasata gatnaşmagyna neýtral garaýarlar. Syýasata uly gyzyklanma bilen çemeleşýärler, syýasatdan gowy habarly bolýarlar.

Ygtyýarlykly tankytçylar- bular özleriniñ syýasata gatnaşmagyna otrisatel garaýarlar, ýöne syýasata uly gyzyklanmasy bar, maglumatlardan habarly, häkimiýetiñ wekillerine tankydy garaýarlar.

Passiw raýatlar- bular syýasata gatnaşmaklyga neýtral ýa-da otrisatel garaýarlar, syýasat bilen gyzyklanmasy gowşak şeýle hem syýasy maglumatlardan habarsyz.

Syýasy däl adamlar- bular özüniñ syýasata gatnaşmagyna otrisatel seredýärler, syýasat bilen gyzyklanmaýarlar, syýasy maglumatlardan habarsyz.

## § 4. Syýasy psihologiýa

Syýasy psiholigiýa – iň täze syýasy ylymlaryň biridir. Ol öz içinde psihologiýanyň we sosiologiýanyň uly rol oýnaýan birnäçe özüňi alyp baryş dersleri bilen syýasaty öwrenişiñ sepleşmeginde ýüze çykdy. Dogrysy bu ylym bilen alymlar ýaňy ýakynlarda meşgullanyp başladylar. Öňki SSR-de syýasatdan şeýle daşlaşmaga syýasatyň özi, has takygy resmi syýasy maşynyň öňünde bolan gorky sebäp bolupdyr. Syýasaty öwreniş ylmynda ýagdaý birneme başgaçarak boldy. Syýasy psiholigiýa mundan has öň dünýä syýasy ylmynda barlagyň gelejekdäki ugry hökmünde jar edilipdi. Syýasy psihologiýanyň kemala gelişi we ösüşi dürli syýasy ulgamlarda birnäçe aýratynlyklara eýe bolupdy.

Platondan döwründen tä biziň günlerimize çenli entek syýasy psihologiýanyň takyk taryhy ýazylmadyk, bu taryh häzirlikçe, asla gysgaça mazmunda bolup galýar. Ýöne bu ylmyň taryhdan öňki döwüriň ajaýyp syýasy akyldarlaryň atlaryna baýdygy görnüp dur.

Şahsyýet bilen häkimiýetiň arasyndaky gatnaşyklar syýasatda adamyň tebigaty, raýaty terbiýelemek, hökümdar bolmak üçin nähili bolmalydygy barada Aristotelin, Senekanyň, Makiawelliniň, Russonyň, Gobbsyn, Smitiň, Gegeliň we

beýleki bir topar beýik alymalryň taglymatlary has ähmiýetli täze dersleriñ esasyna ornaşdy.

Taryhçylar we filosoflar, sosiologlar we syýasaty öwrenijiler syýasatda täze ýüze çykan hadysa ünsi çekdiler, serdarlardan, korollardan, prezidentlerden we syýasy elitanyň beýleki wekillerinden başga-da köpçülik hem syýasatda möhüm orny eýeleýär. Köpçüligiň psihologiýasyna ilkinjileriň hatarynda üns beren fransuz alymy Lebondyr. Ol “Halkyň we köpçüligiň psihologiýasy” ,“Topalaňçynyň we köpçüligiň psihologiýasy” hem-de “Sosializmiň psihologiýasy” atly kopçüligiñ psihologiýasyna bagyşlanan işlerini ýazypdyr. Hut şu döwürde Italýan alymy Sigeliniň “Jenaýatçylykly topalaň” atly işi , fransuz alymy Tardyň “Sosial logika” atly işi, rus alymy Mihaýlowiskiniň “Gahrymanlar we topalaň” atly işi we beýleki birnäçe işler peýda bolýar. Topalaňda gaharlylyk şerraýlygy, jogapkärçiliksizligi, häkimiýetsizliligi (anarhizm) ýüze çykaran pikir şu günki gün hem doly derejede adalatlylygyna galýar. XIX-XX asyryň çäklerinde ýazylan işlerde diňe köpçüligiň özüni alyp barşynyň ýaramaz taraplary, howply häsiýetleri barada gürrüñ edýän bolsalar, onda XX asyryň alymlarynyñ ünsi tersine demokratiýanyň ösüşinde syýasata gatnaşmaklygyñ köpçülikleýin görnüşiniñ pozitiw taraplaryna esasy üns berilýär.

Häzirkizaman syýasy psihologiýanyñ emele gelmeginiň ýene bir çeşmesi psihoanaliziñ ideýalary boldy. Alym Lassweliň “Psihopolitologiýa we syýasat” diýen meşhur kitaby awtoryň şeýle tassyklamasy bilen açylýar, ýagny ol : “Syýasat hakyndaky ylym terjimehalsyzdyr, ol ýöne garantgany urmak baradaky ylma meňzeýär” diýip ýazýar.

## § 5. Häzirki zaman syýasy psihologiýa

Syýasy psihologiýa boýunça düýpli we ulgamlaýyn nazary işläp düzmeler XX asyryñ 60-njy ýyllarynda ABŞ-daky

“özüňi alyp baryş hereketleriniň” täsiri astynda başlanýar. Şonda Amerika psihiatrik assosiasiasynyň ýanynda halkara syýasy meseleleri öwrenýän topar döredilýär. Ol 1970-nji ýylda psihiatriýa we daşary syýasat institutyna öwrülýär. 1968-nji ýylda syýasy ylymlaryň amerikan assosiýasynda syýasy psihologiýa boýunça ylmy-barlag komiteti, 1979-njy ýylda bolsa onuň esasynda eýýäm halkara derejesini alan syýasy psihologiýa jemgyýeti döredilýär.

Syýasy psihologiýa ylmy hakyky halkara ykrar edilmegini gazanan hem bolsa, bu pudak boýunça esasy işleri bitiren alymlaryñ, barlagçylaryň köp bölegi ABŞ-da we Kanadada ýaşaýarlar we işleýärler. Olardan P.Siil, D. Siro, A. Džordt, P. Taker, P. Kriste dagylary görkezmek bolar, olar häzirkizaman uniwersitetlerinde işleýärler.

Häzirki günde hem syýasy ylymlar babatda şeýle hem syýasy psihologiýanyň ykbalyna özbaşdak ylmy ders hökmünde belli bir derejede şübhe bildirilýär.

Psihologiýanyň predmeti babatynda birnäçe jedelli ýagdaýlar bar.

Birinjiden; psihologik alamatlaryñ syýasy prosesiň aýrylmaz bölegidigi hakyndaky düşünje birsyhly döräpdir we ilkinji barlagçylaryň metodologik çäkleri bilen yza çekilipdir. Meselem: Z. Freýd bilen U. Bullitin eýýäm 1930-njy ýylarda Amerikanyñ prezidenti Wudro Wilson hakynda ýazan işleri ondaky suratlandyrylran personaẑlaryñ birenteginiň entek diriligi üçin, tä 1967-nji ýyla çenli çap edilmändir. Ýöne haçanda bu kitap çapdan çykandan soñra, hatda psihoanalitiki ugra degişli psihologlar hem işde ýaňky syýasatçynyň şahsyýetini seljermekligiñ usulyny juda geçirimli we könelişen hasapladylar.

Ikinjiden; syýasy psihologik meseleler diňe bir öz çäklerinde däl, eýsem etnografiýa, hukuk öwreniş, ykdysadyýet, taryh, sosiologiýa we beýleki ylymlara degişli işlerde hem ösüşini dowam etdirýär. Syýasy psihologiýa öz

ösüşiniň başlangyç döwründe dur. Bu döwre esasy meseleler boýunça jedeller r mahsusdyr.

Islendik ylym ýaly syýasy psihologiýa hem öz ylmy dilini ulanýar. Dersara häsiýeti bilen, bir hatarda, onda filosoflar, antropoglar, sosiologlar, syýasaty öwrenijiler tarapyndan peýdalanylýan maglumatlar hem bardyr. Şeýlelikde, syýasy filosofiýa syýasy psihologiýanyň kemala gelmeginde, onuň şahsyýetiň we döwletiň arasyndaky gatnaşyklaryny, raýatyň syýasata gatnaşmaklygyny öwrenmeklige özüniň goşandyny goşdy.

## VIII Bölüm. Syýasy liderlik

### § 1. Syýasy pikiriň taryhynda liderlik taglymaty

Döwletiň syýasy durmuşyna subýektleriň sanardan köp köpçüligi gatnaşýar. Olaryň hersi öz işlerinde belli bir bähbitleri amala aşyrmaklygy esasy maksat edinýärler. Şol köpsanly özbaşdak bähbitleri, islegleri syýasy lider bir ylalaşykly ýagdaýda saklaýar.

Iňlis dilinden terjime edilende lider (“leader”) sözi - “baştutan”, “ýol görkeziji” diýmekligi aňladýar.

Taryhda liderleriň ähmiýetini F.Nisşe aýratyn belläp geçipdir. Ol “Adamzat beýik adamlary dünýä indirmek üçin, ýadaman işlemelidir, onuň wezipesi diňe şonda jemlenmelidir” diýip belleýär.

Liderlik instituy gadym wagtlarda döräpdir. Onuň dörmekligi adamlaryň ösüp barýan dürli-dürli bähbitlerini ýola goýmak we ylalaşdyrmak olaryň medeniýetli ýaşamagy üçin gerek bolupdyr. Bu tebigy syýasy ýagdaý öz ideýalaryny beýleki adamlardan has gowy beýan edip bilýän, hemme sosial toparlary birikdirip bilýän , öz maksatlaryny aýdyň goýup bilýän, umumy bähbitlere jogap berýän hem-de adamlary öz

yzyna düşürip bilýän şahsyýetiň peýda bolmagyny şertlendirýär.

Liderlik köptaraply düşünje bolup, ol jemgyýetiň ösüşi bilen bilelikde üýtgäp durupdyr. Gadym wagtlarda ýönekeý jemgyýetlerde aýry-aýry şahsyýetiň entek hususy bähbitleri döremänkä lideriň alyp barýan işi gowşak bolupdyr.

Islegleriň tapawudynyñ artmagy, zähmetiň bölünmegi bilen işleriň täze görnüşleri döräpdir, bu bolsa sosial gatnaşyklary örän çylşyrymlaşdyrypdyr. Çylşyrymly gurnalan ulgam indiwidiň özüni alyp barşyny tertipleşdirilmegine, adam islegleriniň we hereketleriniň sazlanylmagyna mätäç bolupdyr. Ol tertipleşdirmek işini bolsa, syýasy lider amala aşyrýar. Ol umumy maksatlary hem-de olara ýetmegiň usullaryny kesgitlemek, jemgyýetiň içinde işleri we orunlary paýlamak işini ýerine ýetirýär.

Lideriñ şol işleri ýerine ýetirip bilmegi, liderligiň çylşyrymly tebigatyny öwrenmeklige ünsi çekýär. Liderler gahrymanlaryň keşbinde bolupdyrlar, olar aýratyn fiziki görnüşi we ahlagy bilen tapawutlanypdyrlar.

Liderlik we liderler barada Platon, Plutarh öz işlerinde belläpdirler. Olaryň pikiriçe liderler tebigat tarapyndan ýörite döredilen adamlardyr.

Liderligiň tebigatyna akyl ýetirmekligiň täze dowry N. Makiawelli bilen baglanyşyklydyr. Ol özüniň "Hökümdar" we "Titi Liwiniň birinji dekadasy barada oýlanmalar" diýen işlerinde liderligiň tebigatyny,onuñ ýerine ýetirýän işini we tehnologiýasyny kesgitleýär. N.Makiawelli "Liderligiň mazmunyny ýüze çykarmaga maňa hökümdaryň hakyky özüni alyp barşyna we onuň gol astyndakylar bilen aragatnaşygyny synlamak kömek edýär" diýip belleýär.

N.Makiawelliniň aýtmagyna görä adamlaryň özüni alyp barşynyň esasynda iki esasy motiw bar: gorky we söýgi. Hökümdar häkimýeti amala aşyrmakda şolaryň ikisinem

ulanmalydyr. Ýöne lideriň şahsy bähbitleri üçin gol astyndakylary gorkuda saklamak bähbitli.

Lider sözüniň manysy adamyň – lideriň jemgyýetdäki ornuny we roluny, onuň wezipesini doly şöhlelendirýär. Eger-de bu düşünje barada has takyk aýdylanda, onda kesgitli maksatlara ýetmek üçin, adamlaryň bilelikde işlemekligini gurnamaklyk ukyby liderlere mahsusdyr. Liderler baştutanlyk edýärler, öz yzlaryna adamzat umumylyklaryny, ýagny adamlaryň kiçijik toparlaryndan tä döwlet birleşmesi derejesine çenli jemleýärler.

Liderleriň kemala gelmegi we işlemegi – bu obýektiw we uniwersal hadysadyr. Obýektiwliginiň sebäbi – islendik bilelikdäki iş maksada ýetmek üçin has amatly ýollary işläp düzmeklige, gurnamaklyga mätäçdir. Bu wezipäni işjeň, galjaň, abraýly, adamlaryň ynanýan adamsy ýerine ýetirýär.

Uniwersaldygynyň sebäbi - adamlaryň, toparlaryň, gurnamalaryň hereketleriň bilelikdäki işiniň ähli görnüşli lidere mätäçdir.

Lider hakynda aýdylanda syýasatdaky, biznesdäki, ylymdaky, sungatdaky, dindäki, partiýalardaky, profsoýuzlardaky, maşgaladaky, talyp toparlaryndaky we birnäçe beýleki ýerlerdäki liderler barada aýtmak bolar.

“Lider” düşünjesi örän giň, çuň, özünde köpdürli häsiýetnamalary jemleýän düşünjedir.

“Lider” düşünjesi bilen “Liderlik” düşünjesi berk baglanyşyklydyr. Liderlik sözi lider bilen onuñ golastyndakylaryň özara gatnaşygynyň çylşyrymly mehanizmini aňladýar. Bu düşünjäniň esasy düzüm bölekleri bolup ilki bilen: lideriň waka dogry baha berip bilmek ukyby, meseläniñ dogry çözgüdini tapmak, haýsydyr bir karary ýerine ýetirmek üçin jemlenişmäge adamlaryň aklyna we işjeňligine täsir etmek. Ikinjiden: Liderlik lider bilen haýsydyr bir toparyň agzalarynyň özara hereketiniň aýratyn mehanizmi hökmünde şol agzalaryň lideriň çözgütlerini we hereketlerini kabul

etmegini we goldamagyny şeýle hem oňa meýletin boýun egmeklerini aňladýar. “Liderlik” giňişleýin düşünjeleriň hataryna degişlidir. Liderlige has doly düşünmek üçin, oňa ýene-de birnäçe häsiýetnama bermeklik zerurdyr. Liderlik adamlaryň bilelikdäki işini gurnamakda obýektiw zerurlygy şöhlelendirýär. Zähmetiň jemgyýetçilik häsiýeti, adamlaryň aýry-aýry zähmetleriniň sazlaşdyrmagyny, ylalaşdyrylmagyny talap edýär. Jemgyýetçilik hadysalaryny tertipleşdirmek we dolandyrmak wezipesini liderlik instituty ýerine ýetirýär. Ol şahsy gatnaşyklary dolandyrýar, adamlaryň özbaşdak güýçlerini sazlaýar we birleşdirýär. Şonuň üçinem toparlaýyn, kollektiwleýin işiň bar ýerinde liderlik hem bardyr.

Liderlik - hemme guramalaryň ilkinji alamatydyr. Şonuň üçinem ol adamzadyň özi ýaly gadymy hadysadyr.

## § 2. Syýasy lider we syýasy liderlik

Syýasy lider – bu diňe bir syýasy hadysalara ýolbaşçylyk edýän, jemgyýeti, syýasy guramalary we hereketleri dolandyrmak işini amala aşyrýan adam bolman, eýsem syýasy lider – bu syýasy hadysalaryň ugruny we tertibini üýtgetmäge ukyply adamdyr. Şonuň üçünem her bir döwlet ýolbaşçysy, syýasy partiýanyň ýolbaşçysy, syýasy lider bolup bilmez. Syýasy liderler jemgyýetde syýasy hadysalary işjeňleşdirýärler. Olar jemgyýetiň taryhy ösüşiniň gidişini üýtgedýän maksatnamalary öňe sürýärler. Hakyky syýasat hiç haçan syýasy lider gatnaşmazdan amala aşyp bilmez.

Taryhyň şaýatlyk etmegine görä ýiti syýasy liderler jemgyýetçilik ösüşiniň döwürleriň, çökgünlige düşen wagtynda peýda bolýarlar. Olar jemgyýete ägirt uly kynçylyklary ýeňip geçmeklige kömek etjek syýasy we ykdysady maksatnamalaryň inisiatorlary we guramaçylary bolýarlar. Mysal üçin amerikan “üýtgedip gurmaklygynyň” lideri, amerikanyň prezidenti Franklin Ruzwelt (1933-1945)

bolupdyr. Ruzwelt ýurdy kapitalizmiň taryhynda iň çuňňur krizisden alyp çykmaklygyň maksatnamasyny düzüp, ony durmuşa geçiripdir. F. Ruzwelt dünýä derejesindäki syýasy liderleriň hataryna degişlidir.

"Häkimiýetiň gurallary" – bu lideriň öňde goýan maksatlaryna ýetmek üçin daýanjy bolup durýar. Syýasy partiýalar, kanun çykaryjy guramalar, kazyýet , köpçülikleýin habar beriş serişdeleri häkimiýetiñ gurallaryna degişlidir. Bu gurallaryň kesgitli şertlerde syýasy lider tarapyndan öňde goýulan wezipeleri ýerine ýetirmeklikde we garşylyklaýyn hereket edýän taraplara garşy güýje öwrülip bilýändigine taryh şaýatlyk edýär.

## § 3. Syýasy liderligiñ görnüşleri

Syýasy liderleriň çaknyşýan ýagdaýy imisala, ýöne köplenç ýagdaýda krizisli, çylşyrymly bolup bilýär. Ýagdaýa baglylykda birnäçe meseleler ýüze çykýar we krizisden çykmaklygyň dürli çözgütleri kabul edilýär.

Amerikan syýasaty öwrenijisi Robert Taker syýasy liderligiň üç görnüşini ýüze çykarypdyr: konserwatorlar, reformatorlar we rewolýusionerler (ynklabçylar).

Konserwatorlaryň ugry – jemgyýetiň başdaky ýagdaýyny (status kwo) saklap galmaklykdyr.

Reformatorlar – giň möçberdäki reformalary (özgerişleri) geçirmek bilen, jemgyýetçilik gurluşynyň, öňi bilen bolsa häkimýetli guramalara täsir edýärler. GFR-niň kansleri Gelmut Kol syýasy lider hökmünde taryha girdi. Ol köp asyrlaryň dowamynda ýeke-täk medeniýeti, däp-dessury, taryhy bolan nemes halkynyň milli bütewiligini dikeltmäge köp derejede täsir etdi.

Syýasy lider – özüniň täsirini jemgyýetçilik hadysalaryna, kesgitli üýtgeşiklikleriň zerurlygyna jemleýän şahsyýetdir.

Mysal üçin: 80-nji ýyllarda Britaniýany M.Tetçersiz göz öňüne getirmek örän kyn. Onuň Tetçerizm taglymaty bu ýurduň milli syýasatynyň ýüzüni üýtgetdi. Onuň maksatnamasy bazar güýçleriniň erkin oýunyna şert döretdi. Döwlet sektory belli bir derejede gysgaldyldy. "Halk kapitalizmi" jemgyýetçilik gurluşynyň iň gowy görnüşi diýip yglan edildi. Umumydöwlet, umumymilli möçberdäki syýasy liderler- bu döwlet işgärleri, uly syýasy partiýalaryň ýolbaşçylary, deputatlar, jemgyýetçilik – syýasy hereketleriň liderleri, her dürli jemgyýetçilik birleşmeleriniň başlaýjylarydyr.

Syýasy liderlik – köptaraplaýyn düşünjedir. Ýöne onuñ şu aşakdaky üç tarapy kesgitleýji bolup durýarlar :

1. Liderleriň şahsyýet häsiýetleri.
2. Olaryň häkimýeti amala aşyrmakdaky gurallary.
3. Lideriň çaknyşýan ýagdaýy.

Syýasy liderligi liderleriň jemgyýeti dolandyrmakdaky ulanýan usullary boýunça-da görnüşlere bölmek bolýar. Muňa baglylykda syýasatnamada liderligiň iki görnüşini – demokratik we awtoritar görnüşini ýüze çykarýarlar.

Demokratik syýasy lider – alçak, adamlaryň mertebesini sylaýan, adamlaryň uly mümkinçiliklere, üstünlikere ýetmeklerini işjeňleşdirýär. Şeýle liderler tankyt üçin açyk bolýarlar, şeýle-de bähbitleriň umumylygyny we hyzmatdaşlyk gurşawyny döredýärler.

Awtoritar syýasy lider – demokratik däl dolandyryş usullaryndan ugur alýar. Ol tankyda, dürli pikirlilige ýol bermeýär. Syýasy lider ýurduň ykdysady ösüşinde iň merkezi roly eýeleýär. Muňa belli fransuz syýasatnamaçysy Žan Blondel takyk baha bermek bilen, şeýle diýýär: "Häzirkizaman syýasy liderleriniň öz öňlerinde ýurduň mydamalyk ösüşi barada syýasaty amala aşyrmalymy ýa-da ýok diýen sorag goýmaga mümkinçilikleri ýok, olar diňe

ýurduň ösüşi hakyndaky syýasaty alyp barmalydyrlar, bolmasa olar öz wezipesinde uzak saklanyp bilmez”.

Rewolýusionerler düýpgöter başga jemgyýetçilik ulgamyna geçmekligi öz öňlerinde maksat edinýärler. Taryhyň şaýatlyk etmegine görä bu ýagdaýda - parahatçylykly ýol seýrekdir. Robert Taker rewolýusion syýasy lider hökmünde Karl Marksy görkezýär.

Syýasy liderlere baha bermekligiň başga bir ulgamy liderligiň köklerini kesgitlemäge esaslanýar, ýagny häkimýetiň legitimligi, ýagny kanunylygynyñ nämä esaslanandygy hakynda gürrüň edilýär. Syýasy liderligiñ bu topary Maks Weber tarapyndan işlenilip düzülendir. M. Weber syýasy liderligiñ üç görnüşini ýüze çykarýar:

1. Däp-dessur (tradision) liderlik – Bu ol ýa-da beýleki ýurtda bolan, ýola goýulan däp-dessurlaryň esasynda syýasy häkimýeti eýelemek. Mysal üçin, monarhiýa döwletleinde häkimiýet nesilden- nesle geçýär. Häkimýet tagt mirasdüşerine miras boýunça geçýär. Şeýle syýasy häkimýetiň eýesiniň sözüň doly manysynda syýasy lider bolmaýandygyny bellemelidir.

2. Kanuna esaslanýan kanuny (legal) liderlik häzirkizaman demokratik döwletlerinde syýasy lideriň kemala gelmeginiň esasy ýoludyr. Düzgün bolşy ýaly beýle liderler syýasy häkimýeti ähliumumy saýlawlaryň esasynda eýeleýärler. Mysal üçin: Türkmenistanyñ Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow döwlet başyna ähliumumy saýlawlaryñ netijesinde geçdi.

3.Harizamatik liderlik – bu hökümdaryň hudaýtarapyn ukyplaryna halkyñ ynanmagyna esaslanýar. Syýasy liderligiň bu görnüşi gadym döwürlerde iň giňden ýaýran görnüşleriniň biridir.

Syýasy lideriň hakyky roluna baha bermeklik üçin wagt gerekdir. Diňe wagtyň geçmegi bilen syýasy lideriň hakyky ähmiýetini kesgitläp bolar.

Syýasy liderlik meselesi bütin dünýäde syýasatnamaçylaryň giň köpçüliginiň ünsüni özüne çekýär. Şonuň üçinem syýasy lider taglymaty örän köpdürlidir.

Häzirkizaman syýasy ylymda "syýasy lider" adalgasynyñ giňden ulanylmagy oňa belli bir kesgitleme berýär. Ol "ýolbaşçy", "serdar", "hökümdar", "baştutan", "dolandyryjy" we şuňa meňzeş düşünjeler bilen aňladylýar. Ýöne her bir hökümdar lider bolup bilmeýär. Kim köpçülige baştutan bolup, olary birikdirip, ilaty öz yzyna düşürip, oňa ýol görkezip bilýän bolsa, şol adam liderdir. Olardan başgada lideriň elinde öňde goýulan maksatlara ýetmek üçin serişdeler we usullar (häkimýet, tarapdarlar, guramalaryň , pul, baýlyk we şuňa meňzeşler) jemlenen bolmaly.

Häzirkizaman fransuz syýasaty öwrenijisi J.L.Kermonnyň pikiriçe syýasy işgär – bu häkimýetli pozisiýany eýelän we jemgyýete, durmuşy topara, birleşmelere mydama we çözgütli täsir edip bilýän adamdyr.

## § 4. Syýasy lideriñ häsiýeti hakyndaky taglymat

Munda esasy üns lideriň şahsy häsiýetlerine berilýär. Liderde bolmaly häsiýetleriniň onlarçasy sanalyp geçilýär. Mysal üçin amerikan alymy Bogardusyň aýtmagyna görä, "Adam işjeň, akylly, paýhasly, gowy häsiýetli bolmak bilen lider bolup biler. Lider diňe özünde tebigat tarapyndan bar bolan ukyplary ösdürýär, entek çagaka şol adamyň lider boljakdygyny aýtmak bolar" diýip belleýär. Şeýle-de lideriň degişgen, öňdegörüji, özüne ünsi çekip bilmek , alçaklyk, ynamlylyk ýaly häsiýetleri ýüze çykarylýar.

Liderligiň tebigatyna berlen düşünjeleriň iň ilkinjisi lideriň özbaşdak aýratynlyklary, häsiýetleri bilen baglanyşykly. Şeýlelik bilen hem häsiýet taglymaty emele gelýär. Bu taglymatyñ awtorlarynyň biri, amerikan sosiology E.Bogardus "şahsyýetiň akyl (intellektual) zehini ony

öňdebaryjy ýagdaýda goýýar, ol hem şahsyýeti iru- giç liderlige getirýär” diýip belleýär. Bogardus lideriň häsiýetlerinden degişgenlik, özüňe ünsi çekip bilmeklik,çalasynlyk,akyllylyk we şuňa meňzeşleri aýratyn belleýär.

## IX Bölüm. Syýsay elitalar

### § 1. Elitalar taglymatynyñ we düşünjesiniñ döremegi

Häzirkizamanda ilatyñ giñ köpçüliginiñ syýasy hereketleri amala aşyryp, syýasata gatnaşyp bilýändigi hakyndaky köpçülikleýin pikir, hakykat ýüzünde hyýaly maksat bolup galýar. Hakykatda olaryñ syýasata gatnaşmagy saýlawlar bilen çäklendirilýär, hakyky häkimiýeti bolsa syýasy elita amala aşyrýar.

Elitalar (fransuz dilinden terjime edilende “iñ gowy”,” saýlama ” diýmekligi añladýar) köp ýagdaýlarda ol ýa-da beýleki jemgyýetiñ ýüzüni görkezýär, sebäbi elitalar jemgyýetiñ ösüşiniñ maksatlarynyñ we meýillerini işläp düzýärler. Elitalar strategiki wajyp çözgütleri kabul edýärler bilen hem-de olary döwlet häkimiýetiniñ serişdelerini peýdalanmak arkaly ýerine ýetirýärler.

N.A.Berdýaýew jemgyýetiñ ösüşiniñ derejesiniñ elitanyñ hiline baglydygyny görkezmek bilen, “elitanyñ koefisentini ” hem ýüze çykarypdyr, ýagny jemgyýetde elitanyñ koefisenti 1% -e golaýlasa, onda ol jemgyýet howp astyndadyr, eger ol 5%-e ýetse onda ol jemgyýetiñ ýokary ösüş derejesini añladýandygyny N.A.Berdýaýew belleýär.

Syýasy häkimiýet syýasatyñ subýektleriniñ häkimiýet ugrundaky özara gatnaşyklarynyñ bolan ýerinde ýüze çykýar. Syýasatyñ subýektleri hökmünde şahsyýetiñ, sosiýal toparyñ, guramanyñ, döwletiñ çykyş edýändigini ýadymyza salalyñ. Bularyñ hersi syýasy durmuşa gönümel ýa-da gytaklaýyn, biri-

birine özara täsirini ýetirýärler. Bu beýlekilere täsir etmeklik ukyby "syýasy subýektiwlik " dylip atlandyrylýar, şeýle hem syýasy çözgütleri kabul etmek mümkünçiligini we ukybyny, kararlary durmuşa geçirmekligiñ serişdelerini hem-de syýasy işe gatnaşmaklygy birikdirýär.

Syýasatyñ subýektleriniñ arasynda elitalar aýratyn orun eýeleýärler. Jemgyýetde syýasy-dolandyryş işini elitalar ýerine ýetirýärler, ýagny olar wajyp syýasy çözgütleri kabul edýärler. Elitalarsyz syýasat ýokdur, çünki syýasy- dolandyryş işini amala aşyrmak üçin ýörite bilimler hökmanydyr, ol bilimler adatça ilatyñ köp böleginde bolmaýar. Mundan başga-da syýasy elitalar syýasatda toparlaryñ bähbitlerini öñe sürýärler hem-de olaryñ amala aşyrylmagy üçin gowy şertleri döredýärler. Şeýlelik-de, syýasy elita- bu häkimiýet guramalarynda ýolbaşçylyk ediji wezipeleri eýeleýän, häkimiýeti peýdalanmak bilen baglanyşykly wajyp meseleleri kabul etmeklige gönüden-göni gatnaşýan, artykmaçlyklardan peýdalanýan topardyr.

"Elita " adalgasyny syýasy söz aýlanşygyna girizen alym W. Paretodyr, onuñ belleýşi ýaly elita adalgasynyñ esasy taglymaty – artykmaçlykdyr. Bu barada alym W. Pareto:"Men elita düşünjesiniñ giñ manysyna akyl, paýhas, häsiýet, umuman birñäçe beýleki sypatlar boýunça tapawutlanýan adamlaryñ jemine düşünýärin " diýip belleýär. Şeýle hem italýan syýasy sosiologiýa mekdebiniñ wekilleri G. Moska (1856-1941ý.) bilen R. Mihelsi (1876-1936 ý.) elitalaryñ nusgawy taglymatynyñ emele gelmekliginiñ ahyryny jemleýjileri hökmünde görkezmek dogry bolar. Olar ilki bilen , jemgyýetdäki deñsizligi tebigy hasaplapdyrlar, ikinjiden bolsa, "elita" diýip artykmaç sypatlara eýe bolan hem-de özleriniñ beýlekilerden artykmaçdygyna düşünýän adamlaryñ toparyna düşünýärler. B. Paretonyñ pikirine görä elitalar jemgyýetiñ aşaky gatlaklarynda döräp,göreşiñ netijesinde ýokary çykýarlar we şol ýerde hem ýitip ýok bolup gidýärler. Alymlar G.

Moska, W. Pareto we R. Mihels dolandyrylýan köpçülik bilen dolandyrýan azlygyñ arasyndaky syýasy deñsizligi dürli-dürli düşündirýärler.

W. Pareto elitalary iki topara bölýär:

1. Dolandyrýan elita
2. Dolandyrmaýan elita (kontrelita)

Alymyñ pikirine görä, dolandyrýan elita dolandyryşa gös-göni we üznüksiz gatnaşýar. Kontrelita bolsa dolandyryş mümünçiliklerinden mahrum bolýar. Alym B. Pareto elitalary häsiýeti boýunça iki görnüşe: ýolbars we tilki häsiýetli elitalara bölýär. Onuñ pikiriçe jemgyýetdäki sosiýal üýtgeşiklikler syýasy göreşiñ we elitalaryñ çalşyp dyrmagynyñ netijesidir. Yolbars häsiýetli elitalaryñ agadaklyk edýän jemgyýeti durgunluga ýakyndyr, emma tilki häsiýetli elitalaryñ köplük edýän jemgyýeti çalt depgin bilen ösýändir.

XX asyryñ başlaryndan bäri, ýagny elitalaryñ nusgawy taglymatynyñ döremeginden bäri köp wagt geçdi. Emma, alymlar ony öwrenmekligi şu wagt hem dowam edýärler. Häzirkizaman syýasy ylmynda “elitologiýa” diýen ýörüte bilim pudagy bar.

Amerikan syýasaty öwrenijisi Raýt Mills (1916-1962 ý.) elitalar hakynda täze pikirini öñe sürýär. Ol özüniñ “Häkimlik edýän elita” atly işinde häzirkizaman amerikan elitasyny derejeleriñ we strategiki rollaryñ topary hökmünde kesgitläpdir, ol elitalara ýokary wezipeleri eýeleýän adamlary degişli edipdir. R. Millsiñ pikiri boýunça amerikan jemgyýetiniñ düzüminde üç elita topary: ykdysady (korporasiýalaryñ ýolbaşçylary), syýasy (syýasy liderler) we harby (ýaragly güýçleriñ baştutanlary) agalyk edýärler. Häkimiýetiñ bu üç institutynyñ arasynda berk özara baglanşyk bardyr.

R. Millsiñ kesgitlemesinden başga-da häzirkizaman syýasy ylmynda elitalar hakynda dürli-dürli kesgitlemeler bar. Eger-de elitalar hakyndaky nusgawy taglymatda onuñ

tebigatyny kesgitlemeklige bolan iki çemeleşme bar bolsa, ýagny:

1. Elitalar häkimiýetli wezipeleri eýeleýän topar (G. Moska).

2. Elitalar jemgyýetiñ has gymmatly we öndüriji toparydyr (W. Pareto).

Elitalary öwrenmeklige bolan häzirkizaman çemeleşmelerde birinji pikir,ýagny G. Moskanyñ pikiri agdaklyk edýär. Syýasy elitalaryñ daşky görnüşi we ýerine ýetirýän işi dürli ýurtlarda durli-dürlidir. Bu ýagdaý birnäçe hadysalaryñ täsiri bilen şertlenendir.Şol hadysalary hasaba almaklyk bilen elitalary toparlara bölüp bolýar. Şeýlelikde, döwlet häkimiýetini eýeleýän we wajyp kararlary kabul edýän elita – dolandyryjy elita diýilýär. Elitalaryñ häkimiýet funksiýalaryndan mahrum edilen bölegine –kontrelita diýilýär.

## X Bölüm. Syýasy proses we syýasy dolandyryş

### § 1. Syýasy proses we syýasy dolandyryş düşünjesi

Subýektleriň syýasy işjeňliginiň we olaryň özara gatnaşygynyň dürli görnüşleri syyasy prosesleri emele getirýärler. Proses bu – işiň dowamlylygy, ol ýa-da beýleki dowamly, yzygiderli iş, düzgün, dessur, syýasy proses – bu syýasy wakalaryň dowamly, biri – biri bilen bagly zynjyrydyr şeýle hem jemgyýetde syýasy häkimiýeti basyp almaga, ony elde saklamaga, berkitmäge we peýdalanmaga gönükdirilen, syýasatyň subýektleriň dowamly hereketleriniň ýygyndysydyr. Umuman aýdylanda, syýasy prosesi kesgitli ugrukdyrylmasy bolan syýasy durmuşyň dowamly üýtgewi, hereketi, ösüşi hökmünde kesgitläp bolar. Syýasy proses barada aýdylanda birnäçe manylar almak bolýar. Birinjiden, syýasy proses – bu jemgyýetiň syýasy ulgamynyň ýaşamaklygynyň, onuň ewolýusiýasynyň (haýal ösüşiniň) görnüşidir. Ikinjiden, syýasy

proses – bu hukuk, ykdysady, aňyýet we beýleki proseslerden tapawutlanýan jemgyýetçilik prosesleriniň biridir. Üçünjiden, syýasy proses hökmünde kesgitli masştably prosesiň ahyrky netijesinde düşünýärler. “Proses” düşünjesi sözlüklerde iki manyda berilýär: a)haýsyhem bolsa bir zadyň ösmeginde, kemala gelmeginde hadysalaryň, ýagdaýlaryň dowamly üýtgewi; b)ol ýa-da beýleki netijä ýetmek üçin dowamly hereketleriň ýygyndysy. Syýasy proses – bu durmuş – taryhy prosesleriň aýratyn görnüşi.Onuň häsiýetli alamaty – häkimiýeti degişlilikdäki hukuk normalarynyň peýdalanyp syýasy subýektleriň umumy maksatlara ýetmekligidir. Syýasy prosesiň mehanizm jemgyýetçilik institutlarynyň we durmuş toparlaryň aragatnaşyklaryny düzýär. “Syýasy proses” düşünjesi – syýasatnamada däp bolan we giňden ulanylýan düşünjedir. Syýasy proses syýasy hakykatyň aýrylmaz bölegi bolup durýar we jemgyýetçilik durmuşynyň şu oblastynyň häsiýetli alamatlary we çäkleri açylyp görkezilýär.

Syýasy proses özbaşdaklygy bilen tapawutlandyrylýar, ýöne ahyrky derejede ol ykdysady gurluş, döwlet dolandyryşy, jemgyýetdäki ykdysady – syýasy gatnaşyklarynyň häsiýeti bilen şertlendirilýär.

Syýasy prosesiň gatnaşyjylar, onuň hereket ediji şahsyýetleri we güýçleri bolup aýratyn raýatlar öňe çykýarlar, olaryň syýasy we jemgyýetçilik guramalary we birleşmeleri, durmuş – synpy, etniki we adamlaryň beýleki umumylyklary hem şoňa degişlidir. Syýasy prosesiň her bir gatnaşyjysynyň, ýagny, onuň subýektiniň strategiki we taktiki maksatlary we meseleleri bar. Olar hem syýasy güýçleriň işjeňliginiň görnüşini, düzümini, metodlaryny, olaryň arasyndaky aragatnaşyklarynyň häsiýetini we ş.m. kesgitleýärler. Syýasy prosesiniň birnäçe gatnaşyjylary üçin maksat – häkimiýeti eýelemek, beýleki birleri üçin bolsa – ony elde saklamak we peýdalanmak bolup durýar. Şulara baglylykda hem syýasy prosesiň subýektleriň arasynda aragatnaşyklar kemala gelýär.

Olar hyzmatdaşlyk, bäsdeşlik, göreş, konflikt, antogonizm, konsensus we ş.m. häsiýetlerde bolup bilerler.

Syýasy prosesiň şu aşakdaky (döwri) tapawutlandyrýarlar: konstituirlenme, syýasy ulgamyň emele gelmegi; berlen ulgamyň (komponentleriniň) we alamatlarynyň täze öndürmeleri; syýasy – dolandyryş sözgütleriniň kabul edilmegi we ýerine ýetirilmegi; syýasy ulgamyň ösüşiniň ugrukdyrylmasynyň we (işleýşiniň) üstünden gözegçilik. Biri-biri bilen bagly bolsalar-da, bu (döwülreriň) hersi özüne mahsus aýratynlyklary saklaýarlar, öz şahsy esaslanmasyny ýerine ýetirýärler.

Syýasy prosesiň esasy (döwürleri) syýasy ulgamyň ösüşiniň dinamikasyny ýuze çykarýarlar. Şonuň üçin her bir täze (döwürde) syýasy ulgam öňküsini gaýtalamaýarda, täze taraplar we häsiýetler bilen baýlaşýar (mysal üçin: saýlaw ulgamynyň ýa-da täze kanun çykaryjylygyň döremegi, syýasy bloklaryň, partiýalaryň we ş.m. kemala gelmegi), onda syýasy özgerişler bolup geçýär.

Alamatlaryň tutuş hataryna baglylykda syýasy prosesiň dürli görnüşleri we tipleri hereket edýärler. Syyasy erkin ýüze çykarylmagyndaky obýekte baglylykda olar içeri syýasy we daşary syýasy proseslere bölünýärler. Syýasy gatnaşygyň häsiýeti nukdaýnazaryndan syýasy prosesler angozirlenenlere we angazirlendiklere bölünýärler.

Angazirlenmedik syýasy prosesler döwlete we döwletiň, häkimiýetiň beýleki institutlary bilen gatnaşykda raýatlaryň azat, erkin syýasy gatnaşygyny göz öňünde tutýarlar. Angazirlenen syýasy proseslerde raýatlaryň boýnuna dakylan syýasy gatnaşyklaryň görnüşleri we dolandyryş çözgütleri kabul etmekligiň berk merkezleşdirilen metodlary agalyk edýär. Syýasy prosesiň angazirlenmedik demokratik görnüşleriniň öz gezeginde aşakdaky görnüşler boýunça toparlara bölmek bolýar:

a) gönüden-göni demokratiýa

b) wekilçilikli demokratiýa

w) plýuralistik demokratiýa

Syýasy prosesiň gatnaşyjylarynyň öz funksiýalarynyň köpçülikleýin amala aşyrylmagy, döwletiň öz ygtyýarlyklarynyň we borçlaryny açyk ýa-da düşnüksiz durmuşa geçirmegi nukdaýnazaryndan syýasy prosesiň açyk we ýapyk (gizlin) görnüşlerini tapawutlandyrmak bolýar. Açyk syýasy proses ilki bilen toparlaryň we raýatlaryň syýasy bähbitleriniň partiýalaryň we hereketleriň maksatnamalarynda, beýleki köpçülikleýin beýan etmelerde häsiýetlendirilýär. Muňa garşylykda ýapyk proses jemgyýetiň gadagan ede, bikanun we ykrar etmedik gurluşlarynyň rolunda öňe çykyp bilýän, köpçülikleýin ykrar edilmedik syýasy institutlara we häkimiýetiň merkezlerine daýanýar.

## § 2. Syýasy prosesleriň görnüşleri

Dinamik deňagramlyga ýetmek usullary boýunça, syýasy özgerişleriň kesgitli dowamlylygyny göz öňünde tutýan syýasy ulgamyň özgermeginiň barşynda syýasy prosesleriň 3 görnüşini tapawutlandyrmak bolar: tehnokratik, ideokratik, harizmatik.

Tehnokratik tipli syýasy proses – syýasy özgerişleriň faktorlarynyň arasynda syýasy tehnologiýalara we proseduralara: kanunlara, däp-dessurlara, syýasy çözgütleri kabul etmegiň proseduralaryna, häkimiýete kanunçylygyň berilmeginiň usullaryna uly ähmiýet berilýär. Gatnaşyjylar özlerine kanuny, syýasy dessurlar tarapyndan berlen syýasy rollary we işleri berk tutýarlar. Berlen görnüş medeni gurşawynyň örän ýokary birsydyrgynlygy bolan ýurtlarda – anglosakson ýurtlarynda kemala gelýär. Ilatyň aglabasynyň däp-dessurlara ýykgyn etmesi syýasy ulgamyň durnuklygyny, onuň syýasy institutlarynyň ýokary täsirliginiň saklanyp galmagyny üpjin edýär.

Ideokratik görnüşli syýasy proses – awtonom şahsyýetligiň, kämilleşmegiň, ösmegiň ilkinji basgançaklarynda duran syýasy rollaryň we işleriniň ösen bölünmeginiň ýok bolan tradision jemgyýetlerine mahusu. Etnomedeni we durmuş-ykdysady gatnaşyklarda dürli ugurlary eýeleýän jemgyýeti umumy milli ideýalaryň esasynda birleşdirmek mümkin.

Harizmatik görnüşli syýasy proses – bu görnüş syýasy lideriň rolunyň we derejesiniň absolýutirlenmeginiň, kä halatda hudaýlaşdyrmagynyň çäklerindäki gündogar medeni dessurlaryna mahsus. Ỳöne syýasy lider mydama wezipesi boýunça lider bolmaýar, resmi däl liderleriň bolmagy hem mümkin. Syýasy özgerişleriň harizmatik görnüşi tehnokratik we ideokratik syýasy prosesler bilen üsti dolandurmak şertinde has täsirli bolýar. Raýat jemgyýetiniň we syýasy infrastrukturanyň yzagalak, pes ýagdaýynda, pes hukuk medeniýeti we islenilýän jemgyýetiň häsiýetleri we alamatlary boýunça umumy milli ylalaşygyň bolmazlygy halatynda şahsyýete esaslanmaly bolýar. Lideriň harazmalygy ýa wezipelik derejesine esaslanmaly, ýa-da närazylygy, garşylygy peýdalanyp we ýagdaýy hökman gowulyga üýtgemegi wada berip, jemgyýetiň agzalarynyň aglaba köplüginiň isleglerini, talaplaryny beýan etmek ukybyna daýanmalydyr.

Syýasy prosesleriň esasy görnüşleri:

a) syýasy ulgamyň edaralaryň kemala gelmegi; onuň barşyna ozal ýok bolan, döredilmedik syýasy birleşmeler döredilýär we olaryň arasynda ýörite normalar arkaly kadalaşdyrylýan gatnaşyklar ýola goýulýar;

b) işleýji prosesinde syýasy ulgamyň alamatlarynyň we alamatlarynyň gaýtadan dikeldilmegi: syýasy durmuş diňe üznüksiz täzelenmekden, öň ýok bolan syýasy gatnaşyklaryň we institularyň döredilmeginden durman, eýsem, şol gatnaşyklaryň däp-dessur, prosedura, ýurdiki we ideologiki

bölekler arkaly durnukly ýagdaýda saklamak ugrundaky hereketlerden hem durýar;

ç) meseleleri we olary çözüliş usullaryny kesgitleýän syýasy maksatlara ýetmegiň serişdeleriniň saýlawyny amala aşyrýan syýasy hereketleriň ugruny belleýän syyasy çözgütleriň kabul edilmegi we ýerine ýetirilmegi.

Bu prosesleriň arabaglanşygy hemişeli üpjin etmäge gönükdirilen, syýasy gatnaşyklaryň we olaryň üýtgemesiniň ýagdaýlaryny, olara dinamika, özgerme berilmegine ugrukdyrylan hereketleriň çylşyrymly ýygyndysyny döredýär.

## § 3. Sýyasy prosesiň ekstremal görnüşleri

a) Gozgalaň – taryhy döwre, gozgalaňa gatnaşyjylaryň durmuş düzümine baglylykda dürli-dürli häsiýetlendirilýär. Olary intensiwligi, dowamlylgy, üstünlige mümkinçiligi boýunça, guramaçylyk derejesi gatnaşyjylaryny ruhlandyrýan. Ruhy we psihologik impulslar boýunça tapawutlandyrýarlar. Hemme gozgalaňlara käbir guramaçylyk derejeleri degişlidir, kesgitli maksatlary öňe sürýän ýolbaşçylar bu ýerde uly rol oýnaýarlar.

b)Bunt – örän ýokary derejeli intensiwligi, gatnaşyjylarynyň aktiwi bolan ýöne geçişiniň çäkli möhleti, şeýle hem ony döreden meseläniň, sebäbiň örän möhümligi bolan köpçülikleýin hereket. Bunt – bu elmydama diýen ýaly agalyk edýän syýasy toparlaryň, döwlet edaralarynyň haýsydyr bir ekstraordinar hereketine jogap hökmünde ýüze çykýar.

ç)Pitne özüniň intensiwliginiň, emosional dartgynlygynyň derejesi boýunça bunta ýakyn, ýöne ondan tapawutlykda gatnaşyjylaryň sany has çäklendirilen. Kesgitli toparyň şahsyýetleriniň örän wagt oňat pikirlenilip, maksada gönükdirilen taýýarlygynyň netijesi hökmünde döreýär. Ýaraglanmak häsiýeti göterýär, harby güýje bil baglanýar we pitneçileriň esasy ýadrosynyň adatça armiýa düzýär.

d)Putç – eger köpçülik pitneçilere goşulmaýan bolsa emele gelýär, ýagny giňişleýin goldawa, ýagdaýyň göz öňünde tutulmagyna, işlenip düzülen maksatnama daýanmaýan harby hereketlerde ýüze çykýar.

Döwlet dolandyryş düşünjesiniň beýan edilmeginde, onuň esasynda bolsa degişlilikdäki ylmy-bilimleriň ähli baýlygynyň açylmagy, onuň iki düzüjisiniňem - "döwlet" we "dolandyryş" düşünjeleriniň beýan edilmegine baglydyr. Bu iki düşünjä köpdürli manylar, kesgitlemeler bilen dolandyrylan soň, kä wagtlar näme barada gürrüň gitýändigine hem düşünmek kyn. Aýratyda "dolandyryş" düşünjesine köp kesgitlemeler berlip, ol dürli hilli ýagdaýlaryň, gatnaşyklarynyň we prosesleriň sanýetmez köplügini özünde jemleýär.

Dolandyryş adamzadyň taryhy dowamatynda, asyrlar boýy wagtyň geçmegiňde döräpdir. Ol adamzat tarapyndan özleriniň durmuşyny pikirli, aň-paýhaslydolandyrmak we olaryň bähbitlerini goramak üçin döredilipdir. Dolandyryş öz gezeginde maşgala, eýeçilik, ahlak, hukuk, önüçilik, döwlet, habarlaýyş ýaly jemgyýetçilik institutlary bilen bir hatarda tutulýar. Dolandyryş – latynça – "regere", iňlisçe – "control", "management", fransuzça – "administration", nemesçe – "regiorung" sözleri bilen aňladylýar. Dolandyryşyň esasynda arabaglanşyk, gatnaşyk hadysasy, bähbit we bilim, maksat we ukyp, adamyň özüni alyp barşy durýar. Şunuň bilen dolandyryş derejesi adamyň güýji, ösüşi bilen baglanşyklydyr. Jemgyýetiň durkunyň esasynda onuň usuly, arzuwlary, gymmatlyklary, kanunalaýyklary durýar.

Dolandyryş – munuň özi adamlaryň intellektual we pratiki işjeňliginiň iň bir çylşyrymly we jogapkärçilik gurşawlarynyň biridir. Dolandyryşda jemgyýetiň ýagdaýy we adamyň ykbaly kesgitlenýändir. Esasan dolandyryşyň üsti bilen adamlar biri-biri bilen gatnaşyklara girýärler, birleşip-bileleşip köpçülikleýin jemgyýetçilik durmuşyny emele getirýärler.

Adamlaryň arasyndaky maddy we tehniki serişdeler, hukuk, kanun borçnamalary, tehnologik prosesler, jemgyýetçilik gymmatlyklar, ruhy önümler dolandyryşy döredýän dersi bolup durýar. Adamlar dolandyryş ulgamynyň esasy özeni, mazmuny bolup durýarlar. Dolandyryşda hemme zat adamdan gelip çykýar, özem soň şol adama gönükdirilýär. Mümkin bolan ähli zatlaryň hemmesi dolandyryşyň esasy guraly bolup durýar. Ol esasan adamlaryň, energiýasyna, hyjuwyna, guramaçylygyna bagly bolup durýar. Häzirki zaman nazaryýetinde dolandyryş mehanizmleriniň, iş ösüşleriniň iň gymmatlysy saýlawlar ulgamydyr.

Ylmy edebiýatda dolandyryşa dürli ugurlarda seredilýär:

1)Dolandyryş adamlaryň işi bilen berk baglanşyklydyr. Esasy özeni buýruk bermek mümkinçiligi (administrawit) bilen bagly bolan dürli usullaryň üsti bilen amala aşyrylýar. Kanunlary berjaý etmeklige gönükdirilen hukuk aktlarynyň döredilmegi guramaçylyk tagallalary bilen baglanşyklydyr. Bu görnüşde býurokratiýa gülläp ösüp, obýektiw baha berijilik pese gaçýar. Adamlaryň işjeňligi belli bir derejede zorluga, gorka, taýaga daýanylyp, dolandyryşy amala aşyrmakda peýdalanylýar.

2)Dolandyryş gatnaşyk hökmünde suratlandyrylýar. Ol jemgyýetçilik gatnaşyklaryna syrykýar. Adamlaryň arasyndaky gatnaşyklar belli bir derejede dolandyryş bolup durýar. Ol gatnaşyklaryň üsti bilen dolandyryşyň kämilligi, ösüşe emele gelýär.

3)Dolandyryş adamlaryň aňyna, terbiýesine, işine täsir etmäge esaslanýar. Dolandyryşda uly täsir ýetirýän zatlaryň biri-de maksat we okgunlyk bolup durýar. Dolandyryşda hiç hili zat maksatsyz bolmaýar. Maksatlaryň özenini isleg, arzuw, hyýal düzýär. Dolandyryşyň esasyny öwrenmek we amaly ýerine ýetirmekde ylmy nukdaýnazardan ykdysady barlaglar ulanylýar.

Pelsepe edebiýatynda (K.Popper, K.Ỳaspers we beýl.) dolandyryş jemgyýetiň öz-özüniň dolandyryşynyň düýpli alamatlarynyň ýüze çykmagy nukdaýnazardan analizlenýär. Ol özünde jemgyýetiň, tebigatyň we akyl ýetirşiň köp jedelli kanunalaýyklaryny özüňde jemleýän taryhy fenomen diýip ykrar edildi.

Dolandyryşyň möhüm aspektleri sosiologik pikir açýar (K.Marks, M.Weber, T.Weblen, D.Beenhem we beýl) ylymda "dolanryşyň sosiologiýasy" diýen akym döredi. Onuň çäklerinde dolandyryş synplaryň, gatlaklaryň, durmuş toparlaryň we gatlaklaryň, professional toparlaryň, halkyň dürli wekilleriniň arasyndaky aragatnaşyklaryň çylşyrymly mehanizm hökmünde suratlandyrylýar.

Dolandyryşyň psihologik aspektlerinde Z.Freýdiň psihoanaliz ideýalarynyň döremegi we ösdürilmegi, dolandyryşa adamlaryň arasyndaky psihologik gatnaşyklarynyň iň çylşyrymly we aktual mehanizmi hökmünde seredilmegine we akyl ýetirmäge girişilmegine mümkinçilik berdi. Indiwidual, kollektiw we umumy agdyklyk ediji erkiň çeşmeleri we formalary açylypdyr.

Şeýle hem dolandyryş medeni hadysa hökmünde köplenç etiki, estetiki we pedagogik nukdaýnazardan hem häsiýetlendirilýär. Dolandyryşda gürrüňsiz adamlaryň ahlakly häsiýetleri kemala gelýär we onuň özi ahlak kategoriýalarynyň esasynda analizlenip we baha berlip bilinýär. Örän haýallyk we uly kynlyk bilen bolsa-da, dolandyryşyň etikasy (D.Karnegi) durmuşa girýär. Çeper edebiýat, kino, teatr, hatda suratkeşlik we arhitektura adamlaryň dolandyryşa bolan ahlak häsiýetiniň emele gelmeginde örän möhüm rol oýnaýar.

Ondan başga-da dolandyryşyň syýasy, hukuk, prakseologik aspektleri bar.

Dolandyryş amaly we nazaryýet bilimleriň mazmunyndan emele gelýär. Dolandyryşy köpsanly, basgançakly adamzat siwilizasiýasynda görmek bolýar. Dolandyryş barada köp

oýlanmalary, özleriniň şahsy tejribeleri barada patyşalar, hanlar, begler, serkerdeler gadymy döwründe ýazyp geçipdirler. Şu zatlaryň hemmesi göz öňünde tutulyp, umumylaşdyrylanda, dolandyryşa anyk subutnama berip bolýar. Dolandyryş – dürli taryhy döwürlerde, dürli milli medeniýetlerde tapawutly, özboluşly, çylşyrymly häsiýete eýedir.

## X I Bölüm. Syýasat we adam hukuklary

### § 1. Adamyň syýasaty ölçeýşi

Syýasatyň öwrenilmegi diňe bir oňa abstrakt akyl ýetirmek üçin ähmiýetli bolman, eýsem ol syýasy prosesleriň düýp manysyna düşünmekligi, şahlyýetiň akyl taýdan gözýetiminiň giňelmegini üpjün edýär. Şeýle hem ol häzirkizaman demokratik jemgyýetde has uly meseleleri çözmäge, ýagny syýasata ynsanperwer ugur görkezmäge , ony şahsyýetiň , jemgyýetiň we bütün adamzadyň bähbitleri üçin peýdalanmaga boýun egdirilendir.

Şahsyýetiň syýasata gulluk etmegi jemgyýete, we bütün adamzada ýa-da haýsydyr bir jemgyýetçilik işi ynsanperwerlik (gumanizm) prinsipini şöhlelendirýär. Ol prinsip adama iň ýokary gymmatlyk hökmünde garaýar, her bir şahsyýeti, onuň ýaşaýşa bolan hukuklaryny, onuñ erkin ösüşini hem-de şahsyýetiñ bagtly gelejege ymtylyşyny goraýar. Ynsanperwerlik adamyň iň esasy hukuklarynyň ykrar edilmegini öňe sürýär, ähli jemgyýetçilik işine baha bermekde şahsyýetiň bähbidini iň ýokary çäk hökmünde tassyklaýar . Bu uniwersal, planetar prinsipdir. Ol adamlary milli, synpy, dini, garyndaşlyk we başga bir prinsipler boýunça bölmeýär, hem-de adamzat taýpasynyň, özara sylagly gatnaşygy, şeýle hem garyp ýa-da betbagytçylyga sataşan adamlara (gaçgaklara, açlara we ş.m. ) kömek bermekligi talap edýär.

Syýasatdaky ynsanperwerlik onuň guramalarnyň formasynda, maksatlarynda we mazmunynda, şeýle hem syýasy işiň serişdelerinde aýdyñ görünýär. Häzirkizaman şertlerinde syýasatyň gurnamaklygyň iň ynsanperwer görnüşi demokratik syýasy ulgamlardyr. Ol ähli raýatlaryñ azatlygynyň we deňhukuklylygynyň ykrar edilmeginden, häkimiýetiň halkyň gözegçiliginde bolmaklygyndan, adamyň şahsyýetine we hukuklaryna hormat goýulmagyndan ugur alýar. Ynsanperwerlik prinsipi adam bähbitlerini amala aşyrmakda, adamyň ýaşaýyşynyň we ilatyň durmuş şeritleriniň gowylandyrylmagynda, döwlete we bütin planetada sosial adalatlylygy hem-de parahatçylygy berkitmekde amala aşyrylýar. Şu nukdaýnazardan ugur almak bilen, ynsanperwer syýasat şahsyýetiň erkin ösüşini we isleglerini kanagatlandyrmak üçin gowy şertleri üpjin edýän syýasatdyr.

Ynsanperwerlik prinsipi döwlet şeýle hem halkara mazmuna eýedir. Halkara derejesinde ol parahatçylyk ugrundaky göreşe, parahatçylygyñ berkidilmegine, adama bolan hormata we adalatlylyga esaslanýan halkara gatnaşyklaryny şeýle hem bütindünýä tertibini ýola goýujy hökmünde çykyş eýär. Şeýlelikde ol prinsip döwlet we jemgyýetçilik gurluşyny saýlap almaga, garaşsyz we özbaşdak döwlet döretmäge, döwletleriň deňhukuklylygyna, biri-biriniň içki işine goşulyşmazlygyna , döwletara dawaly meseleleri çözmeklikde güýç ulanmazlyga , ikitaraplaýyn bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmäge , halyklaryň arasyndaky dostlygy berkitmäge we ş.m. hukuklarynyň erkindigini öňe sürýär. Döwletleriň içeri we daşary syýasatynyň esasy ynsanperwer ugurlary BMG, ÝXXG (Ýewropa Howpsyzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy) tarapyndan kabul edilen birnäçe resminamalarda özleriniň yzygiderliligini tapdy, we hukuk taýdan berkidildi. Häzirkizaman şertlerinde ynsanperwerlik diňe bir adamlaryň arasyndaky aragatnaşyklary häsiýetlendirmän, eýsem adamyň tebigata bolan gatnaşygyny

hem häsiýetlendirýär. Tebigat adam ýaşaýyşynyň iň hökmany şertidir, ol adamlaryň arasyndaky şeýle hem dürli nesilleriň arasyndaky gatnaşyklary aralaşdyrýan wajyp faktorlaryň biridir. Ýöne geçen asyrlarda adamzadyň işi beýle ýykgynçylykly, global, planetar derejede bolamandyr. XX asyryň 2-nji ýarymynda adamzadyñ üstüne ekologik howplar abandy. Tebigata akylly- paýhasly , aýawly çemeleşmäge esaslanýan ykdysady syýasat hökmany ynsanperwer, ahlakly syýasat derejesine eýe boldy. Sebäbi ol diňe bir medeniýetiň ösmegi üçin däl-de adamzadyň birnäçe howplardan halas bolmagy üçin gerek. Häzirki günde ykdysady syýasatda şu günki şeýle hem geljek nesiller hakynda alada edilýär. Ynsanperwerlik diňe raýat jemgyýetiñ üns berýän, şonuň meşgullanýan meselesi bolmaklygyny bes edip, indi döwlet hat-da dünýä syýasatyna öwrüldi. Adamzat jemgyýetiniň başga çykagalsy ýok eger tersine bolan ýagdaýynda bütün adamzadyň heläk bolmak howpy bar. Ýöne syýasat bilen ynsanperwerlik bir ýere sygyşyp bilermikä?

Ynsanperwerlik gadym wagtlardan bäri jemgyýete we syýasata ilki bilen ahlagyň we hukugyň üsti bilen täsir edipdir. Ynsanperwerlik ideýalary ahlagyñ umumy adamzat mazmunynyň esasyny düzýär. Ahlak adamyñ aňyna ornaşyp, gowy baha eýe bolup, adamlaryň işiniñ ugrukdyryjysy bolýar, olar ugurlaryñ käbiri bolsa kanunda hukuk taýdan berkidilýär.

Ahlak -jemgyýetçilik durmuşynyň aňy, adamlaryň özüni alyp barşynyñ düzgünlerini öz içine alýan ýörüte gurşawdyr.

Ahlak jemgyýetçilik hadyslaryna indiwidual däl-de, kollektiwleýin ,ilkinji nobatda bolsa umumyadamzat nukdaýnazaryndan baha berýär. Taryhy tejiribäniň görkezişi ýaly ahlaksyzlyk diňe bir şahsyýetiň sandan çykmagyna getirmän, eýsem bütün jemgyýetiň zaýalanmagyna getirýär.

Esasy ahlak gymmatlyklary absolýutdyr. Olar haýsam bolsa başga, has ýokary ykdysady syýasy ýa-da başga gymmatlyklardan gelip çykmaýar. Olaryň iň ýokary derejesi adamyň özüniň we bütin adamzat urugynyñ gymmatlygy bilen kesgitlenýär. Ahlagyñ täsiri şahsyýetiň özüne içki gözegçiliginiñ psihologik mehanizimlerine esaslanýar, olaryň iň esasysy bolsa-ynsapdyr.

Ynsap-adamyň öz özüniň, beýleki adamlaryň , jemgyýetiň , ähli adamzadyň, hudaýyň öňündäki jogapkärçiligidir. Ol adamyň özüni alyp barşynda we onuň ýüreginiň çuňlugynda ynsanperwerlige ýol görkezijidir. Ol-adamyň içki sudýasydyr (kazy), ol hemme ýagdaýda, esasanam syýasy we jemgyýetçilik gözegçiliginiň mümkin bolmadyk ýerlerinde şahsyýetiñ öz-özüne içkli gözegçiligini üpjün edýär. Ynsap adamy beýleki jandarlardan ýa-da akylly maşyndan, robotdan adama öwürýär. Dini akyldarlar ony ýöne ýerden öž-özüňi tanadýan we adamlaryň öňünde jogapkärçiligiñi duýdurýan, adamlaryň ýüregindäki “Hudaýyň uçguny” diýip atlandyrmandyrlar. Bozulan ahlakly, ynsabyny ýetiren adam jemgyýet üçin we beýleki adamlar üçin hem howply jandara öwrülýär. A. Gitler özüniň adamzady ýigrenmek sýýasatyny milli- sosializmden geçirmek bilen öz esgerlerini ynsap diýen keselden saplanmalydygyna ynandyrypdyr.

Ynsap borç we adamyň özüni alyp barşyny ugrukdyrýan ahlak mehanizimleri bilen birleşip, syýasatyň ynsanperwerliginiñ iň gowy kepili hökmünde çykyş edýär. Şonuň üçin jemgyýetiň ösen ahlak medeniýeti-demokratik syýasy gurluşyň iň hökmany şertidir .

## § 2. Ahlak we syýasat: umumylyklary we aýratynlyklary

Ahlagyñ we syýasatyň adamlaryň özüni alyp barşyny sazlaýjy hökmünde umumy sypatlary hem bar.

Dürli talaplaryň ösmegi, olary kanagatlandyrmagyň mümkinçiliklerinden öňe geçmegi, Indiwidde başga adamlaryň we tebigatyň hasabyna bähbitler gazanmak islegini döredýär, ol hem aýratyn şahslara şeýle hem bütin adamzada howp salýar şeýle islegli adamlar örän kän. Bu islegler-baýlyk, köpsanly we gymmatbahaly zatlar, beýleki adamlaryň üstünden hökümirowan bolmak islegi, tebigatyň kanunlaryna boýun egmän, onuň üstünden hökmürowan bolmak, we ş.m. Bu islegleriň hemmesi bütin adamzada we her bir adama howp salýar. Munuň şeýledigini Aristotel hem belläpdir. Ahlak adamy onuň üçin howply bolan isleglerden saklaýar, indiwid bilen jemgyýetçiligiň arasyndaky garşylygy çözmäge ýardam edýär.

Siwilizasiýanyň ýaňy dörän wagtynda uly bolmadyk adam kollektiwleri (urug, taýpa) syýasatsyz ýaşapdyrlar, olar adamlaryň özara gatnşyklarynyň sazlaşygyny we jemgyýeçilik tertibini däp-dessurlarynyň kömegi bilen üpjin edipdirler. Wagtyň geçmegi , çylşyrymly sosiýal umumylyklaryň döremegi bilen adamlaryň özüni alyp barşyny sazlamak üçin ahlak formalary az bolupdyr. Önümçiligiň ösmegi we zähmetiň bölünmegi , sosial dawalaryň ýitileşmegi , jemgyýetiň çylşyrymlaşmagy, şonuň bilen birlikde adamlaryň özara ganaşygynyň formasynyň, sosial gözegçiligiñ taryhy görnüşininñ gowşamagy syýasatyň aýratyn institut hökmünde emele gelmegine getirýär. Şeýlelik bilen ahlagyñ we syýasatyň esasy jemgyçilik wezipeleri gabat gelýär.

Umumylyk alamatlaryna seretmezden syýasatyň ahlakdan prinsipial aýratynlyklary hem bar. Olardan iň esasylary syýasy dawalardyr. Ýokarda belleýşimiž ýaly

syýasat jemgyýete täsir edýän we häkimiýetiñ ulanylmagyny talap edýän toparlaýyn sosiýal dawalary çözmäge gönükdirilen işdir. Syýasatyň ýene bir has tapawutly tarapy güýje daýanmagydyr, talaplaryň ýerine ýetirilmändigi üçin zorluk çäreleriniñ ulanylmagydyr.

Ahlak bilen syýasat özbaşdakdyrlar we olar bir-biriniň işine goşulyşmaly dädirler. Ahlak – bu raýat jemgyýetiniň şahsy jogapkärçilik işidir, syýasat bolsa-ahlakdan azat bolan, toparalaýyn bähbitleriň garşylyk oblastydyr.

Şeýle garaýyşlaryñ düýbini tutujy hökmünde N.Makiawellini hasaplaýarlar. Ol özüniň "Hökümdar" (1532) diýen tanymal işinde, syýasatyň jemgyýetçilik ahlagynyň kesgitli ýagdaýyny, şeýle hem adamlaryň ahlak bozulmalarynam göz öňünde tutmalydygyny aýdýar. Ýagny döwleti we tertibi halas etmek üçin hökimdaryň ähli, şol sanda ahlaksyz serişdeleri hem ulanmaga hukugynyň bardygyny aýdýar. Syýasat tarapyndan ahlak gymmatlyklarynyň äsgerilmezligi ony ahlaksyz edýär. Hakyky durmuşda syýasatyň ahlaksyzlygy giň ýaýran hadysadyr.

Anarhizm syýasata has negatiw baha berýär. Rus anarhizminiň atasy

M.A. Bakunin syýasaty zorluk, sütem diýip baha berýär. Häkimiýet diňe bir onuň eýelerini azdyrman, eýsem oňa mejbury boýun egýänleri hem ýoldan çykarýar.

Marksizm hem syýasata anarhizme ýakyn baha berýär. Näme üçin adamlaryň köpüsinde syýasata "hapa" , "ahlaksyz" iş hökmünde garaýyş bar. Munuň sebäpleri diňe bir adamlaryň azaşmagynda däl-de, kesgitli syýasatyň hakyky sypatlarynda şeýle hem syýasatyň aýratynlyklarynda.

Syýasatyň ahlaksyzdygyny düşündirýän sebäpleriň birnäçesini ýüze çykarmak bolýar. Şeýlelik bilen syýasat köp halatlarda ahlakdan daşda bolýar, şonuň üçin hem syýasat köp adamlar tarapyndan "hapa iş" diýip hasaplanylýar. Ýöne

syýasat ahlakdan düýpgöter üzülip aýrylyp bilmeýär, eger şeýle bolan ýagdaýynda jemgyýet zaýalanýar.

## § 3. Adam hukuklary düşünjesi we onuñ taryhy

Jemgyýetde ýaşaýan adamlaryñ bähbitlerini tertipleşdirmek, sazlamak we ony ynsanperwerleşdirmek anyk, kesgitli prinsipleriñ üsti bilen amala aşyrylýar. Ol prinsipler indiwidiñ, jemgyýetiñ we döwletiñ arasyndaky özara gatnaşyklar ynsanperwer gymmatlyklary girizýär. Ynsanperwer düşünjeleriñ ýörite aýdyñlaşdyrylmagy syýasatda “adam hukuklary” diýip atlandyrylýar. Ol hukuklar adamlar bilen döwletiñ arasyndaky özara gatnaşyklaryñ prinsiplerini, düzgünlerini añladýarlar. Şahsyýetiñ erkin ýaşamagyny üpjün edýär. Ol ýada beýleki görnüşde beýan edilýän adam hukuklary hakyndaky meseleler bütün adamzadyñ taryhy bilen bile dowam edip gelýän meselelerdir. Adam hukuklary indiwidiñ, jemgyýetiñ we döwletiñ özara gatnaşyklarynda azatlygy, şahsyýetiñ mertebesini we onuñ iñ ýokary gymmatlyk derejesini berkidýär. Şahsyýetiñ döwlet bilen özara gatnaşygynyñ dört sany esasy usuly bar: Totalitar, patriarhal, özbaşdak (indiwidualistik) we partisipator (gatnaşmak). Şeýle gatnaşyklaryñ totalitar modeli bütewiligiñ kiçijik bölegiñ üstünden agalygyny we indiwidiñ döwlete boýun egdirilmegini añladýar. Bu ýerde adam hukuklary diýen mesele aradan aýrylýar, sebäbi adama bir bütewiligiñ organiki bölegi hökmünde seredilýär.

Indiwidiñ we häkimýetiñ özara gatnaşygynyñ patriarhal görnüşi adamlaryñ hukuklarynyñ we borçlarynyñ çylşyrymly gatnaşyklaryny, häkimýete bolan gatnaşykda olaryñ ýagdaýynyñ deñsizligini añladýar. Bu ýerde jemgyýet birnäçe synplara we toparlara bölünýär, aşaky gatlaklar syýasy hukuksyz, ýokary gatlaklar bolsa iñ ýokary häkimiýet

ygtyýarlyklardan peýdalanýarlar.Patriarhal gatnaşyklaryñ esasy çeşmesi we paýlaýjysy bolup, awtoritar hökümdar (monarh, diktator we ş.m.) çykyş edýär.

Şahsyýetiñ we häkimiýetiñ özara gatnaşyklarynyñ özbaşdak (indiwidualistik ) usuly döwlete bolan gatnaşykda indiwidiñ esasydygyna, ýokarydygyna esaslanýandyr. Ol liberalism añyýetinde has aýdyñ görkezilendir, ýagny erkin şahsyýet her bir häkimýetiñ ahyrky çeşmesidir.

Häzirkizaman syýasy ylmynda indiwidiñ we häkimiýetiñ özara gatnaşyklaryna partisipator (gatnaşmak) çemeleşme has agalyk edýär. Bu çemeleşme şahsyýeti jemgyýetden çetleşdirilen, özüniñ erkin ýaşamagy üçin adamlar bilen mejbury ýagdaýda döwlet döreden jandar hökmünde suratlandyrman, eýsem, şahsyýetiñ erkin ýaşamagy we ösmegi üçin iñ gowy şertleri döwletiñ üsti bilen üpjün edýndigini beýan edýär. Adamzadyñ irki döwründe, urug-taýpa gatnaşyklary şertlerinde adam hukuklary hakyndaky mesele bolmandyr, sebäbi ol döwürde indiwidden aýry häkimiýet bolmandyr, sonuñ üçin hem häkimiýetli gatnaşyklarda şahsyýet gymmatlygyny we azatlygyny goramaklygyñ zerurlygy bolmandyr.

Adam hukuklary meselesiniñ döremeginiñ özi jemgyýetiñ, döwletiñ we adam özbaşdaklygynyñ ösmegi bilen berk baglanşyklydyr. Häkimiýete bolan gatnaşykda özbaşdak mertebäniñ we şahsyýetiñ özbaşdaklygyna düşünmekligiñ we ykrar edilmeginiñ ilkinji taryhy görnüşi b.e.ö. 1 müñýyllygynda dörän tebigy hukuklar hakyndaky ideýalardyr.

Bu ideýalar ilki bilen gadymy grek filosoflarynda: Likofronyñ, Antifonyñ, Alkidamyñ işlerinde gabat gelýär. Olaryñ aýtmagyna görä hemme adamlar dogulandan deñdirler we olara tebigat tarapyndan birmeñzeş deñ hukuklar berlendir. Likofronyñ beýan etmegine görä döwletiñ özi bolsa jemgyýetçilik şertnamasynyñ netijesidir.

Galybersede adam hukuklar meselesine özüniñ ähmiýetli goşandyny goşan Aristoteldir. Aristotel adamyñ tebigy hukuklaryny, ilki bilen hem onuñ hususy eýeçiligi bolan hukuklary gorapdyr.

Aristoteliñ pikirine görä hususy eýeçilige bolan hukuklar adamyñtebigaty, onuñ öz-özüni söýýän jandarlygy bilen baglydyr. Aristotel häzirkizaman adam hukuklary taglymatyna ýakyn, birnäçe ideýalary öñe sürüpdir. Ol döwletiñ raýatynyñ hukuklaryny diñe bir ykrar etmän, eýsem olary tebigy, şertleýin we pozitiw hukuklar diýip tapawutlandyrypdyr.

Häkimiýet bilen gatnaşyklardaky we beýleki adamlar bilen gatnaşykda indiwidiñ awtonomiýasy, mertebesi we deñligi Gadymy Gresiýanyñ we Gadymy Rimiñ filosoflarynyñ ideýalarynda diñe erkin raýatlara degişli edilýär, gullara degişli edilmeýär.

Adam hukuklary taglymatynyñ esasyny düzýän ynsanperwer gymmatlyklary köpçülikleýin ýaýratmaga Hristiýançylyk uly goşant goşýar. Ol ynsanperwer ideýalary dini-ahlak gymmatlyklar bilen birleşdirip, oña iñ ýokary gymmatlyk derejesiniberýär.

Hristiýançylyk adamyñ içki dünýäsine, onuñ ynanjyna we gymmatlyklary saýlap almagyna erkinlik berýär, şeýdibem adamyñ özbaşdaklygynyñ ösmegine ýardam edýär. Hristiýançylyk Hudaýyñ her bir adamy gaýtalanmaýan görnüşinde ýaradanlygy üçin sylag-hormata mynasypdygyny öñe sürýär. Hudaý tarapyn döredilış hemme adamlaryñ deñligini şertlendirýär.

Feodalizm döwründe deñlik ideýasy, hemme adamlaryñ tebigy hukuklary ýa-da erkin raýatlaryñ hukuk taýdan deñligi inkär edilýär.

Hukuga monarh ýa-da süzeren tarapyndan berlen artykmaçlyk, sowgat hökmünde beýan edilipdir. Synplaryñ hersi ýörite hukuklardan peýdalanypdyr. Hukuklar synpy basgançagy peseldigiçe kemelýär.

## § 4. Şahsyýetiñ esasy hukuklary we häzirkizaman dünýäsinde olary amala aşyrmaklygyñ meseleleri

Biziñ günlerimizde adam hukularyna köp ýurtlar üçin dünýä bileleşigi tarapyndan ykrar edilen gymmatlyk hökmünde seredilýär.

“Adam hukuklary” termininiñ özi dar we giñ manyda ulanylýar. Dar manysynda – bu diñe döwlet tarapyndan goralýan we kepillendirilýän hukuklar, ol hukuklar konstitusion berkidilmegine we territoriýal araçäklere garamazdan ulanylýar. Ol hukuklara hemme adamlaryñ kanun öñünde deñligi, ýaşamaga bolan hukugy we eldegirilmesizlik, adamçylyk mertebesiniñ hormatlanmagy, bikanun tussag etmeklikden we saklanmakdan goraglylyk, ynanjyñ we ynsabyñ erkinligi, ene-atalaryñ çagalaryny terbiýelemäge hukugy, erijilere garşy göreşmäge hukuklar we ş.m.

Giñ manyda – adam hukuklary bütin şahsyýetiñ hukuklarynyñ we azatlyklarynyñ giñ toplumyny we olaryñ dürli görnüşlerini özüne birikdirýär.

Adam hukuklarynyñ häzirkizaman görnüşlere bölünýän dürli-dürliligidir. Ol görnüşleriñ belli bir derejede umumy Kabul edileni ähli hukuklary negatiw we pozitiw görnüşlere bölmekdir. Hukuklary şeýle tapawutlandyrmak olara erkinligiñ pozitiw we negatiw görnüşleriniñ bolmagyna esaslanandyr. Belli bolşy ýaly, erkinligiñ negatiw manysynda şahsyýete bolan gatnaşykda mejburylygyñ, çäklendirilmäniñ ýoklygy, öz islegiñ boýunça hereket etmek mümkinçiligi, pozitiw manysynda – erkin saýlaw, adamyñ öñde goýýan maksatlaryna etmeginiñ usuly hökmünde ýüze çykmasydyr.

Negatiw hukuklar döwletiñ we beýleki adamlaryñ borçlaryny kesgitleýär. Olar şahsyýeti onuñ azatlyklaryny bozýan zatlardan goraýarlar. Bu hukuklar esasy, absolýut hasaplanylýar. Olary amala aşyrmak döwletiñ resurslaryna, ýurduñ sosial-ykdysady ösüşiniñ derejesine bagly

däldir.Negatiw hukuklar indiwidual erkinligiñ fundamentini düzýär. Olar ähli liberal hukuklar negatiw hukuk häsiýetine eýedir.

Bu hukuklar toparynyñ(umuman negatiw we liberal) ýuridiki berkidilmegine mysal bolup, ABŞ-nyñ konstitusiýasynyñ hukuklar hakyndaky Billidir. Biliñ ähli maddalary şahsyýeti höhümet tarapyndan adlatsyzlyklardan goramaklyga gönükdirlendir.

Negatiw hukuklardan tapawutlylykda pozitiw hukuklar döwletiñ, şahslaryñ we guramalaryñ ol ýa-da beýleki abadançylyklary, kesgitli hereketleri amala aşyrmagyny añladýar. Pozitiw hukuklar ähli sosial hukuklaryñ häsiýetine eýedir. Mysal üçin: bilim almak, saglygyñy goramak, gowy ýaşaýyş derejasi we ş.m. Bu hukuklary amala aşyrmak, negatiw hukuklara garanyñda has kyn. Pozitiw hukuklary amala aşyrmaklyk, döwletde ýeterlik resurslarybolmasa mümkin däl. Resurslaryñ döwletde ýetmezçilik eden ýagdaýynda pozitiw hukuklar diñe “gedaýlykdaky deñligi” kepillendirip biler.

Raýat we syýasy hukuklar.

Adam hukuklarynyñ has takyk we giñden ýaýran görnüşi hukuklary amala aşyryş sferasyna bagly bolyar, ýagny raýat(şahsy) syýasy, ykdysady, sosial, medeni.

Raýat(şahsy) hukugy – bu negatiw hukuk häsiýetine eýe bolan, tebigy, eldegirilmesiz hukuklardyr. Olary raýatyñ döwletiñ raýatlygyny göterýän adamyñ hukuklary bilen çalşyrmaly däldir. Raýat hukuklary tebigy hukuklardan gelip çykýar. Raýat hukuklaryna adamça ýaşamaga, erkinlige we şahsy eldegirilmesizlige, mertebäñi goramaga, adyl, garaşsyz we köpçulikleýin suda, hat alyşmaklygyñ, telefon, telegraf we beýleki habarlaryñ gizlinligine, bir ýerden beýleki ýere göçmekligiñ erkinligine, ýaşamaga ýeri saýlamaklyga, şeýle hem islendik döwletden göçüp gitmäge we öz ýurduña gaýdyp gelmäge we ş.m. zatlara bolan hukuklary degişli edýärler.

Köp döwletleriñ konstitusuýalarynda raýat hukulary syýasy hukuklar bilen bir topara birikdirlendir. Muña kanunlaryñ iki görnüşiniñ hem negatiw häsiýete eýe bolmagydyr şeýle hem hukuklaryñ iki görnüşiniñ hem şahsyýetiñ azatlyklaryny üpjün etmäge gönükdirlendir.

Syýasy hukuklar raýatlaryñ jemgyýetçilik durmuşyna we döwleti dolandyrmaklyga işjeñ gatnaşmagynyñ mümkinçiligini kesgitkeýär. Olara adamyñ raýatlyga, saýlaw hukugyna, erkin soýuzlara we assosiasiyalara girmek, demonstrasiýalara we ýygnaklara gatnaşmak, informasiýa, söz azatlygyna, pikir azatlygyna, şeýle hem KHS-niñ(Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri) erkinligine, ynsap azatlygyna we ş.m. bolan hukuklar degişli edilýär.

Ykdysady hukular. Raýat we syýasy hukuklaryñ gapdalynda gönüden göni ykdysady hukuklar hem bolýar. Olar indiwidleriñ sarp ediş predmetlerini we hojalyk işiniñ esasy predmetlerini we hojalyk işiniñ esasy faktorlaryny(önümçilik we işçi güýç şertleri) erkin ulanyşy bilen baglydyr.

Tä XX asyryñ ortalaryna çenli bu hukuklaryñ iñ esasysy – hususy eýeçilige, telekeçilige we işji güýjini erkin ulanmaga bolan hukuklar adatça esasy raýat hukuklaryna degişli edilipdir.

Ykdysady hukuklaryñ içinde esasy orny hususy eýeçilige bolan hukuklar eýeleýärler.

Günbatar ýurtlarynda we Russiýada 1917 ýylyñ oktýabryna çenli hususy eýeçilige bolan hukuk raýat jemgyýetiniñ ýaşamagy üçin iñ esasy şertiñ biri bolupdyr. Kommunistik döwletlerde bu hukuk inkär edilýär.

Hususy eýeçilige hukugyñ ýok ýerinde raýatlaryñ köpüsi garypçylyga we gedaýçylyga duş duş gelýärler, sebäbi bu hukugyñ kanun tarapyndan ykrar edilmedik jemgyýetinde ösen bazaar ykdysadyýetini gazanmak mümkin däl.

Şonuñ bilen bir wagtyñ özünde taryhyñ tejribesi hemme beýleki hukuklaryñ çäklendirilşi ýaly hususy eýeçilik hukugynyñ hem çäklendirlendigini görkezýär.

Sosial, medeni we ekologik hukular.

Raýat, hukuk we ykdysady hukuklary kä halatlarda liberal hukuklar ýa-da ilkinji nesliñ hukuklary diýip atlandyrýarlar. Olaryñ hemmesi negatiw hukuk häsiýetini göterýär, häkimiýet tarapyndan hukuklarynyñ çäklendirilmeginden şahsyýeti goraýar.

Ilkinji nesliñ hukuklaryna sosial hukuklary degişli edýärler. Ol hukuklar her bir adamy gowy ýaşaýyş şertleri, erkin maddy şertleri döredýärler.

Ikinji nesliñ hukuklaryna sosial, medeni we ekologik hukuklar degişlidirler.

Sosial hukuklar – her bor adamy gowy durmuş şertleri we sosil goraglylyk bilen üpjün etmek bilen bagly. Bu sosial üpjünçilik, ýaşaýyş jay, zähmet, saglygyñy goramak, bilim we ş.m. bilen bagly hukuklardyr.

Medeni hukuklar – adamyñ ruhy ösüşini kepillendirmelidir. Ol hukuklar bilim almaga, medeni gymmatlyklardan peýdalanmaga, çeper we tehniki döredijilige erkinlik hukuklaryny özüne birikdirýär.

Ekologik hukuklar – amatly daşky gurşawa, onuñ ýagdaýy häkimiýetdäki takyk maglumatlara, ekologik kanunlaryñ bozulmagynetijesinde adamyñ saglygyna we elägine ýetirilen zyýanlaryñ öweziniñ doldurylmagyna bolan hukuklar.

# XII Bölüm. Syýasy añyýet (ideologiýa)

## § 1. Syýasy añyýet düşünjesi

Syýsy añyýet syýasy aňyň iň bir täsirli formalarynyň biridir.”Syýasy añyýet” adalgasyny ylmy aýlanşyga girizen fransuz alymy A. de Tresi (1754- 1836 ý.). Bu adalga döräninden so, şol ruhy hadysa bolan garaýyşlar döräp başlaýar. Añyýet taglymatynyñ düýbüni tutujy K. Marks, añyýete önümçilik gatnaşyklarynyň gapma-garşylygy netijesinde dörän (fantastik) aňyň formasy hökmünde garapdyr. Alym K. Mangeým hem oňa ýalan göz öňüne getirmeleriň, arzuw etmeleriñ jemi hökmünde garapdyr. Ýöne şeýle-de bolsa K. Mangeým añyýetiñ ýerine ýetirýän wezipesine hem-de onuñ adamlary birleşdirmek ukybyna köp ünüs beripdi.

Syýsy añyýetler barada alymlaryň arasynda dürli pikirler bar. Ýöne şeýle-de bolsa alymlaryň köp bölegi syýasy añyýete ol ýa-da beýleki bir toparyň häkimete golaýlaşyp , ony öz bähbitleri üçin peýdalanmak bilen öz ideýalaryna jemgýetçilik aňynyň boýun egdirmegini aňladýan, kesgitli bir doktrina hökmünde baha berýärler. Syýasy añyýet bu aňyň köpdürliligi, ol haýsam bolsa bir toparyň syýasy we sosial ösüşine bolan nukdaýnazaryny aňladýar. Syýasy añyýetiñ artykmaçlygy onuñ elitalar üçin ruhy gural bolup hyzmat edýänligidir. Syýasy añyýetiñ häkimýete degişlilikdäki roly onuň jemgyýetçilik aňyna ornaşmagynyň häsiýeti bilen kesgitlenilýär.Şeýlelikde syýasy añyýetiñ esasy wezipeleri şu aşakdakylardyr:

- jemgyýetçilik aňyny eýelemek;
- geljegie, häzirki güne we geçmişe baha bermeklikde haýsy çäklerden ugur alynmalydygyny bellemek;
- jemgyýetiň syýasy ösüş baradaky hödürlän maksatlarynyň, wezipeleriniň öňünde pozitiw keşbi döretmek;

Syýasy aňyýet öz maksatlaryny, ideýallaryny wagyz- nesihat etmek bilen köp meşgul bolman, eýsem öňde goýan maksatlaryna ýetmeklik üçin raýatlaryñ maksada okgunly hereket etmegini gazanmaga synanyşýar. Aňyýet özüniñ syýasy wezipeleri boýunça jemgyýeti haýsydyr bir anyk bähbitler esasynda jebisleşdirmäge ýa-da ilatyň kesgitli bir gatlagyna daýanmaýan maksatlaryna ýetmäge synanyşýar, mysal üçin anarhizm, faşizm aňyýetleri. Şunuň bilen birlikde hem her bir aňyýet özüniñ taglymat taýdan esaslandyrylan ýagdaýlardan başga-da hakykatdan daşda bolan maksatlary, ideallary wagyz edýärler. Ol wagyzlar, ynandyrmalar hem adamlar tarapyndan ynam bilen kabul edilmäge hödürlenilýär. Şeýle wagyzlar bilen döwlet syýasatynyň ugryny ugrukdyrýan resmi aňyýetler bezelýär. Beýle utopizme köplenç ýagdaýda oppozision güýçleriň aňyýetleri degişlidir, sebäbi olar häkimiýetden onuñ berip biljek zadyndan köp zada garaşýarlar, şeýle hem owadan idealyň kömegi bilen özlerine köpçülikleýin tarapdarlary çekjek bolýarlar. Syýasy aňyýet raýatlaryñ syýasy özüni alyp barşyndaky maksat we ideýa ugur almalary üçin gönükdirlen ruhy okuwdyr.

### § 2. Häzirkizaman dünýädäki aňyýet akymlary

Liberalizm. Gadymy grek akyldarlary Lukresiýanyň we Demokritiň ideýalarynyň esasynda dörän liberalizm özbaşdak aňyýet akym hökmünde XVII-XVIII asyrda iňlis alymlary J.Lokkyň, T. Gobbsyň A. Smitiň syýasy filosofiýasynyň esasynda kemala gelýär. Liberalizm adam azatlygyny adam hukuklary bilen baglanyşdyryp erkin bäsdeşligiñ, bazaryň we teleketçiniň ideallarynyň öz taglymatynyñ esasyna goýupdyr. Liberalizmiň öňdebaryjy syýasy idealaryna baglylykda raýatlaryñ hukuk deňligi, döwletleriň şertnama laýyk tebigaty, şeýle hem has soňrak dörän, syýasatda bäsdeşlik edýän professional, ykdysady, dini,

syýasy assosiasiýalaryň deňhukuklylygy liberalizmiň esasy ideýalarydyr. Liberalizmiň esasy meselesi döwletiň raýatyň şahsy durmuşyna goşulyşmagynyň derejesini kesgitlemek, demokratiýanyň we azatlygyň bilelikde ulanylşyny, watana wepalylygy we uniwersal adam hukuklaryna wepalylygy kesgitlemek bolup durýar.

Şy meseleleri çözmeklik üçin edilen synanşyklar liberalizmde birnäçe içki akymlaryň döremegine getirdi. Şeýleleikde XX asyrda tradision liberalizm bilen bir hatarda döwlet añyýetiniñ we sosiýal maksatlarynyň alamatlaryny güýçlendirýän, liberalizmiň gymmatlyklaryny XX asyryň ykdysady we syýasy hakykatlyklaryna uýgunlaşdyrýan, taryhy liberalizmiň täzelenen formasy bolan-neoliberalizm akymy ýüze çykýar. Bu ugur ahlak prinsiplerine we gymmatlyklaryna salgylanýan hökümet, adalatlylyk syýasy ulgamyň artykmaçlygy hökmünde seredilýär . Neoliberallaryň syýasy maksatnamasynyñ esasyna syýasy prosese köpçüligiň gatnaşmagynyň zerurdygy, dolandyryjy kanunlaryň kabul edilşiniñ demokratiýalaşdyrylmagy hakyndaky ideýalar düzýär.

Dünýäniň döwletleriniň köpüsiniň köpçülikleýin syýasy garaýyşlaryny liberalizmiň esasy gymmatlyklary düýbinden üýtgetdi. Liberalizm bir näçe mlli añyýetleriñ esasyny düzýär, neokonserwatizmiň we hristiýan- demokratik añyýetleriniñ ugur görkezijisi bolup hyzmat edýär. Liberal esasda bir näçe syýasata gatnaşmak, demokratik taglymatlary we ş.m. emele geldi. Şu liberal-demokratik gymmatlyklaryň täsiri bilen gazanylan ägirt uly taryhy üýtgeşmeleriñ,

raýatlaryñ deňligini we azatlygyny amala aşyrýan prinsiplere daýanýan, şonuň üçin hem adamzat bileleşiginiñ ähli fundamental meselelerini çözmäge ukyply döwlet gurmaga tarap ynamly hereket edýändigini alymlar ( F. Fukýame we ş. m.) belleýärler.

Konserwatizm syýasy añyýet hökmünde diňe bir dolandyryş ulgamynyň köneçil görnüşini goldaman, eýsem sosiýal düzgünlere, syýasata gatnaşmak , döwlet bilen gatnaşmak ýaly prinsiplerinden ugur alýar. Bu düýpli garaýyşlaryň döremegine 1789-nji ýylda bolan Beýik fransuz rewolýusiýasyndan soňky liberalizmiň "üstünlikeri" sebäp bolýar. Bu garaýysyň ruhy atalary- Ž. de Mestor, L. de Bonald we esasan hem E. Berk dagylar radikal syýasy özgertmelere gahary gelip sosiýal düzgünleri üýtgetmegiň tebigata garşydygy hakyndaky pikiri ündäpdirler.

Neokonserwatizm añyýet akymy hökmünde 1973-1974-nji ýylyň syýasy kirizisine, günbatar ýewropada ýaşlaryň köpçülikleýin garşy çykmak hereketine öz boluşly jogap hökmünde dörän akym. Neokonserwatorlaryň döwleti ahlak prinsiplere we jemgiýetiň bütewiliginiň saklanylmagyna, kanunçylyk we düzgüniň esasynda durmuş şertleri üçin gerek bolan zatlar bilen indiwidi üpjin etmek , syýasy assosiasiýalaryň döremegine mümkinçilik bermek , raýat jemgyýetiniň institutlarynyň ösdürilmegi ýaly prinsiplere esaslanýar. Raýatyň we döwletiň gatnaşygynyň şunuň ýaly modeliniň syýasy gurluşy demokratiýa bolsa-da, neokonserwatizmiň teoretikleri (D. Bell, 3. Bžezinskiý, I. Kristall we ş.m.) döwlet doladyrlyşynyň kemçiliklerini ýüze çykarýan maksatnamalary düzärler. Nekonserwatizm konserwatiw añyýetiň we pikirlenme obrazynyň industrial ulgamynyň täze tehnologik şahasynda adamy gorap biljek ukyplaryny, syýasatyň sypatyny suratlandyrmagy we jemgiýeti krizisden çykarmaga ukyply sypatlaryny ýüze çykardy. Ondan başgada neokoserwatizm şeýle ideýa esasynda diňe bir luberalizmiň däl, eýsem sosializmiň we başga-da birnäçe maglumatlaryň ynsanperwer pikilerini süzip alypdyr.

Sosializm ideýalary dünýäde gadymdan bäri belli, ýöne teoretiki esaslandyrmany we ideologik sypaty ol XIX asyrda aldy. Bu taglymatyň döremeginde köp rol oýnan

alymlar fransuz alymy Ž.Ž. Russo, we onuň döwürdeşi F.Babefyň garaýyşlarydyr. Sosializ umuman indiwidiň ykdysady azatlygyna, bäsdeşlige we zähmete deň baha bermezligine garşy durýar.

Ilki bilen bu jemgiýetçilik gurluşynyň ideýalyny suratlandyrmaga synanşanlar täze döwrüň akyldarlary T. Mor we T. Kampanelladyr, XVIII asyr ahyrynda XIX asyryň başlarynda bolsa utopiki sosializmiň wekilleri – Sen-Simon, Furýe we Ouen. XIX asyryň ortalarynda K. Marks bilen F. Engles sosializme nazary taýdan esaslandyrma berýärler. W.I. Lenin bu ideýalary Russiýada işçileriň hereketi bilen baglanyşdyrmak üçin birnäçe işleri ýazypdyr.

Faşizm. Häzirki günde siýasy ylymda faşizme bolan iki sany garaýyş bar. Alymlaryň bir bölegi oňa XX asryň 20-30 ýyllarynda Italiýada, Germaniýada, Ispaniýada kemala gelen sýasy añyýetleriñ görnüşleri diýip düşünýärler. Faşizmiň düýbüni tutujy italýan sosialistleriniň çep ganatynyň lideri B. Mussalinidir. Onuň taglymaty Platonyň, Gegeliň elitar ideýallaryndan ugur alyp, milletçiligiň iň ahyrky nokadyny, döwletiň “çäklendirilmedik hukuklaryny” we onuň syýasy hökümdarlaryny wagyz edipdir hem-de basyp alyşy goldapdyr.

A. Gitleriň milli -sosiýalizmi hem faşizmiň özboluşly bir görnüşidir. Faşizimiň nemes wariýanty häkimetiň gurnalşyndaky totalitarizmiň ýokary görnüşi we açyk jynsparazlyk bilen tapawutlanýar.

A.Gobinonyň , I.Fuhtetiň, G.Treýçkeniň , A. Şopengaueniň, F. Nisşeniň jynsy artymaçlyklar ideýasyndan ugur alyp, german faşiziminiň teoretikleri ariler (arassa ganly millet) baradaky ideologiýasyny gurupdyrlar. Faşizimi taryhy taýdan öwrenilenilende, ýokarda ady tutulan döwletlerden başga döwletlerde-de görmek bolýar. Mysal üçin 30-40-njy ýyllarda Ispaniýada, Ýaponiýada A.Soalazaryň dolandyran döwründe ,Portugaliýada prezident Peronyň (1933-1955)

döwründe, Argentinada 60-njy ýylyň ahyrynda, Gresiýada dolandyrşyň käbir döwürlerinde, g.o. Afrikada, Ugande-de, Braziliýada, Çilide we ş, m. .

Milli añyýetler. Milli bütewilikleriniň döreýş prosesi dowam edýän ýurtlarda uly syýasy roly syýasy añyýetler oýnaýarlar. Mysal üçin: günbatar ýewropada milli añyýetleriñ ösen döwri XIX asyryň ahyrynda XX asyryň başlarynda bolupdyr. Umuman milli añyýetler sosiýal derejesi ýokary bolan raýatlaryñ syýasy talaplaryny aňladýar.

Daşarky şertlere we ilatyň aňyna baglylykda syýasy güýçler milli toparyň medeni özboluşlygynyň goralmagyny (tä özbaşdak döwlet dörediýança) ýa-da milletiň ýaşamagy üçin geosyýasy giňişligiň giňeldilmegini, ýa-da onuñ tersine, öz territoriýasyny we milli özbaşdaklygyny daşky howplardan goralmagyny "düýpli milletiň" wekilleri üçin artykmaçlyklaryň döredilmegini, milletara gatnaşyklaryň giňeldimegini talap edip bilýärler.

Häzirki wagtda sosiýal durnukly ýurtlarda syýasy añyýetleriñ jemgiýetçilik aňyna täsiri peselýän hem bolsa, modernizasiýa prosesini başdan geçirýän geljekki ösüş ýoluny saýlaýan ýurtlarda häkimiýeti eýelemek we ulanmak ugrundaky göreşde ruhy mobilizasiýanyň bu guralynyñ roly barha artýar.

## XIII Bölüm. Halkara syýasat

### § 1. Halkara syýasat düşünjesi

Häzirki döwürde dünýä syýasaty düýp göter üýrgedi. Dünýä döweletleri diplomatik gatnaşyklarynyň netijesinde ösýärler we biri- birlerine ýakynlaşýarlar. Bize mälim bolşy ýaly hiç bir döwlet hem dünýä bileleşiginden rugsatsyz ýadro, himiki we bakteriologik ýaraglaryny öndürip bilmeýär. Sebäbi bular adamzadyň parahat ýaşamagy üçin howply serişdeler bolup durýarlar. XX asyryň ahyrlarynda dünýä bileleşikleri

muňa göz ýetirdiler. Olar dünýä syýasatyny diňe umumy adamzat gymmatlyklaryna daýanyp gurmaly diýen netijä gelýärler. Şu wagta çenli bolan uruşlar adamzadyň gazanan gymmatlyklaryna uly zyýan ýetirdi. Dünýä taryhynda 5,5 müň ýylyň içnde diňe 3 asyr parahatçylyk bolupdyr diýip alymlar kesgitleýärler. Mysal üçin şol uruşlaryň netijesinde diňe ýewropanyñ özünde XVII asyrda 3 million, XVIII asyrda 5mln, XIX asyrda 6 mln, XX asyrda bolsa 70 mln- dan gowrak adam ölüpdir.

Häzirki döwürde dünýä syýasaty doly öwrenilenok. Emma, dünýä syýasaty barha çylşyrymlaşýar. Gatnaşyklarda daşary syýasat adalgasy bilen bilelikde «Halkara syýasaty» adalgasy hem ulanylýar. Bu bolsa halkara gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň subýektiniň giňelmegi bilen düşündirilýär. Görnükli fransuz sosiology R. Aronyň aýtmagyna görä halkara gatnaşyk – bu syýasy birlikleriň gatnaşygydyr. Halkara gatnaşygynyň jedelsiz formasy şertnamalar bolup çykyş edýär. Amerikan alymy D. Rozenaunyň aýtmagyna görä halkara gatnaşykşyklaryny ugrukdyryjy adam bolup çykyş edýär. Halkara gatnaşyklarynyñ mysalynda ýewropa howpsyzlyk we hyzmatdaşlyk guramasyny görkezmek bolar. Olar bileleşip daşarky dünýä bilen gatnaşygy alyp barýarlar. Şolaryň netijesinde hem öz ekologik we syýasy bähbitlerini gorap çykyş edýärler. ÝHHG- sy bütin adamzadyň hukuklaryny gorap çykyş edýär we BMG-na ýakyndan kömek berýär. Ýewropa ýurtlarynda ÝHHG-nyň alyp barýan syýasaty durnuklylygy emele getirýär. Birnäçe awtorlaryň ýazmagyna görä içeri we daşary syýasat halkara gatnaşyklarynda esasy mesele bolup durýar. Morgentaunyň pikiriçe halkara syýasat – bu güýje garşy göreşdir . Amerikan sosiology P.Gurewiç içerki jemgyýetçilik gatnaşyklaryny dört sany faktora bölýär:

1.Harby interwensiýa
2. Goşylmak.
3. Halkara gatnaşyk.

4. Halkara ulgamy.

L. Gumplowiçiň pikrine görä halkara durmuşynda esasy göreş iki döwletiň arasynda serhet ugrunda göreş bolup durýar. Islendik döwlet öz güýjüni artdyrmaga ymtylýar. Geliň şu ýerde bar zady belläp geçeliň, islendik milli döwlet adamzat jemgiýetiniň bir bölegini düzýär we beýleki ýurtlar, halklar bilen aragatnaşyk etmezden ösüp bilmeýär. Döwletleriň özara gatnaşyklary bolsa dünýä derejesinde alanyňda halkara gatnaşyklaryny emele getirýär.

Halkara gatnaşyklarynyň mazmunyny düzýän iki sany mesele bar. Olar gapma- garşylyk we hyzmatdaşlykdyr. Halkara gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň her biri kesgitli maksatlara gulluk edýärler. Olar özboluşly bähbitleri amala aşyrmaga, şunuň bilen baglylykda halkara syýasatyna täsir etmäge çalyşýarlar. Içerki syýasatyň ýagdaýyndan tapawutlylykda halkara syýasy durmuşy köp merkezli we merkezleşdirilmedikdir. Bu ýerde esasy orny şertnamaalr, hyzmatdaşlyklar we ondan gelip çykýan ylalaşyklar oýnaýar.

Syýasatda „dünýä tertibi“ diýlen düşünje hem bar. Dünýä tertibi- bu halkara gatnaşyklarynyň bir görnüşi bolup milli syýasy ulgamlaryň we halkara mümkinçilikleriň özara hereketleridir.

## § 2. Içeri we daşary syýasatyň özara baglanyşygynyň meseleleri.

Syýasat ylmynda daşary we içeri syýasatyň arabaglanyşyk meselesi çylşyrymly meseleleriň biri bolup durýar. Olar esasan:

1. Tradisionalizm
2. Syýasy idealizm
3. Modernizm.

Alym Morgentaunyň bellemegine görä häzirki zaman daşary we içeri syýasatyň arabaglanşygynyň esasyny milli bähbit düzýändir. Milli bähbit obýektiw hadysadyr, sebäbi ol adamzadyň tebigaty, jemgyýetiň ösüşi, döwletiñ geografik taýdan ýerleşişi we onuñ taryhy hem-de däp – dessurlary bilen baglanşyklydyr.

Häzirki döwürde halkara gatnaşyklarynda neorealizm taglymaty bar. Olar içerki we daşarky syýasaty geosyýasat bilen baglanyşdyrýarlar. Olaryň pikirine görä içerki syýasaryň esasynda daşarky syýasatyň ýagdaýy durýandyr. Syýasaty öwreniji alym Wel Timanyň ýazmagyna görä, güýçli döwlet islese islemese daşary syýasata güýçli täsir edýän subýekt bolup durýar.

Parahatçylykly ýagdaýyň üpjün edilmegi halkara gatnaşyklarynda deňagramlylygy saklaýar. Alym Morgentaunyň belleýşi ýaly halkara gatnaşyklarynda iki sany ýol bar. Onuň iň esasysy döwletleriň häkimýetiniñ çäklendirilmegi, ýagny halkara hukugynyň bolmagy şeýle hem ahlak gymmatlyklarynyñ bolmagy. Öňki döwürlere garanyňda häzirki döwürde kiçi döwletler uly mümkinçiliklerden peýdalanýarlar . Alymlar muny dört sany sebäp bilen düşündirýärler . Bular şu aşakdakylardyr:

1. Ulagyñ we tehnologik gatnaşyklaryň üýtgemegi. Ulag arzanlamagy, kommunikasiýa geçirmeklik bularyň hemmesi transmilli korporasiýasynyň ösmegini çaltlaşdyrdy. Mundan başga- da dünýä önümçiligini çalt ösmegine täsir edýär.

2.Modernizasiýanyň,urbonizasiýanyñ , kommunikasiýanyň ösmegi.

3.Dünýä derejesindäki häkimýeti bölmek, bu akym ösüp barýan döwletlere degişlidir.

4.Beýik döwletleriň daşky gurşawa bolan gözegçiligini azaltmak.

Ähli döwletleriň daşary syýasatynyň esasy meselesi onuň içki ösüşini kesgitleýär. Bir döwlete güýç görkezmeklik

häzirki döwürde örän howply bolup durýar. Bu adamzadyň ýitmegine howp salýar. Şonuň üçin döwletler öz aralaryndaky gatnaşyklaryny güýç görkezmek däl-de hoşmeýilli gatnaşyklar esasynda alyp barmalydyrlar .

## § 3. Syýasat ylmynda halkara gatnaşyklarynyñ öwrenilişi.

Halkara gatnaşyklary adamzadyñ taryhynda gadym wagtlardan bäri her bir döwletiň, jemgyýetiň, galyberse-de aýry-aýry adamyň durmuşynda uly orun tutupdyr. Milletiň döremegi, döwletara hereketleriniň döremegi, syýasy düzgünleriñ kemala gelmegi we üýtgemegi, medeniýetiň baýlaşmagy, sungatyň, ylmyň, tehniki progressiň (ösüş) we ykdysadyýetiň ösmegi halkara gatnaşyklary bilen berk baglanyşyklydyr.

"Sowuk urşuň" tamamlanmagy " dünýä sosialistik ulgamyñ dargamagy, öňki sosialistik respublikalaryň özbaşdak döwlet hökmünde halkara arena çykmagy, milli bähbitleriň üýtgemegi adamlaryň gündelik durmuşyna, umuman bütin adamzadyň ykbalyna gös-göni täsir edýär. Şu zatlardan belli bolşy ýaly halkara gatnaşyklaryna nazaryýet taýdan akyl ýetirmekligiň hökmanydygy belli bolýar.

"Halkara gatnaşyklary" okuw dersi hökmünde ilkinji gezek birinji jahan urşundan soň ABŞ-nyň, Beýik Britaniýanyň uniwersitetlerinde, ilkinji kafedralaryň dörerilen döwründe döräpdir. Şol wagtda hem ilkinji okuw meýilnamalar ýüze çykýar. Halkara gatnaşyklary öz ösüşinde täze depgini ikinji jahan urşundan soň aldy. Halkara gatnaşyklaryny öwrenmeklik üçin harç edilýän serişdeler, ABŞ-ny halkara gatnaşyklaryny we dünýä syýasatyny öwrenýän uly ylmy merkeze öwürdi. Bu ugur boýunça alymlar Edward Karryň, Nikolas Spaýkmeniň, Reýnhold Niburyň hem-de Gans Margentauñ köp sanly işleri bar. G. Mergentauñ "Halklaryň

arasyndaky syýasy gatnaşyklar. Häkimiýet we parahatçylyk ugrundaky göreş” atly uly işi 1948-nji ýylda çap edilipdir.

Dürli maglumatlara görä häzirki wagtda halkara gatnaşyklaryna degişli bütin dünýäde çap edilýän edebiýatlaryň 80% ABŞ-da çap edilýar. Şonuň bilen birlikde soňky döwürde halkara gatnaşyklary ýewropada, belli bir derejede Angliýada, Fransiýada ösüp ugrady. GDA döwletlerinde we Russiýada halkara gatnaşyklary akademiki sapak hökmünde 90-njy ýyllardan soň başlandy. Sebäbi bu ylmyň hem ykbaly beýleki syýasy ylymlaryňky bilen meňzeş.

## § 4. Halkara gatnaşyklaryna gatnaşyjy hökmünde döwletiñ roly we orny

Alymlar B. Rassediñ we Starryñ nygtaýşyna görä Şekspir bütiñ dünýäni uly sahna hökmünde göz öñüne getirýär, adamlary bolsa onuñ aktýorlary hökmünde görkezýär.

“Aktýor” – bu F. Brontor we R. Jaminiñ ýazmagyna görä haýsyda bolsa bir işjeñ çykyş edýän esasy roly oýnaýan ýuz. Olaryñ nygtaýşyna görä, halkara gatnaşyklarynyñ çäginde kesgitlenen roly oýnap biljek,özüniñ täsirini ýetirip biljek aktýor haýsyda bolsa bir gurama, topar we indiwid hökmünde düşünmek gerekdir. Rasseriñ we Starryñ belleýşine görä “aktýor” adalgasynyñ birnäçe gymmatlyklary bar.

Birinjiden, ol giñ umumylygyñ arasyndaky täsiri şekillendirýär we şonuñ üçinem ol doly göwrümli bolýar.

Ikinjiden, ony ulanyp biz umumylygyñ gylyk häsiýetine üns berýäris. Şunuñ bilen bilelikde bu tertip umumulygyñ esasyna düşünmäge kömek edýär, ol belli bir ugurda özüni alyp barýar, belli bir herekete girişýär.

Üçünjiden, ol dürli aktýorlaryñ dürli rollary oýnaýandygyna düşünmäge mümkinçilik berýär.

## § 5. Halkara gatnaşyklaryna gatnaşyjy hökmünde döwletleñ mazmuny we roly

Döwlet ýokardaky bellenen düşünjelere baha berip bilýän halkara aktýor bolup durýar. Ol halkara hukugynyñ esasy subýekti bolup çykyş edýär. Döwletiñ daşary syýssaty köp ýagdaýda halkara gatnaşyklarynyñ häsiýetini kesgitleýär, ol gös-göni azatlygyñ derejesine we adamyñ ýagdaýyna şeýle hem onuñ ömrüne-de täsirini ýetirýär. Mundan başgada döwlet syýasy guramalaryñ uniwersal formasy bolup durýar. Häzirki zamanda käbir ýagdaýlara garamazdan tutuş adamzat bir ulgama birikdirilendir. Eger-de XV asyrda dünýäde bäş, alty sany döwlet bolan bolsa, 1900-njy ýylda olaryñ sany 30-a ýetdi, 1945-nji ýylda ol 100-e ýetdi, 1990-njy ýylda – 160, 1992-nji ýylda – 175, 1996-njy ýylda – 185-e ýetdi.

BMG-nyñ agzasy bolmak üçin muña halkara hukugyñ subýekti hökmünde ykrar edilmegi, garaşsyz hökümetiñ, territoriýañ we ilatyñ eýesi bolmaly.

Döwletiñ wezipesi ösdürlen formada bolup tertip düzgüne we serhede bölünen territoriýanyñ howpsyzlygyny saklamakda, jemgyýetde sosial we ykdysady ösüşini döretmekde umuman ilatyñ esasy isleglerni berjaý etmekde jemlenýär.

# XIV Bölüm. Häzirkizamanyň wajyp ( global ) meseleleri

## § 1. Wajyp (global) meseleler düşünjesi

„Derwaýys “ mesele diýip adamyñ işiniñ netijesinde dörän, özüniñ howplylygy bilen bütin ýer şarynyñ ilatynyñ ünsüni , akyl-paýhasyny birleşdirýän durmuş ýagdaýyna düşünilýär. Derwaýys meseleleriñ hatarynda ykdysady ýagdaý

dünýäde parahatçylygy saklamak, howply keselleri ýeñip geçmek, ýer şarynyñ ilatyny azyk bilen üpjin etmek, köp sebitleriñ wehalklaryñ yzagalaklygyny ýeñip geçmek, dünýä ummanyny , kosmiki giñişligi öwrenmek, umumyadamzat medeniýetini we ahlak gymmatlyklaryny saklap galmak we ş.m. meseleleri bellemek bolar.

Derwaýys meseleleriniñ köpüsiniñ çuñ kökleri bardyr, ýagny uruş we parahatçylyk, saglyk we köpçülikleýin keseller, aýry-aýry ýurtlaryñ we sebitleriñ ösüşiniñ derejesiniñ tapawutlary ýaly meseleler örän ýiti meselelerdir. Adamlaryñ tebigat bilen özara gatnaşygyndaky gapma-garşylyklar ýüzýyllyklaryñ dowamynda jemlenip, olaryñ möçberi giñeýär we ýitileşýär. Ikinji jahan urşundan soñ, senagatlaşmak güýçlenip, dünýäde kyn ýagdaýyñ döremegine getirdi. Senagatyñ ösüşi jemgyýet üçin peýdaly netijelerden başga-da iki sany ters, zyýanly ýagdaýy, ýagny köpcülikleýin gyryş ýaragynyñ döredilmegini we kämilleşdirilmegini şeýle hem tebigy gurşawyñ çalt zaýalanmagyny çaltlaşdyrdy. Hut XX asyryñ

50-70-njy ýyllarynda bu ýagdaýlar bütindünýä häsiýetine eýe boldy. Elbetde, jemgyýetiñ ösüşi mydama gapma- garşylykly bolupdyr. Şeýlelide, müñýyllyklaryñ dowamynda (takmynan 12 müñ ýyl) ýönekeý ekerançylyk tebigata ters täsirini ýetiripdir. Soñra tebigy baýlyklaryñ gazylyp alynýan önümçiligi, şäherleriñ, awtomobil we demir ýollaryñ gurluşygy, esasan hem senagatyñ metallurgiýa hem-de himiýa pudaklary daşky gurşawa örän ýaramaz täsir ýetirdi. B.e.öñ. VII-IV asyrlarda gadymy Gresiýada kümüş,mis känleriniñ işlenilmegi tokaýlaryñ köp derejede ýok nedilmegine getirdi.

Müñýyllyklaryñ dowamynda dowam edýän ýaraglanmaklyk prosesi hem adamzada özüniñ zyýanly täsirini az ýetirmedi. Ok, däri, partlaýjy serişdeler siwilizasiýanyñ diñe bir gazananlary bolman, eýsem onuñ betbagtçylygy hem bolup

dyrýar. Olaryñ peýdalanylmagy barha giñ ýykgynçylyklara we adam ýitgilerine getirdi.

Adamzadyñ ösüşiniñ gapma-garşylygy durmuşyñ köp ýagdaýlarynda ýüze çykýar. Adamlar ösüş ýolunda özleriniñ isleglerini kanagatlandyrmak üçin maddy baýlyklar toplapdyrlar, özleriniñ durmüş derejelerini ýokarlndyrmak üçin olary peýdalanypdyrlar. Ýöne şeýle-de bolsa adamzat açlykdan, gedaýçylykdan, medeniýetsizlikden başyny gutaryp bilmändir.Aýry-aýry döwletler we ilat toparlary baý ýaşaýan bolsa, birnäçe beýleki döwletler, halklar, durmuşy toparlar garyp we yzagalak durmuşy dowam etdirýärler.

Durmuşyñ ýiti meseleleri ýurtlaryñ we sebitleriñ çäginden çykyp, kiçi we wagtlaýyn mesele bolmakdan bütindünýä we mydama hereket edýän hadysalara öwrüldi, ýagny derwaýys häsiýete eýe boldy. Ylmy- tehniki ösüş tebigatyñ baýlyklaryny hic ir hasapsyz peýdalanyp, adamlara ýaramaz täsir edip, ähli planetanyñ ykbalyna howp salýar.

Häzirki zaman adam siwilizasiýasynyñ ykbalynda wajyp meseleleriñ ähmiýetine ylmy nukdaýnazardan ilkinji gezek , Rim kluby diýlip atlandyrylýan birleşmäniñ alymlary üns berdiler we bahalandyrdylar. 1972-nji ýyldA olar, giñiñişleýin barlaglaryñ jemi bolan- „Osüşiñ çäkleri“ diýlip atlandyrylýan uly nutugy çap etdiler. Bu nutukda adamzadyñ ösüşine syn berilýär, ýagny dünýäde ilatyñ sanynyñ artmagy, industrial we agrar önümçiligiñ möçberi şeýle hem daşky gurşawyñ zaýalanmagy barada aýdylýar. Işiñ netijesinde bolsa , „egerde admzdyñ ösüşi şu bady bilen dowam etse onda golaýdaky ýüz ýylyñ içinde ösüşiñ soñy geler, siwilizasiýa yza gaýdar we dünýä ulgamynyñ heläk bolmagy mümkin“ diýip ýazýarlar. Ol işiñ çap edilenden bäri dünýäniñ birnäçe derwaýys meseleleri boýunça ylmy barlaglar we syýasy jedeller alnyp barylýar. Häzirki günde wajyp meseleler özüniñ prinsipial aýratynlyklary bilen ýüze çykýar.

Birinjiden, ähli halklaryñ we döwletleriñ durmuş bähbitlerine degişli bolmak bilen bütin dünýä , planeta meselesi häsiýetine eýedir.

Ikimjiden, derwaýys meseleler gaýrygoýulmasyz çözgütlere mätäçdir, onuñ üçin bolsa ähli döwletlerñ, döwletara birleşmeleriniñ, bütin dünýä birleşmeleriniñ köpçülikleýin güýji gerekdir.

Üçünjiden, derwaýys meseleler wagtynda çözülmedik ýagdaýynda ol tutyş adamzada howp salýar, şeýle hem siwilizasiýanyñ heläkçiligine getirip biler.

Hut şu aýratynkylkar aýratynkyklar derwaýys meseleleri dünýä jemgyýetçiliginiñ üns merkezinde goydy, olary dünýä syýasatynyñ gaýrygoýulmasyz meselelerine öwürdi.

## § 2. Häzirkizaman derwaýys meseleleriniñ görnüşleri

Global meseleler global jogaplary, ýagny olaryň çözülmegi üçin giň halkara hyzmatdaşlygyny talap edýär. Öz häsiýeti boýunça global meseleler dürli – dürlidir hem-de olaryň hemmesiniň içinden adamzadyň geografik birligi, adamzadyň sag – aman galmak we parahatçylyk ideýalary eriş – argaç bolup geçýär. Ýokarda belläp geçişimiz ýaly Global meseleleri gaty köp emma olar esasan 7 sanydyr.

1. Ýaragsyzlanmak we ýer ýüzünde parahatçylygy saklamak.
2. Tebigy gurşawyñ weýran bolmazlygy ugrundaky ekologik mesele.
3. Ösýän ýurtlarda ilatyň sanynyň çalt ösmeginiň döredýän demografik meseleleri.
4. Ençeme gowşak ösen ýurtlarda millionlarça adamlara iýmit ýetmeýänligi we açlyk sebäpli döreýän azyk meseleleri.

5. Planetalaryň mineral çig mal we beýleki resurslarynyň çäkliligi sebäpli emele gelýän energetiki, çig mal resurslaryň meselesi.

6. Ozalky koloniýalaryň yza galaklygyny ýeňip geçmek meselesi.

7. Dünýä okeanynyň meselesi. Birinji nobatda onuň biologik önümleriniň azalmagy we onuň hapalanmagy bilen baglanşykly meselelerdir.

Geliň indi global meseleleriň kä birleriniň üstünde durup geçeliň.

Ekologik mesele . Bu mesele jemgiýet bilen tebigetyň özara gatnaşyklaryndaky ösüş bilen baglanşyklydyr. Ekologik mesele- jemgyýet bilen tebigatyň özara aragatnaşygyny, daş-töweregindäki gurşawy saklamak meselesidir. Adam özüniň tehniki mümkinçiliklerini şeýle hem tebigata gatnaşygyny güýçli artdyrdy. Şol bir wagtda adam tebigat bilen gatnaşykda biologik, ekalogik deňagramlylygy saklamaklygy ýatdan çykardy.

Aýratynda XX asyryň II ýarymyndan bäri daş – töweregi gurşap alýan gurşawa zor salmak has artdy. Ilat sanynyň artmagy we industializasiýalaşmagyň, şäherleşmegiň çaltlanmagy netijesinde biziň planetamyzyň hojalyk taýdan ýüki artdy. Bu bolsa ýer ýüsünde häzirki ýaşaýan adamlaryň we geljekki nesliň saglygyna howp salýar.

Ekologik mesele bütin dünýä boýunça ýiti meseledir. Ol maddy önümçiliginiň ähli pudaklarynda: oba hojalygynda, himiýa senagatynda, metallurgiýa, atom energetikasynda köp ýüze çykýar.

Daş töweregi zaýalaýan maddalaryň möçberi 40mlrd tonna golaýlaşýar. Daşky gurşawyñ zaýalanmagy adamlaryň jan saglygyna, ösümlik we haýwanat dünýäsiniň ýaşamagyna howp salýar. Häzirki wagtda dünýäde topragyň şorlanmagy, ýeriň arryklamagy giň gerime eýe boldy. Munuň esasy sebäbi adamlaryň öz hojalyk işlerinde göýberýän ýalňyşlyklarydyr.

Ýer resurslaryny gorap saklamak usullarynyň has giň ýaýrany şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1.Toprak erroziýasyna garşy göreş.

2.Ýerleriň şorlamagyna we zeýlemegine garşy göreş.

3.Oba hojalygyny kämilleşdirmekde ýerleriň himiki elementler bilen hapalanmagyna garşy göreş.

4.Tebigy ýagdaýy bozulan ýerleriň gaýtadan dikeldilmegi.

5.Çägeleri berkitmek we özgertmek.

Häzirki wagtda dünýäde çöle öwrülen ýerler 35 million kw.km. ýetdi. Efiopiýada gurakçylyk , açlyk zerarly 1 million adam heläk boldy (1968-1973ý. ). 1984 –nji ýylda Afrikanyň 34 ýurdunda, Aziýanyň, Latyn Amerikanyň 10 sany ýurdunda örän güýçli gurakçylyk boldy, bu bolsa oba hojalyk ýerleriniň iňňän giň territoriýasynyň çöllüge öwrülmegine alyp bardy.

Atmosfera – bu kislorodyň ýeketäk çeşmesidir, ol mydama arassa saklanmalydyr. Emma şäherleriň, senagatyň, ýangyç energetikasynyň, awtomobil transportynyň ösmegi howanyň ep- esli derejede hapalanmagyna getirdi.

Eger - de 1950- nji ýylda senagat kärhanalary atmosfera 70million tonna kükürt dioksidini goşan bolsa, onda 1980 – nji ýylda ol 151 million tonna boldy, 2000-nji ýylda bolsa ol 280 mln tonna ýetdi.

Awtomobiller hem howany zaýalaýarlar. Atmosferanyň ýagdaýynyň ýaramazlaşmagynyň howsalasy, adamzat jemgyýetini soňky on ýyllygyň içinde howanyň arassalygy ugrunda göreşmek barada ençeme çäreleri görmäge mejbur etdi.

Adamzat jemgyýetini maddy resurslar bilen üpjün etmekde dünýä okeanlarynyň aýratyn orny bar. Ýer üstünden (gury ýerden deňze hapa akdyrmak) we deňziň öz içindäki deňiz transporty, deňiz düýbünden nebit çykaryjy känler deňizleriň suwlaryny hapalaýarlar.

Eýýam dünýäniň birentek ýerlerinde arassa, süýji suw ýetmezçilik edýär. GFR, Gollandiýa, Daniýa ýaly döwletler agyz suwyny almak üçin Şwesiýa bilen gepleşikler alyp barýarlar.

Tebigat we tebigy resurslary goramagyň halkara soýuzynyň maglumatlaryna görä, orta hasap bilen her ýylda haýwanlaryň bir görnüşi ýok bolýar. Munuň esasy sebäbi bolsa haýwanlaryň hemişelik ýaşaýan ýerleriniň weýran bolmagydyr.

Ýabany haýwanlaryň ýok bolmagynyň we olaryň seýrek duş gelýän hem-de ýitip gitmek howpy astyndaky görnüşleriniň azalmagynyň esasy sebäpleri şu aşakdakylardan ybarat:

1.Haýwanlaryñ awlanylmagy.

2.Haýwanlaryň ýaşaýan ýeriniň özleşdirilmegi.

3.Ýerli haýwanlaryň ýaşaýan ýerlerine başga haýwanlaryň getirilip ýaýradylmagy.

4.Töwerekdäki gurşawyñ hapalanmagy.

Demografiýa meselesi hem derwaýys meseleleriñ biridir. Ýagny ýer ýüzüniň ilat sany çalt artýar. 2000- nji ýyldan başlap dünýäniň ilaty 6 mlrd boldy. BMG-nyň çaklamagy boýunça 2050-nji ýyla çenli bu san 10 mlrda çenli ýeter. Şonuň bilen birlikde möhüm meseleler hem ýüze çykýar. Olaryň esasysy «Azyk meselesidir» . Häzir dünýäde 1mlrd adamdan köprägi wagtal- wagtal açlykdan we iýmit ýetmezçiliginden heläk bolýar. Şoňa görä- de hemişe köpelýän ilaty azyk bilen üpjün etmek – iň möhüm derwaýys meseleleriň biridir. ABŞ, Kanada we gunbatar ýewropada azyk artykmaç öndürilýär. Emma ony ýeterlik satyn almaga ösýän ýurtlaryň köpüsiniň serişdeleri ýetmeýär.

Energatika we çig mal meselesi hem derwaýys meselä öwrüldi. Senagat taýdan ösen ýurtlaryň energetik we çig mal islegleri esasan hem dünýä ýurtlarynyň hasabyna kanagatlandyrylýar.

Häzirki döwürde halkara gatnaşyklarynda terrorçylyk uly global meselä öwrüldi. Bu barada dünýäniň uly guramalary iş alyp barýarlar. Mundan başgada raketalaryň uçurylmagy, aýa çykylmagy, senagat pudaklarynynyň zäherli himikatlary azon gatlagyny barha ýukaldýar. Bu bolsa dünýä adamlaryny howsala salýar. Howanyň ýyl geçdigiçe gyzmagyna azon (O3) gatlagynyň deşilmegine getirdi. Bu hem halkara global meseleleriň biri bolup durýar. Galyberse-de birnäçe keselçilikler hem adamzady zäherleýär. Olaryň esasysy SPID keselidir. Häzir bu barada we muňa garşy dünýä bileleşikleri yzygiderli işleri alyp barýarlar.

Ýadro urşunyñ öñüni almak we köpçülikleýin gyryş ýaraglaryny ulanmak meseleleri köpçülik üçin akyl ýetirerlikli mesele bolup durýar. Bu ýerde onuñ heläkçilikli häsiýeti görnip dur. Onuñ çözülmedik ýagdaýynda ýadro urşy adamzady heläkçilige getirer. Şu meseläniñ iki sany has wajyp taraplaryny belläp geçeliñ.

Birinji tarapy, ýadro ýaragy we beýleki köpçülikleýin gyryş ýaraglary bolan, himiki, biologiki we ş.m. ýaraglary ulanmaklyk añyrsyna ýetip bolmajak netijelerden ybaratdyr. Häzirki wagtda birnäç ýurtlarda örän güýçli ýadro ýaraglary saklanylýar. 1945-nji ýylyñ 6-njy awgustynda ABŞ-nyñ uçarlary tarapyndan Ýaponiýanyñ Hirosima şäherine taşlanan bomba zerarly 200 müñ adam gyryldy. Häzirki günde bolsa tarapyndan, ondan millionlarça esse güýçli ýaraglar döredildi. Ýadro ýaragynyñ netijesiniñ wajyp häsiýete eýe boljakdygy düşnikli zat.Ol klimatyñ üýtgemegine, atmosferanyñ azon gatlagynyñ deşilmegine, biosfera çalyşygynyñ bozulmagyna getirer. Akademik N. Moiseýewiñ maglumatlaryna görä ýadro urşunyñ netijeleri boýunça klimatyñ üýtgemekligi öwrenilip, adamzadyñ heläkçiliginiñ derejesi kesgitenildi. Ýadro heläkçiliginde soñ ýer şarynda köp wagtlap „ýadro gijesiniñ “ höküm sürjekdigini ylmy barlaglar habar berýär.

Ikinji tarapy, ýadro ýaragy bilen ýaraglanmaklyga örän köp çykdaýjylaryň edilmeginde, adam zähmetiniň maddy we döredijilik resurslarynyň ulanylmagynda jemlenendir. Häzirki wagtda ýer şarynda her ýylda peýdalanylýan çig malyň gymmatly görnüşiniň takmynan onunjy bölegi, peýdalanylýan nebitiň 5 %, ABŞ-nyň 1 trln. Dollaryndan gwragy harby maksatlar üçin peýdalanylýar. Bu ýagdaý bolsa adamzady garyplaşdyrýar, häzirki zamanyň birnäçe durmuş- ykdysady meseleleriniň çözülmegini saklaýar.

Häzirki günde ekologik mesele has ýiti häsiýete eýe bolup barýar. Köp alymlar we syýasatçylar adamlaryň durmuşyna täsiri býynça we wajyplygy boýunça bu meseläni birinji ýerde goýýarlar. Dogrudanam öz ýaşaýan ýeriniň tebigy gurşawyny aýawly saklamasa adamzat ýadro- ýaragy bolmasada heläk bolar. Alym D. Suzukiniň ýazmagyna görä adamzat üçin ýadro howpy bilen ykdysady howpyň ikisem deň derejede ölüm howplydyr. Olaryň aýratynlygy, ýagny ýadro urşunyň howpy- bu entek diňe howplygyna galýar, ekologok çökgünlik (krizis ) bolsa – eýýäm bar bolan hakykatlykdyr. Hakykatdan hem ekologik çökgünligiň döremeginden adamzat gaçyp gutulyp bilmedi, indi bolsa adamzadyň bu ýagdaýa örän uly üns bermegi gerekdir.

Resurslaryň peýdalanmagynyň çalt depgin bilen ýaýramagy ekologik howply önümçiligiň ýaýramagy bilen bir hatarda tebigy gurşawyň zaýalanmagy bolup geçýär. Bu zatlaryň hemmesi ähli döwletleriň ilatynyň islendik gatlagy üçin göze görnip duran zatdyr. Häzirkizaman adamzat nesliniň gözüniň alnynda tebigatyň örän erbet zaýalanmagy bolup geçdi, ol häzir hem dowam edýär. Çölleriň meýdany yzygiderli giňeýär. Ähli ýerlerde dünýä ummanynyň, birnäçe suw basseýnleriniň, planetamyzyň atmosferasynyň hapalanmagy bolup geçýär. XX asyrda howadaky kömürturşy gazy 30 % ýokarlandy. Kömürturşy gazynyň konsentratynyň ýokarlanmagy howada bugarma täsirini döredýär, ol hem öz

gezeginde klimatyñ üýtgemegine, ýeriñ suw we howa basseýnine, haýwanat hem-de ösümlik dünýäsiniñ üýtgemegine getirýär.

Häzirki wagtda howply keselleriñ öñüni almak meselesi örän jogapkärli meseledir. Tebigy gurşawy we adamlaryñ ýaşaýyş tertibiniñ üýtgemegi ýürek damar keselleriniñ , wirus, rak, SPID keselleriniñ döremegine we giñden ýaýramagyna, şeýle hem neşekeşligiñ we alkogolizmiñ giñ ýaýramagyna getirdi. Adamlaryñ durmuşynyñ mydama yzygiderli himiýalaşan iýmit, hapalanan suw we howa bilen, dermanlar bilen, adam bedenine dürli zyýanly zatlar aralaşýar. Bu diñe bir adam saglygyna erbet tasir etmän, eýsem geljekki nesliñ saglygynada täsirini ýetirýär. Soñky onýyllyklarda dünýäde keselli çagalaryñ köpelmegi ýöne ýerden däldir. Häzirki zaman keselleriniñ köpüsi umumy planetar häsiýete eýedir, olary ýeñip geçmek üçin dünýä döwletleriniñ birleşmegi zerurdyr. Dünýäniñ köp ýurtlarynda, esasanam Aziýa we Afrika kontinentinde milionlarça adamlar azyk ýetmezçiligi sebäpli heläk bolýarlar, her ýylda 30-40 mln.adam açlykdan ölýär. Ýaramaz iýmit çaganyñ saglygyna örän erbet täsir edýär, şonuñ üçin gowşak ösen ýurtlarda bir ýaşa çenli çagalaryñ ölümi, ösen ýurtlar bilen deñeşdirilende dört esse ýokarydyr.

Gowşak ösen ýyrtlaryñ durmuşyñ ähli taraplaryndaky kynçylykly ýagdaýy (lukmançylyk hyzmatlary, bilim, medeniýet, ýaşaýyş jaýy) ol döwletleriñ umumy yzagalalygyny we ösen ýurtlara garşylygyny görkeẑýär.

Ösüp barýan ýurtlaryñ ykbaly bütin ýer şarynda ýaşaýan adamlara degişlidir. Olaryñ häzirki zaman derejesinde yzagalaklygy ýeñilip geçilmese, dünýä jemgyýetçiliginiñ umumy durnukly ösüşi mümkin däldir. Ahli wajyp meseleler ösýän ýurtlar bilen berk baglanşyklydyr. Şonuñ üçin olary halkara hyzmatdaşlygy bilen çözmelidir.

Derwaýys meseleleriñ möçberi, uzak wagtlaýynlygy özara baglanşygy hat-da özara garşylygy olary çözmeklik üçin iñ bolmanda biraz gowşatmak üçin hem diñe giñ halkara hyzmataşlygynyñ gerekdigine şaýatlyk edýär. Halkara hyzmatdşlygynyñ birnäçe derejeleri bar, ýagny ikitaraplaýyn, köptaraplaýyn, sebitara we bütindünýä hyzmatdaşlygy.

Häzirki zaman derwaýys meselelerini çözmeklikdeesasy roly halkara guramalar, öñi bilen hem BMG-niñ düzümi oýnaýar. Olar dünýä bileleşiginiñ bähbitleri üçin döredilendir.

Halkara guramalarynyñ üns merkezinde dürli meseleler ýerleşýär, ýagny daşky gurşawy goramak, bu mesele bilen tebigat we tebigy resurslaryñ halkara soýuzy , „BMG-niñ daşky gurşaw boýunça maksatnamasy" (ÝUNEP) we ş.m. meşgullanýarlar. Olaryñ içinde iñ esasy işi 1972-nji ýylda döredilen ÝUNEP alyp barýar. Onuñ işiniñ esasy ugurlary: atmosferany goramak, adamlaryñ sebitleýin durmuş şertleri, ýeriñ üstündäki janly resurslar, ilatly nokatlary meýilleşdirmekligiñ ekologik taraplary, ýeriñ zaýalanmagfy we çölleşmegi bilen göreşmek, tebigy gurşawyñ ýagdaýyny mydama yzarlama býunça bütindünýä gullygyny döretmek, halkara ekologik hukugyny işläp düzmeklik, tebigaty goraýyş bilimlerini ösdürmekden ybaratdyr. ÝUNEP guramasy bu ugurlary amala aşyrmak bilen bilelikde, ekologik meselesini dünýä syýasatynyñ merkezinde goýdy. Daşky gurşawy goramaklyga bagyşlanan uly halkara forumlar geçirildi. (1972 ý.-Stokgolmda, 1973 ý.- Buharestde, 1982 ý.- Naýrobide, 1991 ý.- Londonda, 1992 ý.- Rio-de-Ẑaneýro we ş.m.)

Halkara guramalaryñ işiniñ merkezinde ykdysady ösüş, energetika, esasanam ýadro energetikasy, ylym we tehnika, azyk meseleleri dutýar. Azyk meselelerini çözmek bilen BMG-niñ azyk we oba hojalyk guramasy, rekonsrruksiýa we ösüş boýunça halkara banky we ş. M. Meşgullanýarlar. Halkara

guramalary tarapyndan esasan uruş we parahatçylyk, ýaraglanmaklygy çäklendirmek we bes etmeklik meselelerine uly üns berilýär. Olar yzygiderli ýagdaýda BMG-niñ iñ ýokary forumy bolan Baş Assambleýada, BMG-niñ esasy syýasy guramasy bolan Howpsyzlyk Sowetiniñ ýygnaklarynda ara alyp maslahatlaşýarlar.

XX asyryñ 90-njy ýyllarynyñ ortalarynda 400-e golaý halkara, döwletara hem-de takmynan müñe golaý döwlete degişli bolmadyk guramalar hereket edýärler. Olaryñ baştutanlygynda her ýylda onlarça müñ maslahatlar, duşusyklar, simpoziumlar geçirilýär.Bu zatlaryñ hemmesi häzirki zaman siwilizasiýasynyñ ösüşiniñ iñ jogapkärli meselelerini çözmeklikde halkara guramalaryñ ähmiýetiniñ örän uludygyna şaýatlyk edýär.

# EDEBIÝAT


1. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. - Aşgabat, 2007.
2. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. - Aşgabat, 2007.
3. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. - Aşgabat, 2007.
4. Berdimuhamedow Gurbanguly. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek – bagtdyr. - Aşgabat, 2007.
5. Berdimuhamedow Gurbanguly. Eserler ýygyndysy. I tom - Aşgabat, 2007.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň daşary syýasaty. Wakalaryň hronikasy. - Aşgabat, 2007.
7. Gurbanguly Berdimuhamedow. Halkyň saýlany we ynam bildireni. - Aşgabat, 2007.
8. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. - Aşgabat, 2007.
9. Berdimuhamedow Gurbanguly. Döwlet adam üçindir. – Aşgabat, 2008.
10. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. – Aşgabat, 2008.
11. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2007-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. 1-ji goýberiliş. - Aşgabat, 2008.
12. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. – Aşgabat, 2009.
13. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. – Aşgabat, 2009.
14. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanyň

dermanlyk ösümlikleri. - Aşgabat. 2009.
15. Ata arzuwyny amala aşyrýan agtyk. – Aşgabat. 2009.
16. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2008-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. – 2-nji göýberiliş, Aşgabat, 2009.
17. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Mejlisiniň IV çagyryşynyň birinji maslahatynda eden Çykyşy (2009-njy ýylyň 9-njy ýanwary). – Aşgabat, 2009.
18. Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň döwlet howpsuzlyk geňeşiniň giňeldilen mejlisinde Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 21-nji ýanwary). // Türkmenistan. 2009. 22-nji ýanwar.
19. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde Sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 15-nji fewraly). – Aşgabat, 2009.
20. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň diplomatik korpusy bilen geçiren maslahatynda Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 18-nji fewraly). // Türkmenistan. 2009. 19-njy fewral.
21. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ýaşulular maslahatynda Şözlän sözi (Türkmenabat, 2009-njy ýylyň 6-njy marty). // Türkmenistan. 2009. 9-njy mart.
22. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň EKO-nyň ýokary derejedäki 10-njy ýubileý duşuşygynda eden Çykyşy (Tähran, 2009-njy ýylyň 11-nji marty). // Adalat. 2009. 13-nji mart.
23. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň GDA ýurtlarynyň daşary işler ministrleriniň geňeşiniň mejlisindäki Çykyşy (Aşgabat, 2009-

njy ýylyň 10-njy apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 17-nji aprel.
24. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekde onuň hyzmaty“ atly ýokary derejedäki Halkara maslahatynda Sözlän sözi. (Aşgabat, 2009-njy ýylyň 23-nji apreli). // Türkmenistan. 2009. 24-nji aprel.
25. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Aral kölüni halas etmegiň halkara gaznasyna esaslandyryjy döwletleriň baştutanlarynyň sammitinde Sözlän sözi. (Almaty. 2009-njy ýylyň 28-nji apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 8-nji maý.
26. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisinde Sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 12-nji iýuny). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.
27. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Awaza“ milli syýahatçylyk zolagynda ilkinji desgalaryň açylyş dabarasynda eden çykyşy. (2009-njy ýylyň 15-nji iýuny). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.
28. Türkmenistanyñ Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyñ ykdysady strategiýasy. Halka daýanyp, halkyñ hatyrasyna. // Türkmenistan. 2010. 10-njy maý.
29. Türkmenistanyń Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyń Türkmenistanyń Ỳaşulularynyń maslahatynyń mejlisinde sözlän sözi (Daşoguz, 2010-njy ỳylyń 14-nji maỳy). // Türkmenistan. 2010. 15-nji maỳ.
30. Turkmenistanyň hemişelik bitaraplygy. Syýasy – hukuk dokumentleriniň ÿygyndysy. - Aşgabat, 2005.
31. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat, 2008.

32. Garaşsyz, Hemişelik Bitarap Türkmenistanyň Harby Doktrinasy. – Aşgabat, 2009.
33. Введение в философию. Учебник для ВУЗов. В 2-х томах. М., 1989.
34. Панарин А.С. Философия политики. М.,1996.
35. История политических и правовых учений. XIX век. М., 1995.
36. История политических и правовых учений. М., 2000.
37. Н.Макиавелли. Государь. М., 1997.
38. Дугин А. Основы геополитики. М., 1997.
39. Пугачев В.П., Соловьев А.И. Введение в политологию. М., 1999.
40. Аристотель. Политика. Афинская политика. М., 1997.
41. Мальцев В.А. Основы политологии. М., 1998.
42. Панарин А.С. Философия политики. М., 1997.
43. Халипов В. Введение в науку о власти. М., 1996.
44. Политология. Под ред. Марченко Н.Н. - М., 2000.
45. Политология. Под ред. Матузова И.Н. - М., 2002.
46. Сорокин П. Человек, общество, цивилизация. М., 1992.
47. Григорьев В.К. Курс лекций по политологии. Алма-Ата, 1997.
48. Чулаков Ю.Г. Политология. С.-Пб., 1997.
49. Алексеева Т.А. Современные политические теории.М., 2001.
50. Пугачев В.Р, Соловьев А.И. Введение в политологию. М.2002
51. Конституция общенародного государства. Под.ред. М.С. Смиртюкова и К.М. Боголюбова. М. 1978

## Mazmuny


**GIRIŞ.......................................................................7-11**

**I Bölüm. Syýasaty öwreniş özbaşdak ylmy ders hökmünde**

**§ 1. Syýasy ylmyň döremegi………………………12-14**

**§ 2. Syýasaty öwrenişiñ aýratyn ylym hökmünde kemala gelmegi……………………………………..…14-17**

**§ 3. Syýasy ylmyň gurlyşy………………………...17-20**

**§ 4. Syýasy ylmyň usullary we wezipeleri………20-23**

**II Bölüm Syýasy taglymatlaryñ ösüşiniñ taryhy**

**§ 1. Gadymy Gresiýanyñ we Rimiñ syýasy taglymatlary………..........................................................23-27**

**§ 2. Syýasat jemgyýetçilik pikirleriň taryhynda.........................................................................27-34**

**II Bölüm. Jemgyýetiň syýasy ulgamy**

**§ 1. Jemgyýetiñ syýasy ulgamy: düşünjesi we onuñ wezipesi.................................................34-36**

**§ 2. Syýasy ulgamyñ gurlyşy...................................36-38**

**§ 3. Syýasy ulgamyñ görnüşleri..............................38-41**

**III Bölüm. Döwlet syýasy ulgamyñ esasy institutydyr**

**§ 1. Döwletiñ manysy we onuñ ýerine ýetirýän işi (funksiýasy).............................41-43**

**§ 2. Döwletiñ görnüşleri (formasy)........................43-44**

**§ 3. Döwlet dolandyrylyşynyñ görnüşleri (formasy).................................................................44-47**

**§ 4. Döwletiñ gurlyşynyñ görnüşleri......................47-48**

**§ 5. Syýasy düzginler: düşünjsi we alamatlary.........................................................49-52**

**§ 6. Hukuk döwleti……………………………........52-54**

**IV Bölüm. Syýasatdaky maksatlar we serişdeler**
**§ 1. Syýasarda maksatlaryň we serişdeleriň gatnaşygy……….........................................................54-58**
**§ 2. Syýasatdaky zorluk gatnaşyklary we zorluksyzlyk…………………………………………...58-60**

**V Bölüm. Syýasy partiýalar we partiýa ulgamlary**
**§1. Partiýalaryň döreýşi. Syýasy partiýalaryň alamatlary...................................................................60-63**
**§ 2. Patiýalanyň görnůşleri we olaryň ỷerine ỷetirỷän işi...........................................................................................63-64**
**§ 3. Partiýa ulgamlarynyñ görnüşleri....................64-67**

**VI Bölüm. Demokratik syýasy ulgamlarda saýlawlar**
**§ 1. Saýlaw hukugy düşünjesi................................67-69**
**§ 2. Saýlaw ulgamynyň görnüşleri.........................69-71**
**§ 3. Saýlaw prosesiniň esasy döwürleri……...…...71-73**

**VII Bölüm. Syýasy medeniýet we syýasy aň**
**§ 1. Syýasy medeniýet düşünjesi we onuň mazmuny......................................................73-76**
**§ 2. Syýasy medeniýetiň alamatlary we görnüşleri.........................................................76-81**
**§ 3. Syýasy añ.........................................................81-83**
**§ 4. Syýasy psihologiýa........................................83-84**
**§ 5. Häzirki zaman syýasy psihologiýa..................84-86**

**VIII Bölüm. Syýasy liderlik**
**§ 1. Syýasy pikiriñ taryhynda liderlik taglymaty……………………………………....86-89**
**§ 2. Syýasy lider we syýasy liderlik…………….89-90**
**§ 3. Syýasy liderligiñ görnüşleri……………...…90-93**

**§ 4. Syýasy lideriñ häsiýeti hakyndaky taglymat………………………………………………93-94**

**IX Bölüm. Syýsay elitalar**

**§ 1. Elitalar taglymatynyñ we düşünjesiniñ döremegi……………………………………....94-97**

**X Bölüm. Syýasy proses we syýasy dolandyryş**

**§ 1. Syýasy proses we syýasy dolandyryş düşünjesi…………………………………………97-100**

**§ 2. Syýasy prosesleriň görnüşleri……………..100-102**

**§ 3. Sýyasy prosesiň ekstremal görnüşleri…….102-106**

**X I Bölüm. Syýasat we adam hukuklary**

**§ 1. Adamyň syýasaty ölçeýşi…………………..106-109**

**§ 2. Ahlak we syýasat: umumylyklary we aýratynlyklary………………………………………...110-112**

**§ 3. Adam hukuklary düşünjesi we onuñ taryhy…………………………………….112-114**

**§ 4. Şahsyýetiñ esasy hukuklary we häzirkizaman dünýäsinde olary amala aşyrmaklygyñ meseleleri…115-118**

**XII Bölüm. Syýasy añyýet (ideologiýa)**

**§ 1. Syýasy añyýet düşünjesi…………………119-120**

**§ 2. Häzirkizaman dünýädäki añyýet akymlary………………………………120-124**

**XIII Bölüm. Halkara syýasat**

**§ 1. Halkara syýasat düşünjesi.........................124-126**

**§ 2. Içeri we daşary syýasatyň özara baglanyşygynyň meseleleri…………………………………...……….126-128**

**§ 3. Syýasat ylmynda halkara gatnaşyklarynyñ öwrenilişi..............................................................128-129**

**§ 4. Halkara gatnaşyklaryna gatnaşyjy hökmünde**

**döwletiñ roly we orny........................................................129**
**§ 5. Halkara gatnaşyklaryna gatnaşyjy hökmünde döwletleñ mazmuny we roly................................................130**

**XIV Bölüm. Häzirkizamanyň wajyp ( global ) meseleleri**

**§ 1. Wajyp (global) meseleler düşünjesi..................130-133**
**§ 2. Häzirkizaman derwaýys meseleleriniñ görnüşleri..........................................................133-141**